TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## MAHMYT ZAMAHŞARY

# DIWAN

AŞGABAT «MIRAS» 2007

**UOK 820/89(100-87)**
**Z 23**

**Z** Zamahşary M
Diwan, A: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2007 – 384 s.

**REDAKTOR**
**Rahmet Gylyjow**

*Türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitapda XI-XII asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy hem şahyry, «Horezmde edebiýatyň Käbesi» diýlip atlandyrylan Mahmyt Zamahşarynyň ynsan durmuşynyň we ruhunyň köp taraplaryny açyp görkezýän şygyrlary jemlenýär.*

*Müň ýyla golaý wagt bäri ynsan ruhunyň kämilligine hyzmat eden bu pähim-paýhaslara, pelsepewi pikirlere baý ajaýyp şygyrlar häzirki günlerde hem öz şahyrana hem pelsepewi gymmaty bilen beýikdir.*

**TMMMM № 070**

**TDKP № 47** **2007** **KBK 84.35 (5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2007 ý.
Diwan, 2007 ý.
A. Atabaýew, Ş.Geldimämmedowa, S. Hydyrow, A. Saryýew, A. Saparmyradow, R. Ilmämmedow çapa taýýarlama, 2007 ý.
R.Gylyjow, R. Ilmämmedow sözsoňy, 2007 ý.

## «MAHMYT ZAMAHŞARY WE GÜNDOGARYŇ YLMY-EDEBI GALKYNYŞY» ATLY HALKARA YLMY MASLAHATA GATNAŞYJYLARA

***Hormatly alymlar!***

***Halkara maslahata gatnaşýan gadyrly myhmanlar!***

Sizi beýik türkmen alymy we şahyry Mahmyt Zamahşara bagyşlanyp geçirilýän «Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy-edebi galkynyşy» atly halkara ylmy maslahatynyň açylmagy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýaryn! Maslahatyň Mahmyt Zamahşarynyň ömrüni we döredijiligini öwrenmekde, onuň ylmy-edebi mirasynyň dünýä medeniýetiniň ösüşindäki mynasyp ornuny tassyklamakda we bütin Gündogaryň ruhy galkynyşyna eden täsirini açyp görkezmekde uly ähmiýetiniň boljakdygyna ynanýaryn. Maslahatyň işiniň şowly, alymlaryň ylmy çykyşlarynyň gyzykly we täsirli bolmagyny arzuw edýärin!

Galkynyşyň we ösüşiň röwşen ýoly bilen öňe ynamly barýan eziz Watanymyzda halkymyzyň ruhy-medeni gymmatlyk-laryny, akyldarlarymyzyň we şahyrlarymyzyň bize goýan ylmy-edebi miraslaryny düýpli öwrenmek we dünýä ýaýmak maksady bilen, halkara ylmy maslahatlary ýygy-ýygydan geçi-rilýär. Munuň özi döwletimizde halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen ruhy gymmatlyklaryny öwrenmekde halkara ylmy jemgyýetçiligi bilen hyzmatdaşlykda netijeli

işleriň alnyp barylýandygyny görkezýär. Şeýle ylmy maslahatlar indi diňe bir paýtagtymyz Aşgabatda däl, eýsem, geçmiş taryhymyzyň şanly sahypalaryny, medeni mirasymyzyň genji-hazynalaryny, ýadygärliklerini öz goýnunda saklaýan ýurdumyzyň beýleki ýerlerinde hem geçirilýär. Türkmenistanyň welaýatlarynyň merkezi şäherleri halkara derejesindäki çäreleri geçirmäge, daşary ýurtly myhmanlary ýokary derejede garşylamaga hemişe taýýardyr. Şu halkara maslahatyna gatnaşmaga dünýäniň 23 ýurdundan gelen daşary ýurtly alymlaryň abraýly toparyna akyldar Zamahşarynyň dogduk mekany gadymy Yzmykşir galasyndaky aramgähine zyýarat edip, onuň täzeden dikeldilen gümmeziniň açylyşyna gatnaşmak, ady äleme belli şan-şöhratly Köneürgenç şäheriniň ýadygärliklerine syýahat etmek mümkinçiligi döredildi. Siziň ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda keramat saýyp gelen mukaddes ýerlerine, beýik pir Zamahşarynyň gümmezine zyýaratlaryňyz kabul bolsun.

**Hormatly myhmanlar!**

Türkmen halkynyň ençeme alymlary, şahyrlary uzak asyrlaryň dowamynda öz köptaraply ylmy we ajaýyp çeper eserleri bilen türkmeniň adyny şöhratlandyrdy. Olar ylmy we çeper döredijiligi bilen dünýä medeniýetiniň ösüşine önjeýli goşant goşdy. Ýöne, gynansak-da, soňky ýüzýyllyklarda olaryň atlary mirasdarlarynyň hakydasyndan çykarylmaga çalşyldy. Mukaddes Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soň, türkmen halkymyz dünýäniň medeni-ruhy ösüşlerine ummasyz goşantlary goşan, ylymda, edebiýatda we beýleki ugurlarda mekdepleri we ýol-ýörelgeleri döreden dana akyldarlarynyň, paýhasly söz ussatlarymyzyň ençemesine eýe çykdy. Bu günki gün olaryň umumyadamzat bähbitli ylmy-medeni miraslary Garaşsyz Watanymyzyň ruhy durmuşynyň binýadyna öwrüldi, olaryň atlary ebedileşdirildi. Şolaryň biri hem, mundan müň

ýyla golaý wagt öň, seljuk türkmenleriniň zamanasynda ýaşan Mahmyt Zamahşarydyr. Ol türkmen topragynda doglup, ylym öwrenmek üçin dünýäniň köp ýerlerinde mekan tutsa-da, ýene öz Watanyna dolanyp, şu mukaddes toprakda baky aram tapan türkmeniň beýik ogludyr. Orta asyrlaryň Köneürgenç, Buhara, Merw, Bagdat, Yspyhan, Mekge ýaly şäherlerinde türkmen ylmynyň yzlaryny goýan alymlaryň ussadydyr, ençeme şägirtleri ýetişdiren ussat mugallymdyr. Musulmanlaryň keramatly Gurhan kitabyna düşündiriş ýazan meşhur tefsirçidir. Dil, edebiýat, pelsepe ylymlarynda beýik derejä ýeten görnükli söz ussadydyr, ynsan ahlagynyň gözelligini wasp eden şirin dilli suhangöý şahyrdyr.

**Eziz ildeşler!**

Öz döwründe watandaşlarynyň buýsanjy bolup ýaşan, döwürdeş alym-şahyrlaryň arasynda «Horezmiň guwanjy», Allama — Beýik alym, Jarulla — Allanyň goňşusy, Arap we arap däl milletleriň mugallymy ýaly belent mertebelere eýe bolan Zamahşary häzir hem külli türkmeniň, akyl-paýhasa gadyr goýýan bütin adamzadyň buýsanjydyr, guwanjydyr. Munuň şeýledigine dünýäniň alymlary tarapyndan Zamahşarynyň hemişe öwrenilip gelnendigi, öwrenilýändigi hem şaýatlyk edýär. Biz Zamahşarynyň watandaşlary we onuň goýup giden ylmy mirasynyň hakyky mirasdüşerleri hökmünde alymyň mertebesini has-da belentde tutmaga borçludyrys. Şuňa görä, alymyň dünýäniň ençeme döwletleriniň kitaphanalarynda saklanýan golýazma mirasy ata Watanymyz Türkmenistana getirildi, birnäçe eseri terjime edilip, halkymyza ýetirildi. Şu günki we geljekki nesillerimiziň hakydasynda akyldaryň şöhratyny ebedileşdirmek maksady bilen, onuň kanoniki portreti döredildi, heýkeli gözel paýtagtymyzyň ajaýyp seýilgähleriniň birini bezedi. Alymyň Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynda ýerleşýän aramgähine gümmez dikeldildi. Şu geçirilýän halka-

ra ylmy maslahat hem akyldar Mahmyt Zamahşara nesilleri tarapyndan goýulýan çuňňur hormat-sarpanyň nyşanydyr.

Biziň türkmen ylmyny has-da ösdürmek we kämilleşdirmek, ony dünýä derejesine çykarmak, halkara ylmy merkezleri bilen netijeli hyzmatdaşlyk etmek işlerine aýratyn üns berýän häzirki döwrümizde geçirilýän şu halkara ylmy maslahatynyň çuňňur manysy bar. Maslahatyň Zamahşarynyň ylmy dünýäsiniň mysalynda türkmen alymlarynyň dünýä ylmynyň ösüşinde hemişe öňdäki orny eýeländigini şu günki nesillerimize we halkara ylmy jemgyýetçiligine ýetirmekde uly ähmiýetiniň boljakdygyna ynanýaryn. Biz mundan beýläk hem Mahmyt Zamahşary ýaly ylymly-bilimli ata-babalarymyzyň döreden we dünýä ylmynyň ösüşine itergi-goşant bolan ylmy mekdeplerimiziň däplerini dowam etdireris, türkmen ylmyny dünýä çykararys.

**Hormatly alymlar!**

Sizi ýene bir gezek gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda geçirilýän, sözüň doly manysynda alymlaryň hakyky baýramy bolan şu halkara ylmy maslahatynyň başlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn! Siziň ylmy maslahatyňyzyň türkmeniň beýik akyldary Mahmyt Zamahşarynyň sarpasyny we mertebesini has-da belende göterjekdigine, türkmen ylmynyň derejesini ýene bir gez ýokary galdyrjakdygyna ynanýaryn. Halkara ylmy maslahatynyň işine üstünlik arzuw edýärin.

**Ruhuňyz belent bolsun!**

**Türkmenistanyň Prezidenti**



**Gurbanguly Berdimuhammedow**

# REHIMDAR WE MÄHRIBAN TAŇRYNYŇ ADY BILEN![1]

Allatagala mätäç bende Mahmyt ibn Omar Zamahşary (goý, Beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) şeýle aýdýar:

Ahyrýet saparynyň ýolagçylary bolan bizi dogry ýola gönükdiriji Allatagala taryp, pygamberleriň soňkusy Muhammet alaýhyssalama alkyş-salawat bolsun! Taňrynyň zikrin etmeklik şükranalygyň iň beýik mertebesidir. Onuň resuly Muhammede salawat aýtmaklyk namazhonlaryň nusgalygydyr. Çünki musulman bendä Taňra taryp, Pygambere alkyş aýtmak ýaly maksada ýetişdiriji taýsyz serişde ýokdur. Men diňe mätäç bolunýan Baýdan rysgaly soraýaryn. Öňünde ýalynjaňlyk edilýän has haýbatly Güýçden nadanlyk perdesiniň astyndan özümi çykarmagy üçin ýalbarýaryn. Imanyma yzyna dönmejek toba eşigini geýdirmegi we sagdyn göwräni hem päk ruhy bersin diýip diňe Oňa sygynýaryn. Goý, ölüme wekil perişde janymy alandan soň ruhum ýagşy ruhlaryň toparyna düşsün! Taňra sansyz şükürler aýtsam-da, men bende Onuň mynasyp waspyny ýetirmekden ejiz gelýärin. Şükranalygymyň uly alamaty hökmünde Mekgede Allanyň öýüne goňşy bolup ýaşamagy maksat edindim. Çünki beýle iş meniň göwnüme hoş geldi.

Eý, iki keramatly ýeriň we iki şöhratyň eýesi![1] Eý, şalyk we welilik gözýetiminiň nury! Eý, pygamberlik neberesiniň asylly

[1] Arap dilinden terjime eden Atamyrat Saryýew

zürýady![2] Eý, Ylym deňziniň bol suwy we tanymallyk jülgesiniň ter bägüli! Eý, gündogar asmanynyň pygamberlik hormatynyň altyn täji! Eý, görkana keşpleriň nurana ýüzi! Eý, Mekgede gadam uranlaryň iň ýagşysy! Eý, şöhratly ady sahypalarda galam bilen bitilýänleriň has abraýlysy! Ine, meniň Taňra şükranalygym şeýledir: Taňra şükür etmegim göýä ýagynly buludyň teşnelikden şikaýat eden bossana dynman guýýan jan beriji ýagmyry ýalydyr. Bu sebäpden oňa senaly dilim çar tarapa hoşboý yslary ýaýradýar. Al-ýaşyl geýinen bossana ýagmyrly bulut gözýaşyny dökende, gündogar ähli gündogar ýyldyzyna ýylgyryp bakýar. Saba şemaly bossana mylaýym demini uranda, onuň ajaýyp otlary beýiklikde hasyl bolýar ýa-da Taňra yhlas bilen ýalbaryjynyň şükranalygy ýalydyr. Onuň ýaşy gözüniň hanasyndan çykyp, ýaňagynyň beýik ýerine tarap syrygýar.

Men mähelleler gurşap alýan bu şäherde ýaşaýaryn we pany ömürde berlen nygmatlar üçin aglaýaryn we ony rehmet nury bilen gurşap alsyn diýip yşkly ýüregim bilen Taňra ýalbarýaryn. Çünki Taňry müşgil işi asan etmegi özüniň Pygamberine wada berdi. Munuň üçin ol ähli zady taýyn etdi. Elbetde, Taňrynyň wadasy hakdyr. Taňry özüne yhlasly ýalbarmagyň yzyndan asmandan teşne ýere bol-elin ýagmyr inderjekdigini we kämillik käsesinden rysgal paýyny berjekdigini Mukaddes kitapda Pygamberine aýdýar.[3]

---

[1] Bu ýerde Zamahşary Pygamber alaýhyssalama ýüzlenýär. Ol «Iki keramatly ýeriň eýesi» diýmek bilen Mekgedäki Käbe metjidini we Medinedäki Pygamber alaýhyssalamyň metjidini, şeýle hem «Iki şöhratyň eýesi» diýmek bilen Pygamber alaýhyssalamyň ata-babalarynyň yslamdan öňki döwürdäki şöhratyny we Pygamber alaýhyssalamyň yslam döwründäki şöhratyny göz öňünde tutýar.

[2] Bu ýerde Zamahşary Pygamber alaýhyssalamyň şejeresinden Pygamberleriň ençemesiniň çykandygyny göz öňünde tutýar.

[3] Gurhanyň 72-nji «Jyn» süresiniň 16-njy aýatynyň mazmunyna salgylanýar.

* * *

Tarypyň tutdy ýer-gögi,  hyýalyma ganat-persiň[1],
Iki jahanyň serweri,  sen Asmana barabarsyň.

Kabul bolup tobalarym,  bolsadym Seniň gurbanyň,
Käbä uýan babalarmyň,  aýak tozuna gurbanam.

Ýalan dünýäň ýüzi solup, zulmata çümen mahaly,
Olar ýerde ýyldyz bolup, ýagtyltdy älem-jahany.

Ýollaryna baş egdiň sen,  bagt tapar nazar saldygyň,
Has parlak bolup dogduň sen,  eý, meniň  ýagty  Ýyldyzym!

Güýjüm ýetse sanardym Seň,  tarypyňy işbu günde,
Ynsanlaryň jomardy Sen,  edep sende, haýa sende.

Belki günüň çykyşy deý,  nurly bakyşyň görerin,
Suwuň ýerden akyşy deý,  ýaşlaň akyşyn görerin.

Beýik Sen, çyndan aşykdyr  bilbiller hem güller saňa,
Diwanadyr hak aşyklar,  muşdakdyr köňüller saňa.

Tapdylar köňül şadyny,  hem güwälik berdiler tiz,
Gördüler islän zadyny, Saňa ynandylar, Eziz!

---

[1] Çeper terjime eden Şähribossan Geldimämmedowa.

Sen baryp ýeterden çuň-a,  eý, meniň çeşme,  bulagym,
Meň salawatymdan ýaňa,  kamata geler gulagyň.

Alkyş aýdýan, düşýän oda, Hak ýanynda beýik şanyň,
Ynan tilim başga zada,  öwrülmeýär Mähribanym!

* * *

Goja dagyň tez maraly,  gözlerim tozuňda seniň,
Saňa serlen gara eller,  awçylar yzyňda seniň.

Gorasyn ajap şekliňi,  men başga nazar salmaýan,
Görküň çaşyrdy aklymy,  ýer-gögüň parhyn bilmeýän.

Seretseň düşmersiň tapdan,  ýürekleri eretdi kän,
Taňrym sizi ne sebäpden,  jepa üçin ýaratdykan?!

Degme diýdim, el berdim men,  ýüzüme bakyp gülen  ýok,
Awçylara ýalbardym men,  sözümi alga alan ýok.

Bolar her bir zadyň çeni,  durun öwrülip gurşuna,
Ähde wepa ýok ekeni,  wadalar ýalan durşuna.

Yhlasym gözledim külden,  türklere ýumdum gözümi,
Wah, olaryň dillerinden,  tapmarsyň «wepa» sözüni.

* * *

Diýip, guýa «hal niçik bor», gowasyn sallan teşne men,
Seretsem bir damja suw bar, bir habar alyň teşneden.

Eýäm bize nazar salsa, şol köňlümiň armanydyr,
Dert ýamany nebis bolsa, nazarym oň dermanydyr.

* * *

Meý ömrüňi iýer gädip,  dermanyn kim aýdyp biler?!
Meý dert bolsa ony nädip,  meý bilen bejerip bolar?!

Näm üçinkä bilmeýän,  utanýarka nämeden?!
Köpe barmakdan çekinýär,  ýüzi menekli adam.

* * *

Adamlar durlap nepesi, «Bu kişi ejiz» diýdiler,
Ýykyldy ondan köpüsi,  soň oňa ejiz diýdiler.

* * *

Şamu-säher geler häli,  sen hiç sypmarsyň deminden,
Ýaşlyk edil şemal ýaly,  şuw-şuwlap geçer deňiňden.

* * *

Gülüň ýapragynda otyr  säheriň çygy buldurap,
Gül dadyny kime ýetir,  utanjyna dur galdyrap.

* * *

Sowalym bar bilermisiň, haýyrdan tutsam serişdäm,
Sen sagymdan gelermisiň? Buşluk berermiň perişdäm.[1]

[1] Kyýamatda her bir adamyň eden haýyr işleriniň amal depderi sag tarapyndan berilýär. Amal depderi sag egninden berlen kişi behişde düşýär.

* * *

Beýikleriň ozaldanam,  erkine haýran galýaryn,
Görmek kyn däl şerepini gözelligiň,  hem şalaryň.

Çyn beýiklik hany janym,  bu öwgüler boş namamy?
Öwýänlerem, öwülýänem,  köpelipdirmi, nämemi?!

Sahylyk, mertebe hakda,  ýazsam bir giden nama bor,
Ýogsa aýt orta çyk-da,  munda geňläre näme bar?

Seni öwüp serden geçdim,  tapmadym başga taryp men,
Waspyň ýazanymy eşdip,  içi garaldy göripleň.

Olar küpüri kär edip,  asla etmedi puşmany,
Hak takdyryn inkär edip,  lowlap ot aldy duşmanyň.

Ahyr bilmänsoň näderni,  gitdiler başga bir taýa,
It üýrmesi kär edermi,  asmandaky dolan aýa.

* * *

Allaň mülki giden döwre, bendesine bergenidir,
Ynsan diýeniň boş göwre, ýer-düşek, gök-ýorganydyr.

Dileg et, gelse eliňden, şükür bilen bagta ýet sen,
Näme ger bendäň elinden, Alla saňa ýardam etsin!

Yzly-yzyna şalar ötdi, ötdi wysala ýetmeden,
Olar lezzet alyp gitdi, abady bibat etmeden.

Barmaklar deň däl eliňde, ýerbe-ýer, uzyn-gysgasy,
Mertebä gezek gelende, deň däldir şalaň hemmesi.

Barmy özgelerde aryň wadasy puç, müň bir sözli,
Seni gözüňden tanaryn seret maňa ikiýüzli.

Ýok ýalanyň çaky-çeni, ýalňyz galdyň çatyrykda,
Meniň bakyşlarym seni, gam laýyna batyrypdyr.

Hiledir akyl gylyjyn, al ele, baýdak deý göter,
Bu işlere ne gylyjyň, ne-de naýzaň güýji ýeter.

Emir dünýäni tutsa-da, deňize düşen saldyr ol,
Şöhraty göge ýetse-de, asla ulumsy däldir ol.

Bendi edip goýar kileň, birje gezek seredende,
Ol ajap görnüşi bilen, köňüllerde ýer edendir.

Güýz gelipdir, tapyp bir tär, ol köňülleň şady janym,
Düýeleriň keýpin götär, hiňlenmesi padymanyň.

Taňrym şaha nazar salyp,  bagtyna rowan berewer!
Gitsin işi rowaç alyp,  sen oňa dowam berewer!

* * *

Minnet etmek günämi nä  onçasyny bilemok men,
Bendesine sag bolsuny,  aýtmak üçin gelemok men.

Maňa sowal berýär ýürek  ýazýaňmy nä höwesine?!
Ýazan kasydama derek,  peşgeş alýan öwezine.

Düşmersiň gujurdan-tapdan,  agsanyň görülmez seniň,
Diledim men şu sebäpden,  döwletiň yrylmaz seniň.

* * *

Telwas eder saňa sary,  bagtyýardyr küýsän seni,
Horezm – gözümiň nury,  ýüregim küýseýär seni.

Çygly topragyň öperin,  datlydyr suwlaryň örän,
Gaýtdym men uzak sapara,  şol öňki adata görä.

Suw alys ýoldan süýrenip,  akyp gelýär, ýok hiç ses-üýn,
Ol ýene ýere direnip,  deňize guýýar näm üçin?

* * *

Gardaş ata bolmak bilseň – perzendi çoýmak mähriňe,
Sen hakyky ata bolsaň, wepaly bolgun ähdiňe.

Sabyr bilen garaş daňa, durmuş gider öz akymna,
Meniň üçin ynan saňa, öwüt bermek has ýakymly.

Umyt edýän säher-irden, hem garaşýan meňzim solgun,
Eliň göter Biribardan, maňa  jennet dile oglum.

Bir gün ömür ýetip pellä, gyzgyn ot gowursa teni,
Salamat saklasyn Allam, dowzahyň howrundan meni.

Baky zowky-sapa bilseň, jennet ähline kadadyr,
Meň hyýalbent göwnüm bolsa, ol Ferdöwsi – agladadyr.

Umydym paşmasa ne kyn, gynanyp, oda urlaryn,
Hüýr gyzlar tagtyna ýakyn, diksin ýaşyl çadyrlaryn.

Şonda didaryňa uçrap, bilsem ezelde söý meni,
Bu sapaly mekan içre, Taňrym ebedi goý meni!

Tanaýyn daş-degresini,  bilmäýin men öz kimligim,
Görkez ýoluň dogrusyny,  ýogsa çümerin tümlüge.

Dünýä umyt bagladym kän,  indi ruhum owum-döwüm,
Günäm üçin agladym kän,  hasratym şatlyga öwür.

Çyn ýürekden söýdür maňa,  säherini – sabasyny,
Çykarmaýyn, geýdir maňa  takwalaryň lybasyny.

Meni razy eder ykbal,  diýmen hiç: «Gyşa galaryn»,
Sen güman etmegin, hökman  kabul bolar dogalarym.

Şalaryň dana sözüne  gulak goýsagam ýene-de,
Eý, Taňrym, seniň sözüňe  taý geljek söz ýok dünýede.

Şärik goşmarys, söýeris  zikiriň köňül joşudyr,
Başa ne gelse diýeris: «Bu bir Allanyň işidir».

Suw ses eder, dolar jamlar,  gülgüne şapak batmaz hiç,
Köşeşýänçä däli gomlar  suwuň perýady ýatmaz hiç.

* * *

Ýyldyzlar görk berýär göge,  bizden olar has daşdadyr,
Meniň ýaly göräýmäge,  ýöne şöhlesi başgadyr.

Ony gizläni bir çakdy  buludyň göwni joş boldy,
Ýene-de ýyldyrym çakdy  asmanyň syry paş boldy.

Görüň-dä, sadalyk derdi  ömrüni köýdürdi haýp!
Käkilik salamat bordy,  duzaga düşmezdi keýik.

Juda zaryndy bakyşy,  ykbalyň ýazan emrine,
Arman çekýär goja kişi,  duzaga düşen ömrüne.

***

Ýyllar geçdi ömri gädip,  şemal bat berýär sesine,
Kalbym tutaşdyrlyk edip,  ýag guýupdyr peltesine.

Ýapraklar aglaýarsyňyz,  «köşeş sen» diýmäge derek,
Näm üçin gözýaş dökýäňiz,  menden size näme gerek?!

Müşküň ysyny getirýär,  gujuryň gurşap kalbymy,
Säher keýpiňi göterýär,  şemal joşdurýar kalbymy.

Sap pikirler gelýär küýe  däl bu bagtyň soňlanmasy,
Bezeg berýär goňşy öýe  ýaş gyzlaryň hiňlenmesi.

Ynan, oda düşýän, diňe Watan küýseýär bu ýürek,
Diýýän, köşeş, beýdip saňa  çapalanmak nämä gerek.

Soň giňlik geldi serime  öwrenişdim, däl dünýe dar,
Indi küýsemäň ýerine,  köşeşmek berdi Biribar.

Ahyr idän, soran boldy,  imrindim ýaz-u-gyşyna,
Şeýdip maňa ýaran boldy,  mekdebe ýagşy kişiler.

Meni çagyrdylar ençe,  juda bat bermän sesime
Söhbet etdim bilişimçe  bardym olaň mejlisine.

Oturdym men habar gatman,  diýdim: ýeter köpi, azy,
Yrsgym üçin oýa batman,  ekleýjiniň eklär özi.

Bir-birege gezek bermän,  säher gapyňdan ädenden,
Şeýtanlary kowmaň ýerne,  öwünip başlar adamlar.

Azaşmaýyn dogra uýan  hemmä özüni söýdürer,
«Goýuň şu hiläni» diýsem «Ýok, bu ýazgytdyr» diýdiler.

Nämäň bar, sorady bary  heý-de öňe tutar ýaly
Buýsanjym bar namys-ary  goramaga ýeter ýaly.

Jedele girdi-de kileň,  sonsuz dawa tutdy olar,
Märekede oýun bilen  çyn gatyşsa niçik bolar?

Eýäm bir nazar saldymy,  ýeter, soň nury kesilmez,
Uçgun meniň sus kalbymy  oýarypdyr ukusyndan.

Yslam has beýgelder seni,  ony söýen aýňalyp dur,
Şükür, diniň degirmeni  gije-gündiz aýlanyp dur.

Bagt tapdy Jebraýyl bilen Haka sary ýol ýörenler
Azaşdylar saýyl bolan  iblise köňül berenler.

Töhmetden ýazdylar nama, hem-de gybatlar kän boldy,
Agyz urdular Gurhana, dişleri gara gan boldy.

Adamlar hiç el bermedi, bar beterden has beteri,
Aýlanyp çykdym, görmedim Gündogary, Günbatary.

Habar bersem ençe haldan meň sözüme erärdiler,
Belki, olar dogry ýoldan assa ýuwaş ýörärdiler.

Kasam edýän, boldy bir çen hak didaryna maýylam,
Kasam edýän Käbeden hem menzilinden Jebraýylyň.

Bilýän dogjagyn aýymyň ýogsa, kasam edebilmen,
Kasam edýän Ybraýymyň  gaýa basan gadamyndan.

Mekgäniň belent-pesinde kasam edýän daşlaryndan,
Ol Mugamat jülgesinde dökülen gözýaşlaryndan.

Hajylaryň umyt edip ýetebilmän gözi gidýän
Baryp Gara daşy ellän ellerimden kasam edýän.

Käte-de begenýär adam, ykbal bagt eçilmese-de,
Ynanyň utanç-haýadan, gözlerim açylmasa-da.

Hiç kim bilmez ýadanlygym, olaryň bolşuna bakman,
Aňlaryndan nadanlygy, hiläni kowaryn hökman.

Tümlükden çykarmak gaýgym, entek ol biraz daşdadyr,
Söze sygmaz meniň söýgim – dine yhlasym başgadyr.

Bir Hakdyr çagyrdym ilki «Käbede dik» diýip görkezen,
Allaň goňşusy men çünki, Mekgedir meniň merkezim.

Maňa bagt bu ýere gelmek, dostlarym köňül hoşudyr,
Allanyň goňşusy bolmak, maksadymyň çür başydyr.

Çür başydyr höwesimiň, munda galsam hiç ökünmen,
Bu öýüň hoşboý ysyny almak nähili ýakymly.

Duşan deý dermansyz derde, iki arada elendim,
Çadyrym dikip bu ýerde, men ýene Mekgä dolandym.

Arada ylgaýan, görseň iki çadyr otyr epeý,
Iki çagasynyň hersin, bir ýerde goýan Ene deý.

Durmuşyň akymna görä, hatar gurap, döküp derin,
Kerwen gelýär Ummül-Kura, bu meniň duşuşyk ýerim.

Başga mähraba söýenip, rukug[1] eden bolsa eger,
Düşün Allanyň öýüniň Käbesi mährapdyr meger.

Gijäň soňy tapyp çemin ýadaw göwräni okladym,
Şol gapynyň multezemin[2], mähir bilen gujakladym.

Soradym men Taňrym diýip örtdüm solgun ýüzlerimi,
Sütünine başym goýup, sürtdüm gara gözlerimi.

Aýt şalara geň şu ahwal, geliň siz şu nebsi oýnaň,
Eger bolaýsaňyz ahmal, onuň özi sizi oýnar.

---

[1] Rukug- namazdaky eglim.
[2] Multezem – Käbäniň gapysynyň kükregiňi ýaplap, gujaklanylýan ýeri şeýle atlandyrylýar.

* * *

Maňa gulak as dessine, sözüm bar saňa diýesi,
Eý Allanyň öz üstüne agyr ýük ýüklän bendesi.

Rejep aýy geldi ine, bu mertebäň üçin bil sen,
Haýyr-yhsan etmek ýene wajyp boldy saňa bilseň.

Bu aýda pes tutup päli, ejizlere nazar salgyn,
Edil aýyň özi ýaly, dury hem asuda bolgun.

Gaýratyň ejiz gelse-de, yhlas et hiç zada bakman,
Halka asmanda bolsa-da, sen oňa ýetersiň hökman.

Mülk seni ýeňişe ýetir, ýogsa tütedip körügin,
Seni ýykmakdyr niýeti, eli guramyş göribiň.

Bendäň hakyn goýgun munda, bolmasa düşersiň tapdan,
Eden haýryň şu ornunda köp durmagyňa sebäpdir.

Ýagşy işleriňe çoýun, görseň eliň gus-gurydyr,
Hormatlamak Rejep aýyn, araplaryň dessurydyr.

* * *

Eý, Selimi, edip gowur  başga hili sygry söýýän,
Saçyň tarypy ýok, sygyr  heý gowy bolarmy diýýäň.

Nurun ýere seçip duran,  zeminiň görki gün dälmi?
Diýýäň: «Gülsüz niçik bolar,  baharyň görki gül dälmi?»

Menem oňa diýýän: «Janym,  görseň mähelle bimardyr».
Bozuklygy zamananyň  saça berilen timardyr.

Ilişdim günleň sepine,  wasp etdim men bolsada giç,
Onsoň saçyň tarypyna,  orun nesip etmedi hiç.

Meniň üçin däl asla geň,  taryp etmek ajap bir kär,
Diýýäň: «Şygyrlaryňda seň,  zamanadan nalamak bar».

Doldurmaz giden boşlugy  näşükür bolan asydyr,
Ýöne zamanaň keçligi, dostlarymyň jepasydyr.

Sowal berýän zeýrenip men sebäpsiz agarman meger,
Geňmi näme aýralykdan,  saçym agaraýsa eger.

Saçymda gara az görýän, geýmim tüýdülen görnetin,
Meni näm üçin ýazgarýaň  bu Allaň işi ahbetin.

Setirlerim dura-bara,  kalbyň ýazan dessanydyr,
Meň gazalym ekdi gara keýgiň gezýän bossanydyr.

Otlap ýör öz şowky bilen  haýran edip her göreni,
Gözleriniň oky bilen  awçy urýar şol jereni.

Bu nygmata kän şükürim,  garaňky düşse üşemän,
Onda durlanýar pikirim  gijeler meniň düşelgäm.

Gitdi oduma çoýunyp dilewar hem gözden gaýyp,
Görsene pikir ýaýymyň  oklary neneň ajaýyp.

Müň bir halatym bar meniň,  sena Haka arzym ýetir,
Onsuz giň dünýäm dar meniň,  namaz kalbym goja  getir.

Taňrym dogam kabul kylsaň sowgat et islän zadymy,
Hüýr gyzlar hoşamaý bolsun,  gyýçak gözleri jadyly.

Käte-de gyzlar bir giden,  görünse-de gara ýaly,
Ýylgyrsa göterler gider köne dünýäň gara şaly.

Diýýän – sorap geçen günden: «Ýene şol günler gelermi?
Ýagşy ýatlamaly günler  heý sizi undup bolarmy?»

* * *

Seret, saky, jyda düşmüş ellerinden günä ede,
Nebsim bilen aýrylyşdym,  hoşlaşasym gelmese-de.

Nesihat bereýin alsaň,  şu işiňi goýman ertä,
Juda howlugýanam bolsaň,  ýüzüň öwürme günorta.

Çäresizlik, gelýän, gidýän,  meniň halyma düşýänsiň,
Ilki söýüp sowgat edýäň,  soňam hesrete düşýärsiň.

Wah, kösendim jana döze,  uýup şol köne endigme
Ahmyr edýän ýalan söze  gapyrgamy egendigme.

Diýdim bu mertebe bolar,  kän urundym şoňa görä,
Bela-beter çykdaýjylar  ýüregi sarsdyrdy örän.

Maksatlarym görülip deň,  günler maňa nep bermedi,
Meýillerim puç boupdyr arzuwym başa barmady.

Diňe öz-özüm goldaýan,  görsene rehimsiz adam,
Otyr ana loňkullaýan  garaşan ýaly şahada.

Diýip daş bol bu adamdan,  ýürek döşümden asylýa,
Ýöne akylly adamlar,  unudylmaýar asyl-ha.

Ýadaman kerem-höwürden, dosta-ýara ezizsiň sen,
Eý, Ibni Isa, gadyrdan,  ýürekdeşsiň, ýalňyzsyň sen.

Takdyr dartyp saldy saýa,  bu ýerlere gelip düşdüm,
Göz sürtdüm Örtülen Öýe,  hem zemzem suwuny içdim.

Ilki ýylgyrmady ykbal,  umytly garaşdym daňa,
Indi Mekgäniň ili däl,  hemme adamlar dost maňa.

Geýen eşigme bakmazdan,  habar beriň gara-akdan,
Meň kalbymda süýji sözden,  söýgüden gaýry zat ýokdur.

Sizi söýýän, daşa gitmäň,  ýumurmaň köňül şadymy,
Bir haýyşym, gizlin tutmaň Käbede meniň adymy.

Çeşme bulaga goşular,  ýogsa onuň güni kyndyr,
Çünki akylly kişiler  birek-birege ýakyndyr.

Bu görnüşe ünsüm sowup,  ýöne otyryn men şu hal,
Gyş, howa–da juda sowuk, daşarda şuwlaýar şemal.

* * *

Diýdi: Gam geçmezmi mundan? diýdim: Köşeş goýberme köst,
Mysapyrlyk geçse menden  şonda sendenem geçer dost.

* * *

Şerip goşuna gelip düýn, diýdi  perdesin atynýar,
Utan goşundan näm üçin,  utulan goşun utanýar?

Ýazdym men goýup dowdowy  gan ýaşa boýap gözlerim,
Seň üçin haýsysy gowy,  kätipmi ýa-da sözlerim?

Güller şahadan tänipdir kalbyma goýup dag indi,
Başga bilbiller gonupdyr,  öňki bilbiller ýok indi.

Nämüçinkä diýdim telim,  sebäbini bilemok teý,
Göwrämde dur iki elim  nyşana çümen oklar deý.

Bir gün ýaranamda maňa,  ejem diýdi ýüzi solgun,
Irinmek ýaraşmaz saňa,  ýaranmak gowy däl oglum.

Sypman şol nebsiň gowundan,  aldanyp ýene derdinme,
Heý-de salgymyň suwundan,  ganan teşnäni gördüňmi.

Meň wepam bardyr ähdime,  eziz maňa çölem-dagam,
Mekge hem onuň ähline dag ýollaryna muşdagam.

Dilemek wajyp ekeni, dost üçin dileýän özüm,
Eý, Taňrym, Abulhasany  penaňda saklawer Özüň.

Gatnaşyk kesilmez munda  ol barmasa dünýe dardyr,
Diňleseň Sen hakda mende  ne ajap ýatlama bardyr.

Arafatda[1] ajap günde,  asman näme agladykan,
Allanyň goňşusy şonda gözýaş etdi, aglady kän.

---

[1] Arafat – Mekgeden 30-40 km. uzaklykda ýerleşýän ýer, ýagny hajylaryň guran aýynyň 10-na çykýan ýeri,

Billeri bükük galmaýa,  gara gözlere kirpik men,
Ýerine baryp bilmeýä öl-myžžyk bolan kirpikler.

Mina[1] barýar millet häli,  hoş lezzet gelýär iniňe,
Daşlar ýagýar çagba ýaly,  şeýtanyň gara hinine.

Zemzem suwun içip janym  hoşboý ys urdy burnuma,
Daşladym, kowdum şeýtany,  indi köşeşdim birneme.

Horezmi[2] aýňalyp bilmän,  ogşady-da Gara daşy,
Diýdi: «Günämi geç, Allam»,  akdy gözleriniň ýaşy.

---

[1] Mina – Mekgäniň golaýynda ýerleşen ýer ady. Hajylar bu ýerde şeýtanyň hinine daş atýarlar.

[2] Bu ýerde Zamahşarynyň özi göz öňünde tutulýar.

* * *

Edil şo wagt, edil şo hal,  berýär dürli pitiwany,
Sebäp kazylyk ýeke däl Horezmde, iki sany.

Kazynyň özi Biribar,  hüküm çykar, hiçdir galan,
Eýse näme geregi bar dürli-dürli pitiwanyň.

Kazy bolmaz niýet eden,  ol miras gelýär ahbetin
Ýöne, şol ogul atadan  has takwa bolsun görnetin.

Allaň pitiwasy aýry, Lowhada[1] saklanýar bilseň,
Ýalňyz perişdeden gaýry,  ony hiç kim elläp bilmez.

Deňlese-de iki ýany  bar her zadyň ugry, taby
Köçeler kazylar ýaly  ikiýüzli däl sebäbi.

Ol perişde gysar dişin,  pitiwa üýtgese şo hal,
Şaýylyk bilen nä işim,  meň mezhebim şapygy däl.

[1] Lowha – lowhul – mahfuz, Asmandaky ýazgytlar kitaby.

* * *

Beýige çykmak hyýalyň, diňe şol niýetiň, pyglyň,
Eý, sen, asylly aýalyň  hemme zatdan üpjün ogly.

Arzuwynda şöhrat-şanyň,  selpäp ýörme, besdir, ýeter,
Geň-taň zady köp zamanaň,  ýöne seniňki has beter.

Saňa etmäýin ikilik,  ýüzüňe diýeýin rast,
Ejeň yzyna bukulyp,  beýgelmek aýyp dälmi dost?

Aldaw-hiledir sadalyk,  hersi gaýry zat büs-bütin,
Ýalançylyk, ýagşy gylyk bir ýere sygmaz ahbetin.

Kakam maňa öwüt aýdyp,  aňla diýdi şeri-haýry.
A seň üçin günde toýdur,  seniň üçin günde baýram.

Göýä dagyň şir-peleňi gabarýaň sämedip seri,
Söýýäň juda üýşmeleňi, dabaraly meýlisleri.

Senem ynsanlara galtaş, ýogsa galar, çykmaz bije,
Bu bolup ýörşüňe gardaş mertebe tapmarsyň hijem.

Köçede täze don geýip,  urup batly gadamlaryn
Hany baýram nirde diýer,  sesi gelýär adamlaryň.

* * *

Don ýapdy edip nagşyny, ýagşy dilegim şoňadyr,
Eý kesp berenleň  ýagşysy hamdy-senalar saňadyr.

Ynsan kämilsiň, ýokdur kem,  hormatly hem ezizsiň sen,
Horezimde edebiň hem  edebiýatyň Käbesi men.

Tarypyň hemmesi deň däl,  peşgeş alar taryp eden,
Käbäň ymamyna geň däl  halat gelse  halypadan.

Allaň öýi açyk, aýan,  öwülse-de näçe ýerde,
Ýöne taryplanylmaýar  hal dil bilen[1] araplarda.

Maňa kim düşünip biler,  munda ýazdyrsam ýükümi,
Söz açar hal dili bilen,  halym hem sözüm ikisi.

Ýanyp ot alan kükregim doga edýän, tap çäresin,
Meşhur boljak şu kükregi, Allanyň özi gorasyn.

---

[1] Hal dil bilen – hal – ýüregiň hyjuwly haly. Dil – dil ujyndan soz aýtmak. Bu ýerde arplarda tarypyň çyn ýurekden dälde diliň ujundan aýdylýandygy nygtalýar.

* * *

Gije-gündiz pikir-küýüm,  oňarsadym tapyp maýyn
Käbäniň – Gadymy öýüň  seýislemek tohum taýyn.

Taňrynyň ýakan oduna dana çoýunar ýeke-täk,
Çoýunsam diýip oduňa  arzuw edýäň, çäre ýok.

Seresap bolmasaň birden günlere düzüler gider,
Arzuw bir düzülen dürdür –  monjukdyr üzüler gider.

Seň hakyňa hut şu pille  şükür-senada tillerim,
Ýa gowaňy guýa salla  ýa-da halasgär elleriň.

* * *

Öwýäň bagtly gün doglanlar, düzüw niýet, pygyllary,
Juda ajaýyp oglanlar,  pylanynyň ogullary.

Ynjydar ýüzüne bakmaz,  ata-ene herne baryn,
Bulardan ýagşylyk çykmaz  men muňa ynanmaýaryn.

Maksady mertebä ýetmek,  gara başlary gaýgyly,
Oglun uly adam etmek,  atanyň uly gaýgysy.

Diýmez saňa «mülkümden çyk» Alla kerem, git ýoluňa,
Betbagt ata ogluna ýük,  betbagt ogul ýük iline.

Ine şu sebäpden nesil dowam etmegi terk etdim,
Olaň terbiýesi asyl  mesihileň däbin tutdum.

Jiger-bagryň daglaýarsyň,  aklyň aldy aýralyk seň,
Hesret çekýäň, aglaýarsyň, Ysmaýyldan aýrylyp sen.

Beýle zulum etme jana,  süpür gözüň ýaşlaryny,
Seret zamana çar ýana  zyňýar gara daşlaryny.

Wagt bizi jüýje deý seçer, «Oýa batma daş düşeris»,
Tukatlanma günler geçer,  biz ýene-de duşuşarys.

* * *

Ýagşylyk düwüp pyglyna,  oýa batdylar beýle kän,
Gyzymyň dogjak ogluna dileg etdiler şeýlekin:

Älem onda keşbin görsün,  bir nazar eden halaty,
Ýüzünden görünip dursun,  takwalaryň alamaty.

Ile özüni söýdürer, bakyşy teşnäni suwar,
Parlak ýyldyz deý diýdiler, dünýä gelsin çapyksuwar.

Meşhur etdi döküp derin, çykan sözlerim lebimden,
Meniň oglum-kitaplarym, şolar meniň matlabymdyr.

Düzeltmän niýet-pyglyny, alada tapyp birgiden,
Siziň diýýän şu ogluňyz ataň başyna görgüdir.

Aladaňyz juda epeý, azabyňyz durmaz çende,
Şükür Alla siziňki deý azaply ogul ýok mende.

* * *

Göwnüm asyl-ha derdinmez, gam üstüme sürünipdir,
Aladalaryň derdinden gijäm gara basyrnypdyr.

Ele alypdyr erkimi, aşyma zäher gatany,
Sesi şeýle bir gorkuly gomy tutdy günbatary.

Tupany demirgazykda, asla tapmady aramy,
Seret, heniz hem üzük däl ak bilen garaň arasy.

Suw basanda göwün şährim, bilbillerdir köňül şadym,
Men şonda berip bar mährim, Haka ýetirerin dadym.

* * *

Zer nagyşlap ädigiňe, diýme altyn çaýmak şandyr,
Diňe akyl, edep bilen mertebä ýetip bolýandyr.

Şöhrat üçin, etmän heder mertebe diýp ymtylany,
Nebis, baýlyk salar gider bir gün gara holtumyna.

Erkin adam ýokdur bahaň, tarypyňy aýdyp bilmez,
Saňa nebis ýa-da gahar, hijisi kär edip bilmez.

* * *

Bakmaz hähiňe-mähiňe, tanaýan bolsaň-da ony
Öküz ildirip şahyna ýere pylçamasyn seni.

Ýolbars ýaly bardyr meger, güýji amana getirer,
Ýolbarsy göräýse eger, öküz ökjäni göterer.

Gorkuz, bolmasa taýakla, burunduk sal, şahyny kes,
Ýogsa galaýma aýakda, islän işiňe ulan, bes.

Heý soňundan başberermi, aldanan köňül joşuna,
Hyýal edip başarармy, sübsegär soltan işine.

Öküziň düşüp öňüne eger ony ider bolsaň,
Şahlaryny kes deňine, burundyk dak öwüt alsaň.

Ýolbars hem gorkar ynsandan çünki hilesi has kän oň,
Jyda düşýär eziz jandan gaçman duransoň haýwanam.

* * *

Pikir edýän öwran-öwran  dag başy asmana çykan,
Diýmek şu kelläniň göwrä, baş bolmagy wajyp eken.

Ýokardan sereder daşa, şonuň üçin ylaýta-da,
Geňem bolsa dag dek başa ulumsylyk geler käte.

El üzer bar umydyndan, ölçeg gider, galyp gider
Ýagşylyklar gider ondan,  öwgi gider, taryp gider.

Gamyş bor ýörejek ýoly, galar gögüň gürrüldisi
Soň gaýdyp akmajak ýaly, ýatar çeşmäň şirrildisi.

Eý, bagtyndan ot ýakylan gardaş otursaň sem bolup,
Ulumsylykdan çekinip edebiň gider güm bolup.

Diýdim bu bolşuňyz geň-ä, ýagşy gürrüň, gep galmady,
Ulumsylygyndan ýaňa,  köplerde edep galmady.

Ýansaň oduň öçüren ýok, goşulaýsaň gülüň solar,
Ýagşylyk ýok, geçirim ýok, ne ýaman topardyr olar.

Iki arada goldaýar, olara tor gurup biri,
Teselli berýär, aldaýar gara nebsiniň ýesiri.

Bozup gomlaryň hanasyn maksady şöhrat-şan onuň,
Ýoýýar kitaplaň manysyn hilesi-aly kän onuň.

Bu bir güzer giden-gelen,  ulumsy perwaz eýleýär,
Pes tarap pespällik bilen Äleme nazar aýlaýar.

Diş gyjap ýumagyn çözlär,  söndürip bilmän ýangynny,
Tankyt bilen söze başlar  ulumsy, içi ýangynly.

Gurban borsuň bir göreňde,  ömri geň-taňlaň nirede?!
Arap-ajama görelde  bolan şol aňlar nirede?

Sözler agsak, setirler kem,  manysyndan çykmaz seda,
Nämedenkä kyssalar hem  şygyrlar ownapdyr juda?

Görip eli ygtyýarly  aýyp gözlär örtär seni
Aýt-da nirde ygtyýary,  göwnejaý deliller hany?

Kezzap ýalňyşyny bilse,  ýalan söz ýazmaga derek,
Kuwwatly delili bolsa,  beýle gürrüň nämä gerek?!

Sözlerinde toz görmesem,  aňsat ýerimden gopmaýan
Men olary ýazgarmasam,  ýürek ynjalyk tapmaýar.

Gün ýaşanda ýa daňlary  ýadaman ekýän bolsady,
Dünýäň ähli adamlary,  günäsinden päklensedi.

Geldim saňa günä bilen, Taňrym ak et gara ýüzi.
Özüňe iň ýakyn bolan  gullaryňdan eýle bizi.

Beýik gün kakylyp deprek  eşdip gorkuly sözlerin
Arzuwym daryň toprak  bolanym görse gözlerim.

* * *

Sorsaň zamana aslynda,  tokaýda şir mysalydyr,
Gezýändir oň penjesinde,  ynsan diýeniň häki bir.

Göz kördür, gulak gapylar,  heläk eder hiç sypmarsyň,
Jan etseň-de, şol gapydan  girmän gidýäni tapmarsyň.

Gelen geçip dur säginip,  galýan ýok, gidýär ir-ugiç,
Onda Taňryň Kitabynyň  mertebesi galarmy hiç?

Gidersiň dostdan aýrylyp,  gurbat gider, tapmarsyň tap,
Bu ölüm – ajy aýralyk – wysala ýetmäge sebäp.

Amalyň ýazar, nagyş eder,  dost gaflatda galma sen-de
Ýakynlaryňdan ýagşydyr mundaky amalyň onda.

* * *

Emeldara şo halyna  dana ýaranaýsa meger
Gam geler, dünýäň malyna  takwa köňül goýsa eger.

Öwüt berer köplerine  bir yhlasdyr serişdesi
Jogap ýazar depderine  amal ýazýan perişdesi.

Galmarsyň gury san bolup  dine ýapyş, bozulma ýok,
Çekdiler juda kän bolup,  din ýüpüne üzülme ýok.

Elhenç habar geler bir gün  hemme gorkar bolarlar jem
Hat-da gama batar görgün  hut Taňrynyň dostlary hem.

Taňrym gazabyňa tutma,  diläp açýan ellerimi,
Ýa azaba duçar etme,  biz biçäre gullaryňy.

* * *

Bulut ýagmyry getirdi,  ýyldyrym çakdy pelekde,
Mallar ökjäni göterdi  kamata geldi gulaklar.

Gök gümmürdäp serden geçdi,  diýdim men garap Güne «Çyk»,
Enesine tarap gaçdy,  oýnap ýören taýçanajyk.

Bulut suw guýdy, sähradan,  çagba zyňdy ejabyny,
Han-ha dileg edýän adam,  syrdy ýüzden hijabyny.

Ýagyş–dünýäň saparkeşi  ýagdy şu mahala deňiç,
Ýagyş diňdi, takwa kişi  goýar ýerde goýmady hiç.

Goýmady, aglady ýene,  bu oýunda utmaly ol,
Sebäp ýetjek menziline,  gözýaş bilen ýetmeli ol.

Diýme maňa «Daşa gidýäň»,  asman-u-zemin arada,
Özüm bilen söhbet edýän  öten gijeler barada.

Günleň öňem ýüki ýetik,  gelýär zaryn owazy heý,
Zamananyň ýüzi çytyk,  edil gyşyň howasy deý.

Tümlügiň ýüzi gap-gara  hem üsti deşim-deşimdir,
Gije ösýän yra-dara  şemal meniň dertdeşimdir.

Şemal nurun iberşi dek,  dowam edýär beýle ahwal,
Nurun iberýänçä şapak,  hökmüni ýöredýär bu hal.

Päkleýär ynsany toba,  ýuwulsa kir galarmy heý,
Ibn Kaýsyň ol Musgaba  iberen dana sözi deý.

Iýndi  asmandan – uzakdan Gurhan bir nur, aýt dadyňy,
Bu nur boýun egmezekleň,  öçürdi ýakan oduny.

Sora adamlaryň halyn  o  gün meňiz saralanda
Azaba düşmeziň ýaly  ertir senden soralanda.

Gorkuly gün saçak ýazar,  sogap saňa ganat-perdir,
Alada et, sogap gazan Taňryň azaby gökdedir.

Eý, hökümdar, sözi almaz,  adyllygyna penalar,
Onda saňa azap bolmaz,  geçiler ähli günäleň.

Sen mülküňde gurap bilseň düzgün-nyzam, görki şanyň,
Tenden çykyp gidenden soň,  ýene gaýdyp geler janyň.

Nebsiňe çapma hiç, oýan,  şöhratyň zyýada bolsun!
Goý, seniň Allanyň goýan,  şasydygňy dünýä bilsin.

Mertebe dileýäň meger,  maňlaýda ýoguň almarsyň,
Mertebe bar bolsa, eger,  ýazgytdan çykyp bilmersiň.

Möminlere arka durar,  şerigatda bu höküm bar,
Hem nebsinden gorka durar,  dogry ýoldaky hökümdar.

Sahban[1] sahy ilerledi,  gül görki sahylyk onuň,
Mertebäňi ilerleder,  sahylyk, şirin söz seniň.

Ýagşylyk et tapyp tärin,  il-halk eliň astyndadyr,
Eý,  zamanaň hökümdary  ýurduň ýüki üstüňdedir.

---

[1] Sahban – gadymy arap rowaýatlarynda ady gelýän dilewarlyk bilen at gazanylýan şahs.

Wagtyňy bir boş geçirme,  haýyr et, geç höwäsiňden,
Berilse-de ne peýdadyr Pygamberiň mirasyndan.

Nije şa geçdi bilseň sen,  ýeňmeseň, dyza çökersiň,
Olardan ybrat alsaň sen,  tümlükden daňa çykarsyň.

Ýamany goý, ýagşa syn et,  ýöne berilmedi orun,
Sen öz kimdigiňi tanat,  zamana ötmesden burun.

Berjaý edip Hakyň emrin,  haýyrda yza tesmeseň,
Yzyňda nusgalyk ömri goýup bilersiň isleseň.

Hama jülgesin görsene,  seretseň durlar nepesi,
Yssy görünýär gözlere jülgäniň belendi-pesi.

Ownuk daşlaň depesinde  suwuň şirrildäp akyşy,
Gök kepderiň çeşmesinde ýuwunyp çar ýan bakyşy.

Kalbyňy heýjana salyp,  jürküldeşer saýrak guşlar,
Gül ysyna bihuş bolup,  yranar otyr agaçlar.

Ýatmaz hiç jülgäň şowhuny,  gelseň gidersiň ýalkanyp,
Gün üflän wagty howruny  daglar jülgäniň galkany.

* * *

Şu owadan jülgä gelip,  ýüplere çatyp söýesin,
Iç-daşyň tertibe salyp,  çadyr gurapdyr eýesi.

Bakar oňa her geçen-de,  çadyr şemala gerinýä,
Gara çadyryň içinde  ýüzler has nurly görünýä.

Bakaňda asla üýşenmez,  günüň gyzyl ot degresi,
Gün Günbatara süýşende şapaga çümer göwresi.

Eglen, az-kem, gitme mundan,  bilbil saýraman ötmeýär,
Jülge bölek, ýöne ondan,  dostlar şikaýat etmeýär.

Bu görnüşe gözüm gidýä,  goýry jülgäniň kölgesi,
Bu ýer gelip-geçip gidýän  kerwenleriň düşelgesi.

Keýikleň sürüsin görýän,  ýöne bizden has uzakda,
Olar hakda gürrüň berýän  awçyň söhbeti gyzykly.

Özi teşne, gözleri dok,  sülgünler gelýär her daýym,
Gyzlaň mylaýymlygy dek säher howasy mylaýym.

Ýarasyny ýüregimiň,  ýelpär, ýykylmarsyň ýüzin,
Ýaşyl ösýän dereginiň  başy dik, kamaty uzyn.

Degişme gylyçdyr, duýsaň,  şemal ýaly öser gider,
Gazap bilen urulaýsa,  degen ýerin keser gider.

Biler bolsaň, magşugyna aşyk nazary tiz düşer,
Şonda magşuk ýaňagyna  hiç görünmeýän yz düşer.

Garratdyň näçe ineri, jemalyň melek hatydyr,
Eý, alma ýaňakly peri, ýüregiň daşdan gatydyr.

Ýüregmiň oduna ýandym, ýakanyn az gördi meni,
Çalaran saçlarym, zannym, näm üçin ýazgardy meni?

Ýollarda büdredi atym, pelek ýeňiş sazyn çaldy,
Buýr-bulaşyk, garym-gatym aladalar aýra saldy.

Ak başy diňle, ol sebäp, garany görüp agarýar,
Öwüt alan edip togap, halal-haramy saýgarýar.

Görkezsin dogry ýollary, ýagtyltsyn diýip dolan Aý,
Nurly kitaply elleri, Pygamber ýollady Hudaý.

Hak ýanynda eý görülýär pygamberleriň barysy,
Ündew üçin iberilýär öz kowmuna her birisi.

Owal–başdan haýyr-rehnet, Alla ony eziz eden,
Kuraýyşdan ol Muhammet bir Allanyň Ezizidir.

Ýoldaşydyr päk niýeti, adyny köňle nagş eder,
Barça musulman milleti ýolunda janyn bagş eder.

Gök ýüzüne seýr etdi ol, tanatdy asyl zatyny,
Çar tarapa ýaýratdy ol päk nesliniň şöhratyny.

Kuraýyşlar müňkürlik edip, diýdi «ýetiňler dada heý,
Bir lahzada pikir ediň, gidip bormy magraja heý?! «

Taňry başar, göz ýetirip, gutuldy muňa ynanan,
Pygambere dil ýetirip, heý-de barmydyr gönenen?!

Ýumaklar çöşlendi gitdi,  rowaç tapyp serwerimiň –
Täsiri güýçlendi gitdi, Älemleriň Serweriniň.

Hemmesi gazaba mündi  çarh çekibän dişlerine,
Mekgäň kapyrlary ýandy Pygamberiň işlerine.

Zäher dökdi dillerinden hiç tapylmansoň çäre bir,
Nätselerem, ellerinden hiç zat gelmedi barybir.

* * *

Guduz açan ýaly bolup,  olar ýol tapman gidere,
Hakyň gazabyna galyp,  azap berdi pygambere.

Gije-gündiz oýa batyp,  ýalan-ýaşryk naladylar,
Dili bilen töhmet atyp,  eli bilen taladylar.

Gopbamlyk etdiler olar  pikir öwürmän akylly,
Ahyr olaň Tihamada  gara tumşugna kakyldy.

Işleri ýanmak, nalamak,  bilenok dogan, dost-ýary,
Sebäp bir-birin talamak  olaryň köne dessury.

Gadyr goýmaz garry-ýaşa göýäki duşman ýalydy,
Hemem olar hetden aşa dagynykdy, agzalady.

Olar köp uruşlar etdi,  azaplary degdi jana,
Möminlere habar gatdy, Pygamber çykyp meýdana.

Ol ejiziň bu sözünden  kapyrlar bolup derdeser,
Bu söz olaryň ýüzünden,  syryp taşlady perdesin.

Uruşdan öň gögi eläp,  dileg etdi, «Derde em ber»,
Bir Taňrydan medet diläp,  golun göterdi Pygamber.

Bir serkerde ikä bölüp,  goşuna zyýan ýetirdi,
Geldi öz goşunyn alyp,  duşman ökjäni göterdi.

Duşmany edip tary-mar,  o gün, dosta gadyr güni,
Ýardam etdi ol Biribar,  möminlere Bedr güni.

Az goşundan uly goşun,  ýeňildi yzyna gaçdy,
Kimsi goýdy gara başyn,  kimseleri ýesir düşdi.

Olar söweşdi baş goýup,  köýdürmedi namys-ary,
Är ýigitler ýolbars deýin  topuldy duşmana sary.

Ýeňiş ýürekde ýer eden  çözdi buzlaryň donuny,
Şol gün  ýardamçy Ýaradan,  atyrdy diniň daňyny.

* * *

Bardym Amyryýýa ýene,  gördüm depesin-düzüni,
Gam basdy göwrämi ine,  gubar baglady gözümi.

Nirä seretse nazarym haraba bolupdyr giden,
Atyň turuzan tozanyn  şemal üfleýär täzeden.

Tapmadym hiç deregini,  çeşme-çaýlar hany olar?
Paralaýar ýüregiňi  gugaryp galan obalar.

At üstünden bakamda düýn  ganly ýaş doldy gözüme,
Gargalar gagyldap, neçüýn  gorka seredýär ýüzüme.

Yzyn görüp çekýän arman,  nätjek hyýalym ham boldy,
Sowuk suwy jana derman çeşmeler size näm boldy?

Öýsüz şemal ygyp-tozar, Asmanu–Zemin arada,
Hany öňki gyzan bazar,  onuň şowhuny nirede?!

Dünýe kime berdi peýan,  öýsüz iller bolupdyr mat,
Gözlerine gam üfleýä  kalbynda gopýan harasat.

Gujak gerýän öňki mekan,  indi eýesiz halyna,
Gözýaş bilen jogap berýä  meniň berýän sowalyma,

Maldyr çopanlaryň jany,  Eýäm bir nazar salmasa,
Niçik bor öri meýdany,  bakara maly bolmasa?!

Kim ýylgyrar, kim gaş kakar,  kim üçin bor öýke-näzler,
Aýdyň indi kime bakar ýaryny ýitiren gyzlar?!

Baýrynmaklyk öz güýjüňe, sütem etmekdir, eý, iner!
Baýrynmasa öz güýjüne, şir gözleri niçik ýanar?!

Pikirlerim aňymdaky keýikleriň sürüsi deý,
Olaram öz içindäki agsagyn bildirermi heý?

Ol Suhany gizlär meger, aý ýagtysy atanda şal,
Nikap ýapylaýsa eger, görünermi ýüzdäki hal?

Gan akýandyr ýara görä, ýogsa ýöne gan çykarmy?
Bedeniňe düşen ýaraň çuň bolmasa gan akarmy?!

Özgeleriň ýakan odun öçürjek bolup sudurym,
Sen beri ölçerme odum men onsuzam ýanyp durun,

Gülkiň güzerine geldim, ýa-da düşdümmi azaşyp?
Güzerde suw içdim – kalbym, içim sowady azajyk.

Ýüzüne ýapan hijaby onuň göwnüne ýarapdyr,
Belki, zyýatdyr ejaby ýene perdäni orapdyr.

Zähmetden soň rehnet görer, geçmese işiň deňinden,
Günä eden mähnet görer ýa güzap görer soňunda.

Düzülen gopuza meňzär, döwlete aklyň haýrandyr,
Başsyz göwre läşe meňzär, merkezsiz döwlet weýrandyr.

Düzgün-nyzam bilen şalar azaşman gitse ýolundan,
Şasyndan il razy bolar, şa-da arkaýyn ilinden.

Ýalan görünse gözünde, boş sözlerden çekip nagşy,
Bitirmese, oň sözünden towguň käkildisi ýagşy.

Jogapkärdir işi örän,  patyşaň ýüki ýetikdir,
Eziz Taňrym şoňa görä,  halk ýükün oňa atypdyr.

Yhlas edäýse bende şa,  işiniň ýeňlänin biler,
Etmese düşer endişä,  asan işi-de kyn bolar.

Dana ýurdun abat eýlär,  belent başy göge deger,
Akylsyz şa bibat eýlär,  buýrup başarmasa eger.

Yhlas etseler ir-ugiç,  şalar täç geýip serine,
Olar yhlas etmese hiç  giň dünýä-de dar görüner.

Şalar adalatly bolsa,  aklyň oňa haýranadyr,
Halk ähline sütem kylsa,  ýurdy onuň weýranadyr.

Şanyň esgeri-esasy ýagşy bilýän düzgün-däbi,
Şanyň alym–ulamasy– türklerdir–şahyr kätibi.

Şa özünde bolansoň müýn,  halky bilen deň   galkynman,
Zalym bolandygy üçin  eýmenýär ol öz halkyndan.

Şalar bir nesepden dörän,  sorsaň aslyna ýetersiň,
Sen diňe nesebe görä,  garyndaş bolsaň utarsyň.

Halky ondan gezer gorka,  dermany diňe tobadyr,
Şanyň zalymlygy halka  hupbatdyr hem hunabadyr.

Hazyna ulaşyp heniz  gezseň nebsi gaýgy ede,
Hasabyn çykararlar tiz,  hasapsyz zat ýok dünýede.

Myhmanyny bagra basyp,  dünýä çykýar-da kastyna,
Ilki penjesine gysyp,  soňra-da münýär üstüne.

Bilseň şa erkamy nedir,  edebi aňk eder seni,
Ula-kiçä göreldedir,  asyllylyk bezär ony.

Adyllyk bilen herne bar,  meňzedi ýaşyl bossana,
Pespällik etdi hökümdar,  şöhraty gitdi asmana.

Alla şükür etgin hernä,  eý, şa, bilgin çaky-çeni,
Hak fazly–keremi birle,  bagtyýar etsin goý seni.

Diňle goýup gulagyňy,  mydam ýagşy niýetim bar,
Saňa edýän dilegimi  kabul etsin-dä Biribar!

Horezme kölege salýan gaýry aýby ýokdur gendäň,
Aýby bolsa, özüň bilýäň,  aýbyny ýaşyr bu bendäň.

Meň seni gözläp gelmegim  ýagşy niýet, ýagşy päldir,
Ýurduňdan uzak bolmagym  senden daş boldugym däldir.

Dünýäge baş goşdugymdyr  gitsem pul diýp uzaklara,
Ol senden daşlaşdygymdyr,  düşdigimdir duzaklara.

Dowam edýär ömür ýoly,  günlerim geçer gydyrdap,
Söz sözle il düşer ýaly ýa-da lal otur gadyrdan.

Sözleýiş ukybym gitdi,  ýitdi şu iki arada,
Köp kösendim, gama batdym,  asal zybanym nirede?!

Şygyr ýazdym zer setirli  gözel gyzlaryň şanyna,
Ýüzden perdesin göterdi,  sözler geldi zybanyma.

***

Menzil uzak, ýollar ýagty,  bilmeýän haçan giderim,
Meger ýakyn geldi wagtym,  belki sapara giderin.

Gylyç terk edende gyny şöhlesi iniň üýşürer,
Arasatda[1] Taňrym meni öz dostlaryma duşurar.

Taňrym kabul kyl dilegim,  bar umydym ak daňadyr,
Derdi bar dymyp bilermi,  meň mynajatym saňadyr.

Mal-dünýäden etgin heder,  ýogsa ýüregiň daş bolar,
Artyk gazanç talap eden kän muşakgata duş bolar.

Ýumşasam ak bulut ýaly  ýagşa çümenim görersiň,
Gatasam gaýa mysaly  doňup dymanym görersiň.

Ýatlap göwnümi şat edýän, Horezmdir janym-tenim,
Men ýagşylykda ýat edýän ýatlamasalar-da meni.

Ýaşlyk geçdi ýolda goýup  dolanamda şu öwrüme,
Yrakdan, gelsene diýip  ses gelýän ýaly göwnüme.

Bakyşlaryňdan bildim men keramat bar nepesinde,
Okadym, ylym aldym men Ibnül Fazlyň hüjresinde.

Ady geçdi dilden dile, tarypyň ýetmez şanyna,
Ýazylypdyr hormat bile ady döwlet diwanyna.

Öwgüsin gymmatsyz gendäň hiç kim diline almaýar,
Gymmaty bolmadyk bendäň öwgi-tarypy bolmaýar.

---

[1] Arasat – Kyýamat güni ölen adamlaryň direlip, ýygnaljak meýdany.

Peşgeş berlen halat ine, göýäki bir älemgoşar,
Ony görüp, ýana-ýana göribiň gözi gamaşar.

Gülsüz dünýäň hökümi ýok, güller gelşigi dilberiň,
Ýogsa göze ýakymy ýok bossanda biten gülleriň.

Özgä gezek bermän geplär, asla saýgarman manysyn,
Ne sözüniň manysy bar, ne-de şygrynyň manysy.

Dilewar kişi bil janym, geplär-de ysgyndan gaçar,
Hat-da dilewar Sahbanam, onuň ýanynda lal açar.

Goýmaz, geplär otyr, ýene gulagyň kamata geler,
Diňläp ýadaňsoň, agzyna tokga daş dykasyň geler.

Şöhle saçar nazar salsaň, syratyny gör geldäni,
Tohum atdyr biler bolsaň, ýalpyldap dursa endamy.

Gara däl, ak bolsun donuň, gara bilen gussa geler,
Ak eşik geýen ynsanyň hormaty zyýada bolar.

Ol ýere etmän gahary,  dynç alanda dörjeleýär,
Men weli ýadan mahalym, ýeriň göwsün dörjeleýän.

Gögüň kakan depreginiň sesin eşdip ýetsem özüm,
Soňra ene topragymyň ýüzüme sürtsedim tozun.

Mekgelileriň kerweni Mekge tarapa sowuldy,
Ýetip gelýärdiler weli, bir çüýşe gaçdy döwüldi.

Ykjam daňan bolsa eger, çüýşe gaçyp döwülmezdi,
Hüşgär bolan bolsa meger, ýagam ondan dökülmezdi.

Ol ýöne bir käýinmedi,  diýdik soňy näme bolar,
Kerwenbaşy diýdi: «Zady  isrip etmek günä bolar».

* * *

Başarsaň özgä gulak as, aýtjak sözüň aýtma çaklap,
Diňle, peýdalan, ýeter bes, märekede diliň sakla.

Tutsa ulumsylyk ýolun berjek wesýetim alawer,
Bolman kişiň özi ýaly, sen beri pespäl bolagör.

Gaýry duşmandan çekinme, duşmanyň dildendir seniň,
Bilip goý, soňra ökünme, puşmanyň dildendir seniň.

Betbagt eder diliň seni, saklap bilseň eselersiň,
Eger saklamasaň ony il içinde peselersiň.

Oturyp bolup bir gysym, ýokdur sözümiň ýalany,
Men işlermiň ählisin, Alla tabşyrdym bolany.

Köňlüm sabr et, bir giden görgüler bize sürünmez,
Günler geçse, geçer gider, jepasy göze görünmez.

Bat berip umyt guşuma, başa barman göwnüm ýykan,
Arzuwlar ynsan başyna ne günleri salýan eken.

Uzak-uzak ýollar söküp, sapara çykmaly boldy,
Köp ýerlerde çadyr dikip, köp ýerde sökmeli boldy.

Eý köňlüm sabyr dilegin, sabyr etseň, çykar bir uç,
Günler geçse, kynçylygam başyň alyp durmaýar hiç.

Düşledim, dert ýetip tene ýere beripdim bykynmy,
Arzuwlar sebäpli ýene gyssanmaç ýola çykyldy.

Aýtsam kim biler bu haly, diýeýin size rastlarym,
Ýat ilde watan wysaly, ýaman ekeni dostlarym.

Näçe gezek gan öýdürip töhmet pyçagy sokuldy.
Ýürek-bagrymy köýdürip, kalbymda otlar ýakyldy.

Baryn içime salypdym, kalby ganatdy tikeni,
Ölüme razy bolupdym, sanalgy dolman ekeni.

Gül goýnunda seýran etdim, arzuwlap mekan tutanym
Görenleri haýran etdi Horezm – ata watanym.

Öňki arzuwlar ýat boldy, günler deňimden ötüpdir,
Kimseler muňa şat boldy, kimseler gama batypdyr.

Giň jahan ýaýradyp nurun, ýagtylanda sähel-mähel,
Gijäniň goýnuna sary, rowana boldy ak säher

Göz aýladym siňe-siňe, görmedim munda utany,
Mertebä ymtylmak, diňe bu nebsiň bilen-biteni.

Sahy elni açýan ýene sowurýar ugruna ýeliň,
Görübilmän ýana-ýana, görip gysýar sahyň elin.

Kim dinine amal etse, gowşar hökman salamata,
Kim betgylyk ýolun tutsa, galar derhal melamata.

Beýgeldi şöhraty-şany, diller ýadady taryplap,
Dogry ýoldaky ynsany görübilmedi göripler.

Sözledi çyna berimsiz, ýüz urdy delilsiz gepe,
Sowatly birin görüp, soň, sowuldy başga tarapa.

Towşan gadymy endigin ýatlap, bat berdi sözüne,
Şiri görüp towşandygy ýadyna düşdi özüniň.

Gorkak towşan deý direnip, ejize hemle atanda,
Üýtgedi, birden ýüregi batyr kişiň haýbatyndan.

Syýasyny bes edensoň, galamda ýazylmaz nama,
Bu ömür geçip gidensoň, ökünmegiň haýry näme.

Bize haýyrly emir ber, ökünmäýin bu ýaşyma,
Taňrym peýdaly ömür ber, dözme meniň göz ýaşyma.

Ýene bilmedim nämeden, bu ýerlere düşdi kölgäm,
Dolanyp geldim ýene-de, sähralar meniň düşelgäm.

Düzler gelşigi jahanyň, şemal jyklaýar serpikden,
Geçmişi ýatlan mahalym, ýaşa çolaşdy kirpikler.

Ýalançyň belent-pesinde, bolmankaň sen gözden gaýyp,
Ol Zemzemiň çeşmesinden, suw içmek neneň ajaýyp.

Bir gün ömri ýola salsam, asla aglamaň ses edip,
Wesýetim, nirede ölsem, şol ýerde jaýlaň jesedim.

Gadymy Öý[1] ýanyp durka, togap edýän säher hem şam,
Kuraýyşlar arkamda barka, meniň asla ýok endişäm.

Sözlerinde bolmaz ýalan, seni hiç wagt etmezler har
Parasatda olar bilen söhbetdeş eýle Biribar.

---

[1] Gadymy Öý – Käbe, Beýtylla.

* * *

Eşdip Amyryýań sesin geldim, geçip ganat-perden,
Çünki Uzra wakasynyň bolan ýerleri bu ýerler.

Waspyny eýlesem aýan, pespällikden alypdyr paý,
Sebäp bu ýerde ýaşaýan adamlar juda hoşamaý.

Tüweleý geçmeýär sowlup ýolda peşmegi üwreýär,
Guýrugyn çukurdan sogrup çykarýan ýel elewreýär.

Ýalta gijäniň ýarynda hyýala çümer oturyp,
Lezzet alýar öz kärinden işeňňir işin bitirip.

Baglaryň oýa batmagy, asla seni örtemesin,
Miwesin döküp ýatmagy peseltmez oň mertebesin.

Tüm gijä tarap gaýdanda hopugýan hem edýän heder,
Bilýän, diňe bu ýagdaýdan säher meni halas eder.

Bizden ara açdy gitdi, nirdedir ýagşy günler heý,
Olar derrew uçdy-gitdi ganat çykan sülgünler deý.

Arzuwlarym paşmady meň, Haka nalyş etdim ilki,
Janym hem, arzuwlarym hem, Allaň emrindedir çünki.

Gel, bir özüm, dadyma ýet, ýogsa pelek tutar meni,
Allam Sen maňa ýardam et, aladadan gutar meni.

Beýiklige ymtyldy ol, köp durdy düýäň üstünde,
Galanyny soň bildi ol, düýäň dabannyň astynda.

Bagrym köýer eger bilseň, senem olaň barasynda.
Zulum-sütem adat bolsa, adamlaryň arasynda.

Göz ýaşyň döküp sähelde, gijede aglar-ýörerdiň
Şonda seniň daň säherde, ak guş bolanňy görerdim.

Nebsiň yzynda ýörenler deňiňden ötüp bilmeýär,
Bu dünýä köňül berenler parahat ýatyp bilmeýär.

Kazylar gurmasyn jady, adyllygy etsin aýan,
Aslynda men gyşyk zady dogrulamak islemeýän.

Höküm gider ençe ýyla, kazylar almasyn para,
Ýöne beýle höküm bile ýaranmak kyn hökümdara.

Aýtsam ilçi barasynda, olarsyz ýurtda çetindir
Ilçi şalaň arasynda ýol görkeziji sütündir.

Hoş niýetli, ýakymlydyr, wasp etsem ajap şalaryn,
Düşbidir hem akyllydyr Seljuk nesliniň şalary.

Öz daşyň özüňe deger, hergiz bilgin çaky-çeni,
Bergiňi üzmeseň eger, wyždanyň tükeder seni.

Göz doýman, artsa ýalanyň bilgin, nebsiň alamaty,
Bu dünýä teşne bolanyň artar gaýta melamaty.

Aýan bolar ýöräberseň, soň kime aýdarlar dadyn,
Kim hadys toslaýar görseň, kim rowaýatçylar adyn.

Gep daşar atyp hallany, gep äkider göreninden,
Şugulçy beýik Allanyň mahrum bolar kereminden.

«Beýiklik» diýýän pul mesiň elip kaddynyň ir-ugiç,
Bükülenni göräýmeseň, beýikligin görmersiň hiç.

* * *

Sen bu işde goýberme köst, daşlaş ýalan täriň bilen,
Ýaranyp beýgelmegin dost, beýgel sen hünäriň bilen.

Ýeňilkelle suwa çümer, dogry ýolundan azaşar,
Garaňkyda gözün ýumup, soň bolsa duzaga düşer.

* * *

Bagtyýar ömür sürerdim, kakam söýerdi apalap,
Köp zatlar gürrüň bererdi gara başymy sypalap.

Aýdardy haýyr getiren asman hem zemin arada,
Bermekileriň[1] bitiren ýagşy işleri barada.

Aýdardy durlap nepesi arap şan-şöhraty hakda,
Alawylaryň[2] paýhasy, gujury-gaýraty hakda.

Sährany sypalan owaz ak ýaýlada ýaňlananda,
Düýeler dynç alar biraz düýeçopan hiňlenende.

Ýazsam gutarar syýalar, soňy gelmez kasydamyň,
Gopuz ýaly kapyýalar bezegidir kasydanyň.

---

[1]Bermekiler – Harun reşidiň weziri Japar ibn Ýahýanyň nebereleri. bu nebere adamlara köp ýagşylyklar edýär. onsoň olaryň adamlaryň arasynda at-abraýlary güýçlenýär. Harun Reşid olaryň halypalyga eýe bolmagyndan gorkup, bermekileriň hemmesini jezalandyrýar. Zamahşary bu bermekileriň adamlara eden ýagşylyklaryny göz öňünde tutýar.

[2] Alawylar – Aly ibn Abu Talybyň neberesinde bolan adamlar.

* * *

Düýäň bolsa bilip tabyn, zekatyn ber düşmez ýerde,
Gyşarma sen göni ýabyň gyşarşy ýaly kä ýerde.

Bezenip dyzyny epmän, uly ili aňk edip çykdyň,
Ahyrynda çäre tapman, senden gaçyp çöle çykdym.

Bileňok namysy-müýni, ýalandan ýasalan teniň,
Kerwendäki öňbaşçyny azdyrmak niýetiň seniň.

Tümlügi böwsenni görýäs, gidiljek ýer ýeke-täkdir,
Bir uzak sapara barýas, bu ýolda düşelge ýokdur.

Zamanaň ajap çagynda düzüw päldir-niýetimiz,
Taňryň razylyk ýabyndan suw içer yhlas atymyz.

Ady dilde söýlenýändir, özi jomartdyr hem sada,
Il içinde saýlanýandyr zanny halal asylzada.

Görseň ol ykbaly keçleň, göýä dertdeşi ýalydyr,
Arasynda ýalaňaçlaň, eşik geýnen mysalydyr.

Çöl-beýewanda dereksiz azaşdy diýýärler Mejnun,
Dag ýaly sabyr gerekdir aklyň ýitirmezlik üçin.

Bilseň ýaramaz adamyň ýigrençden doly gursagy,
Şugul bolsa elmydama peýlär amatly pursaty.

Duşmany içden urýandyr edermen ne gelse başa,
Wagyzçyň sözi girýändir nadanlar bilen sözleşse.

Kim aýby açar, kim ýapar, munda kada şeýlemişin,
Kör gözliniň aýbyn tapar, nadan– sowatlyň ýalňyşyn.

Baksa özüne ýadaman, öz aýbyny görer ýaly,
Aýna seredýän adamyň öz ýüzün görşi mysaly.

Her işde kalbyna bakýan, iman lezzetin dadandyr,
Haýyr iş üçin jan çekýän, hakyky takwa adamdyr.

Hiç ýadaman, düşmän tapdan, gürrüň berdiler hadysdan,
Rowaýatçylar sebäpli, üzülmän geldi hadyslar.

Durup dünýäň depesinde öň Horasan el salgady,
Oň adyllyk keçesinde zerre tozany galmady.

Söýüp bilseň her kesi söý, ýigrenjiň daşa çykar sen,
Ýogsa zäherli ýylan deý, ahyr birini çakarsyň.

Gel dury nepesiň bilen geregiň alyp bilersiň,
Ýigrençden paýhasyň bilen sen halas bolup bilersiň.

Garrylyk garşyňa çyksa, «Bar, yzyňa git» diýp aýtma,
Bir gezek gapyňy kaksa, soň yzyna döner öýtme.

Gylyç diýeniň hiç oňman, ýöne gynyndan çykmaýar,
Gapjykdan çykan bir teňňäň sesi gulaga ýakmaýar.

Sen raýatlara çopansyň, çopan ýitse bolar çetin,
Sürini goýsaň çopansyz, ol heläk bolar görnetin.

* * *

Ol kişiniň ýaranjaňlap, bil epişine men haýran,
Maňa seredýär ol geňläp, bil epmeýşime ol haýran.

Öz pikirlerin aýtdylar, ýöne birem diýmedi rast,
Dymsam samsykdyr öýtdüler, aslynda men beýle däl dost.

* * *

Bu ýerde goýmaz göçürer, dowzah oduny üfläýse,
Dünýäň oduny öçürer, bir parsah ýakyn geläýse.

Göýä ýyldyrym deý çakan yşgym ýeti:r kime dadyn,
Bir uçguny çyksa ýakar kalbymdaky ýanýan oduň.

* * *

Sözlerim gussaly-ajy, sorasaň aýdaýyn nedir?!
Bu mersiýe yslam täji, Muhammet ibn Arslanadyr.

Ynsanyň ömri bir geňsi, gutarýar ýetip öwrüme,
Ol gitdi, göýä hiç kimse galmadyk ýaly göwnüme.

Ygtybar ýok, dünýä ýalan, ondan buz deý sowadym men,
Günäkär ellerim bilen päk gabryny suwadym men.

Oturyp bagrym paralap, kyn boldy muňa çydamam,
Elendi daglar-dereler sensiz galanna çydaman.

Men saňa aýdardym dadym, ýazýan indi gözümde müýn,
Sen ölseňem, eziz adyň şygrymda ýaşatmak üçin.

Hiç kim sen deý yhlas etmez, yhlassyz menzil aşmaryn,
Aýtsam waspyňa söz ýetmez, sen deý altyna duşmaryn.

Indi ýollar düşdi aýry, ajal ýollady çaparyn,
Bu dünýäde senden gaýry ýagşyny nirden taparyn.

Hiç kim bilmezdi sepimiz, geň galypdy şa-gedalar,
Pugtady dostluk ýüpümiz, üzjek boldy bihudalar.

Bakýan, bar ýerde ýeriň kem, şonda-da edemok heder,
Toprak astynda bolsaň hem, dostlugymyz dowam eder.

Bu gün terk edip gitseňem, ýaşadyk biz bir jan bir ten,
Maňa ýamanlyk etseler, dadyma ýetişerdiň sen.

Tisginemde ýürekdiň sen, ýüreksiz galdym dünýede,
Entek maňa gerekdiň sen, gereksiz galdym dünýäde.

Sen gitdiň boşady dünýä, başga tarapa ýüz goýdy,
Ozal asylly görünýän adamlar nebsine uýdy.

Gözi o ýan bu ýan bakar, tanap bilmersiň olary,
Çagalarna gyzyl dakar, diňe bezener, bolany.

Uzakly gün ylgar olar, dünýä üçin atyp hallan,
Gün batyryp öýe geler, it ýaly dillerin sallap.

* * *

Men munda gideýin durman, her işde özüň bolgun ýar,
Soran zadym haýal berme, tizräk ýetir Biribar.

Zähmet çekip hem döküp der okanyn düşürsin ýada,
Hapyzlara ýatkeşlik ber, hem yhlas bergin zyýada.

Dileg edýän, diňle meni, dillerimiň senasynda,
Hökümdar gorasyn seni Taňryň Özi penasynda.

Mylaýym bol, goýma derde, sora raýatlaryň halyn,
Olar saňa wepadardyr, edil seniň özüň ýaly.

Düzüw tut niýeti, pygly, her näkese goýma gadyr,
Dünýä gelip adam ogly ömürboýy synagdadyr.

Alla birdir, ýalbar şoňa, islän geregini alar,
Biler bolsaň, munda diňe dileg eden halas bolar.

Öwgiň ýetik, güler ýüzüm, boş sözlerde barmy derek,
Şahym seni ikiýüzliň wasp etmegi nämä gerek.

* * *

Mal üçin düşemok oda, sözlerimde ýalan barmy,
Eý, dostlarym, bu dünýäde öňün görüp gelen barmy?!

Ömri gün mysaly ýaşan, gidişi deý ol pederiň,
Zadym alar mirasdüşer, ertir men mundan giderin.

Geljege pal atyp otyr, palçyň işi däl ileri,
Adamlar gaflatda ýatyr, turuzjak barmy olary.

Bozjak bolmaň siz Hak dini, galar bu işiňiz paşman,
Bir tefsir okap, takdyry biljek bolup oda düşmäň.

Asla düzetmän niýetin, manysyn nädogry tiren,
Ters düşündiren aýaty, näkesleň hataryna girer.

Ynsan aňy asla çözmez, söz manysy çäkli bilseň,
Ynsan ol Taňrynyň sözde goýan manysyn näbilsin.

Boş geçirmekdir öz wagtyň, takdyry bilmäge haýdap,
Ajap pursat berlen wagty boş geçirmekden ne peýda.

***

Sypyp bilmän demlerinden, şirem yzyna zyňýandyr,
Ykbalyň hüjümlerinden, güýçliler hem ýeňilýändir.

Takdyryň saňa lak atyp, bu gün gülmegi geň haldyr,
Ertir onuň ýüzün çytyp, bakaýmagy ähtimaldyr.

Öz aşyna zäher goşar, ýanar oda ýakyn baran,
Ýeňiler tiz tapdan düşer, ykbal bilen söweş guran.

Gül ykbaly küle çöker, ömrün zaýa ötüreniň,
Hajy kabul bolmaz eken, takdyra şek ýetireniň.

Ajal jamyn berer saky, pelek bu gezek utandyr,
Bir seretseň ölüm oky, nyşana alyp ýatandyr.

Bar maksady süýji jandyr, ondan gaçyp gutulma ýok,
Ömür bir giňiş meýdandyr, kowulsaň yza gelme ýok.

Bilsem Lowhada näme bar, başymy tutup galaryn,
Bagyşlaweri Biribar, bendeleriň hatalaryn.

Hemişe dilde ýatlanar, meňzeşi ýok şeýle täsin,
Taňrynyň gözel atlary, Onuň özüne mynasyp.

Hajylar yhram geýerler, düşüp yslamyň ýoluna,
Başlaryn ýaýkap diýrler: «Waý, haj etmedikleň halyna».

Ömrüň gül açan paslynda, baryp menzile ýetmeseň,
Peýdasy näme aslynda, takwalykda haj etmeseň.

Bu günki toba edeniň, erteki gün ýüzi akdyr,
Özüni päklän adamy, ýaňsylanda haýa ýokdur.

Haýa ýokdur aş başynda, öwnüp oturan gereksiz,
Ýa öwünýän ýol başynda, şahyryň şygry dereksiz.

Ýüzügin gizlän gelin deý, ýumrugyn açmady birem,
Näalaç gysganç elinde, gapjygam aglady dürem.

Ýöräber bakman yzyňa, ahyr maksada ýetersiň,
Diňe dostum öz-özüňe, bil baglan wagtyň utarsyň.

Çümse seni heläk eder, hantamaçylyk tikeni,
Adamlardan tama eden, hesretde galýan ekeni.

Sözüňi ýürekden sözle, dogruçylyň kalby päkdir,
Dilujy aýdylan söziň, bilseň asla haýry ýokdur.

Wesýetimi al hökmany, kadaly iýip-iç ogul,
Artykmaç iýlen lukmany, boýnuňa salnan syrtmak bil.

Özüm ýaramy emleýän, ýalňyşlykdan Alla sowsun,
Ýagşy zatlary jemleýän, paraýyzdyr ylmyň gowsy.

Aýlar hem günler ötmezdi, deňleşerdi gök astynda,
Artykmaçlyk hem ýetmezlik, deňleşip bilmez aslynda.

Gel aýdaýyn gulak goýsaň, ol ikiýüzli raks[1] edip,
Seni öwýär sebäp diýseň, bar onuň başga maksady.

[1] Raks – tans, oýun.

Näz-kereşme bilen söýer, seni ereder sözleri,
Ýalmasam, ýuwutsam diýer, dünýäniň ganhor gözleri.

Kümşüldär durar iýnleri, bigünäler päli pesler,
Çapak çalýar möminleri, urşa iterip näkesler.

Hemme hyzmatynda neçüýn, ýaramaýarlar birjigem,
Görüň hatda soltan üçin, ýüpek öndürýär gurçugam.

Şa gaznasy doldy ýene, salgytdan tutup ýüküni,
Bir ýere jemlendi ine, sahy, husytlyk ikisi.

Dag-deňizler döze bilmez, neneň derýalar çökmesin,
Şanyň gahar-gazabyndan, Hudaýyň öz saklasyn.

* * *

Seredýärin halym harap, atlandyňyz döküp deri,
Käbedäki şöhlä tarap, Hyjaz çapyksuwarlary.

Haýbatly ýola çykdyňyz, geçdiňiz ýeliň deňinden,
Uruş oduny ýakdyňyz, tutaşdyrdyňyz soňundan.

Uçguny uçar giderdi, göçer giderdi bilseňiz,
Ýyldyz deý öçer giderdi, ody dörmedik bolsaňyz.

Näzi meni ýesir aldy, ýoldan edaly baryşy,
Çarwa gyzlary ot saldy, bent eýledi ýylgyryşy.

Jemalyny arzuw ede, umyt guşumy uçurýan,
Hyýalymda kejebede, ony törüme geçirýän.

Hiç kim sözüňi almaýar, köp çekersiň endişe sen,
Ýoldan gyşaryp bolmaýar, köpüň içinde ýaşasaň.

Batyra bolmaz gümanyň, gaýratyna gözüň gidýär,
Suha[1] rehimsiz zamanaň, farkadanyndan[2] arz edýär.

Kapyrlaň azary ýetdi, özünden ýetişdi hümmet,
Diline hemaýat etdi, Allanyň dosty Muhammet.

Mustazhyryň[3] özi asyl, batyr ýigit köňül şasy,
Ol Hak pygamberiň nesil, daragtynyň bir şahasy.

---

[1] Suha – Kiçi ýedigeniň iň  körek  ýyldyzy.
[2] Farkadan – Kiçi ýedigeniň iki sany alfa we beta ýyldyzlary.
[3] Mustazhyr -  Muktady Billähiň ogly Mustazhyr Billäh Ahmet. Bu halypa kakasy öldürilenden soň halypalyga geçýär we ýigrimi alty ýyl hökümdarlyk edýär. 1119-njy ýylda dünýäden ötýär.

Dürs ýolun tutup pederiň, soltan boldy ilin söýüp,
Ol hezreti pygamberiň, halypalyk donun geýip.

Haýbat bardyr nepesinde, Hak ýanynda ýüzi akdyr,
Apbaslar neberesinde, onuň dek halypa ýokdur.

Il içre dik tutar serin, möminleň göwün hoşudyr,
Apbas bolsa pygamberiň, doganoglan gardaşydyr.

Ýaranydyr Resulallaň, ensarylar[1], muhajyrlar[2],
Esgeriniň taýpasyna, Aws hem-de Hazraç diýrler.

Dogry ýola gol bulady, ymamlygy ele alyp,
Egri agajy dogrulady, bir gün Resul Huda gelip.

Ine, günleriň bir güni, Merwan[3] nähak geçdi tagta,
Il içinde häkimligi, gitdi onuň ençe wagta.

Köpüň dilegi duş boldy, şatlyk gurşap belent-pesi,
Ýene tagty ele saldy, Apbaslylar neberesi.

Olar hijem eselmedi, hiç kime bolmady bendi,
Mertebesi peselmedi, Uýukdan[4] Semekä çenli.

---

[1] Ensarlar – Pygamber alaýhyssalam Mekgeden Medinä göçüp gelende, oňa ýardam beren medineliler.
[2] Muhajyrlar – Pygamber alaýhyssalam bilen bilelikde Mekgeden Medinä göçenler.
[3] Merwan ibn Hekem – Umawylar neberesinden bolan halypa.
[4] Uýuk (Kapella) we Semeke (Arktur) ýyldyzlarynyň arasy örän uzakdyr. Zamahşary bu ýerde Apbaslylar neberesiniň uzak döwrüň dowamynda hökümdarlyk edendiklerini nygtaýar. Olar Zamahşarynyň döwrüne çenli 400 ýyl, soň hem 100 ýyl, jemi 500 ýyl hökümdarlyk edýärler.

Mekirler duýga duşanda, monjuk düzersiz setirden,
Diňe ylhamyň joşanda, döreýär ajap setirler.

Düzet başda niýet-päli, ilki namaza başlaman,
Meň ilim taşlaýşym ýaly, azan aýtmagy taşlama.

Apbaslyny hem Horezmi, ýürek bilen söýüp gidýän,
Siz bilseňiz men özümi, iki ýere şärik edýän.

* * *

Erkimi elden alan gyz, bar keman getir, tir geldi,
Aşygyn oda salan gyz, kejebäň juda ir geldi.

Kimdir biri gulak salsa, seni şeýle söýermidi,
Maksadyna ýeten bolsa, bagrym beýle köýermidi.

Seredip ýeriň destinden, diýýär: «Bagryňda daş gördüm»,
Hoşlaşdyň nikap astyndan, janym, gözüňde ýaş gördüm.

Gahba pelege el berip, «Bagrymy owsana» diýdim,
Säherler Haka ýalbaryp, «Hesretim kowsana» diýdim.

* * *

«Halkym» diýip gider ünjä, mylaýym, dili süýjüdir,
Tanasaňyz Soltan Sanjar, şalar içiniň täjidir.

Tutan maksadyndan gaýtmaz, baha berýän ulus ildir,
Bişmedik söz asla aýtmaz, özi hem sözi kämildir.

Jan çekdi, maksada ýetdi, başbermez at – syýasata,
Juda ýeňil baş öwretdi, seýislemegi kyn ata.

Hyýaly asmanda gaýsa, oňa şalaň gözi gider,
Ol ýyldyzlara münäýse, şolara-da baş öwreder.

Ulyň-kiçiň ugrun tapar, hiç kesiň göwni bozulman,
Gelip gidýär topar-topar, myhmanlar yzy üzülmän.

Gorkmady, ýaşady erkin, haýasyn elden bermedi,
Öz döwründe başga hiç kim, onuň deý ömür sürmedi.

Kime beripdir peýany, ýalan dünýä nazar salýan,
Saňa göribiň zyýany, degmejegin anyk bilýän.

Waspyňy ýazmasam ýadap, meniň sözümde galat bor,
Sözlerden dokan kasydam, saňa ýapylan halat bor.

Yhlasly nazar salanym, göýä köýnek deý nagyşlap,
Sözledim dile gelenin, hatasy bolsa bagyşla.

* * *

Gije-gündiz pikir-küýüm, sebäbin bilmedim neden,
Nirde bolsa-da öz öýün, küýseýär ekeni adam.

Gyzgyn eretdi, ýalmady, kalbymda gary ýogsa-da,
Kalbym agardyp bilmedi, aýralyk gary ýagsa-da.

Ýatlaryn guba gazymy, aýralyk bagrym köýdürer,
«Gitjek» diýemde özüňi, «Beýle köseme» diýdiler.

Olaryň sesini eşdip, durmadym men elim bulap,
Barybir men ýola düşdüm, bir Taňrydan medet diläp.

Käte-käte gorkýar adam, ýa gül ömrüm solarmyka?!
Hawkala[1] aýtsam günäden, halas bolup bilermikäm?!

Yzymda galdy watanym, ýel geçýär şuwlap deňimden,
Bilýän keserip ýatanyn, kynçylyklaryň öňümde.

---

[1] Hawkala - «Lä hawle we lä kuwwete illä billähil-azym» («Hiç kimde Allanyňky ýaly güýç-kuwwat ýokdur, ähli güýç Allanyň elindedir») diýip aýtmak.

* * *

Uzaga düşdüm ilimden, düýä münüp, gaýtdym bäri,
Çykdym Ramateýn[1] ilinden, Selme[2] hem Rababa sary.

Bu ýeri ümsümlik diňe, söwüt şemala gerinýä,
Bu bagy-bossanlar maňa, gaýgysyz bolup görünýä.

Ýasynda tutdy matamy, il ony jandan söýerdi,
Günler ol sahy Hatamy, dost-ýarlaryndan aýyrdy.

Kazasy dolan mahalda, ýalan ýüregin awadyp,
Göterdi uly mähelle, kejebä münen tabydy.

Uzak durmadym köwlenip, ýyldyzlaryň nury öçdi,
Gijäň tümüne duwlanyp, men ýene-de ýola düşdüm.

Şahyrçylyk kär däl, ykbal, tapyp özüň çäresini,
Hakyky hem hakyky däl, aç, şahyrlaň arasyny.

Saňa Alla nazar salan, hormat edildi şeýle kän,
Hazraç taýpasyndan bolan, ýasribli ýigit mähriban!

Gijelikde el salgadym, duşmak üçin ýolbelede,
Aýakda ysgyn galmady, howpdan ýaňa ýorgaladym.

Çäre tapmadym men asla, soň şygyr ýazdym şanyna,
Umyt bilen medet isläp, bardym emiriň ýanyna.

---

[1] Ramateýn – mekgäniň golaýynda ýerleşýän bir ýer ady.
[2] Selme we Rabab – Mekgä ýakyn ýerleşen ýer atlary. Bu ýerler bagy-bossanlyga bürenip oturan ýerlerdir.

* * *

Dostuň gelse agyp eňki, kömek et, hoş bolup gider,
Biler bolsaň kyn gün çünki, dostlary has ýakyn eder.

Pikiri çuň, özi eziz, zähmet bilen bil ependir,
Abu Japar ajap wezir, yhlasy myrat tapandyr.

Taňry saňa nazar salsyn, ýyllaryň geçsin örtemän,
Döwletiň zyýada bolsun, belentde bolsun mertebäň.

Göýä deňiz mysalysyň, döwlet saňa ýar bolanda,
Özüň arkadag ýalysyň, howp ýok seniň barlygyňda.

Mülk diregi! Hany-manyň, gökden çagba deý seçilse,
Allaň goňşusy – myhmanyň, kabul et, peşgeş eçil sen.

* * *

Şaýat boluň, halym eşdip, awusy paralap teni,
Düýnki gün şeýle kyn geldi, düýnki gün siltedi meni.

Dogan men, size daş däl men, durun ýapynjam galgadyp,
Şaýat boluň baş hyýaldan, başga hiç zady galmadyk –

Bendäň gözüniň ýaşyna, seredip gezip bilermiň?!
Ýa naýynjar bakyşyna, aýt, hany, dözüp bilermiň?!

Ýüregimiň azaryny, şemal geçmeýär sypaman,
Ölsem geliň mazaryma, hem topragymy sypalaň.

Kynlykda aldym her demi, suw düýbüne batdy salym,
Dostlara aýtdym derdimi, göripden gizledim halym.

Ýagşy-ýamany köp gördüm, ömri ötürmedim zaýa,
Pespällikde ömür sürdüm, takwalyk etdim Hudaýa.

Kitapda galar işlerim, awçy dek peýledi meni,
Ykbalyň awy dişleri, ýaradar eýledi meni.

Arzymy kime ýetirin, diýýän ýene meňki paşmaz,
Naýynjar halda otyryn, ganaty gyrylan guş men.

Gitdim nätjek agzym gurap, ýokuş degse-de janyma,
Bardym ýarama em sorap, Mujyr ad-döwläň ýanyna.

Minnet edip, kesdi ýolum, derdimi aýdan halatym,
Bejermän gaýta ykbalyň, gaňyrdy döwen ganatyn.

Gaýtdym men hiç ýere barman, gamdan dolup-daşyp ine,
Geldim soňra çekip arman, çarwalaryň işigine.

Ajap olaryň gylygy, sözlesem ýagşy beýandyr,
Çarwalaryň adyllygy, yklym içre-de aýandyr.

Işi öz göwnüne jaýdyr, göze görünmez teşwüşi,
Il halyna biperwaýdyr, bollukda ýaşaýan kişi.

* * *

Döwlet diwanynyň emeldary päk[1],
bolsa, hökümdardan hiç gorkusy ýok.

Dogry pikir aýdar ýagşy geňeşdar,
Onuň sözün hiç kes eýlemez inkär.

Diwana gelmese, çagyr emeldar,
Gelse, onuň sözün ederler ykrar.

Pikirne uýarlar, ol göýä ymam,
Uýmak dogry ýola salar bigüman.

Hökümdar galp, gara bolmasa eger,
Hemme oňa sylag-hormat ederler.

Galplyk etse, halk bähbidin eder har,
Düzüw bolsa, iliň bähbidin gorar.

Ony diňe zaýa eder mülki bar,
Zaýa etmez mülke kim biygtyýar.

Mülk sary at süren alar ýagşy at,
Onda hökümdarlyk hem bolar şöhrat.

Mülk meýdanda duşar öz adamlary,
Berip biler ile köp ýardamlary.

[1] Çeper terjime eden Atamyrat Atabaýew.

Emeldar göýä ki, süýji çeşmäniň,
Başyndadyr, halasgäri teşnäniň.

Keýikler suw içmä gelerler çeşmä,
Rehimdar bolmasa, haýry ýok teşnä.

Gör ahyr, rehimden umydygär men,
Döwür duzak guryar müň hile bilen.

Ýüregi daş kesden edýärin wehim,
Ondan neneň umyt eýlär men rehim?

Keramatsyz, söze düşmez nadana,
Haraý isläp, ýüz tutarmy heý dana?

Eý, emir! Bir sende mukaddeslik bar,
Sen gepe düşünýäň — kalbyma karar.

Beýle gözel bolmasa-da waspnama,
Seni taryp edip, ýazýaryn nama.

Gutlaýan Mährejan[1] baýramy birlen,
Hak, oňa bagt bergil, tarypy bizden.

Kuwwat bergin sasanylardan belent!
Eý, emir, sen bu gün baýramy beýgelt.

Bu toýy aýdymdyr, saz birle beze,
Şatlyk hemmä ýetsin, nur çaýsyn ýüze.

---

[1] Gadymy döwürlerde güýz paslynda berilýän hasyl baýramy. Bu baýram esasan Orta Aziýada meşhur bolupdyr.

Baýramda şatlanmak Pygamber däbi,
Özüňem şat bolgun il gülen çagy.

Duşmanlarňa, göriplere göz eýläp,
Ýyldyz ömrün ýaşan indiden beýläk.

Sen säheriň ýiti şöhlesi ýaly,
Şöhratyň nur saçýar Aý-Gün mysaly.

* * *

Bil Zeýneli-eýimme[1] mydam gaýgyda,
Ezelden berlendir oňa alada.

Bar bolsa dünýäde näçe-näçe jan,
Ölüm elne düşmän galarmy ynsan?

Ötegçi dälmidir her bir jan munda,
Ölüm daş atmazmy ýoldan ötende?

Näçe pitne ýatyryldy pesinden?
Ilat gaçyp gitdi toýnak sesinden.

Näçe şäherleri hökümdar-u han,
Ogullarna paýlap — etdiler engam?

Gör näçe hökümdar hakynda gybat,
Ýaýradyldy göýä ki, bir hakykat.

Niçe-niçe adyl hökümdarlara,
Gödek aýp ýöňkelip, sürtüldi gara?

Eýsem, Yrak hakda seniň öwgüli —
Sözleň, neçüýn ýalan söze öwrüldi?

Goýmadymy ýaman sözler ol ýerde,
Her çadyr dikeni bir ýowuz derde?

---

[1] Bu söz ymamlaryň zynaty diýen manyny aňladyp, bu lakamyň haýsy ymama ýa-da alyma degişlidigini anyklap bolmady.

Her etrapda bolsa hernäçe ynsan,
Etmedimi ýyllar ýer bilen ýegsan?

Önelgesizligi Şiraz gyzlarna,
Ýagşy eneler miras goýdy yzlarna.

Oba-şäher ili pitneden gaçyp,
Goýmadymy ýurduň boş-alaň-açyk?

Ryswa bolmadymy köp asylzada,
Dälmi eýsem bu Taňrydan erada?

Bag-bossanda gutlag sesi Yrakda,
Ýene-de şadyýan çykýar bu çakda.

Zamananyň azysyndan howp eden —
Amanlyk, howp arasynda derbeder.

Kyn günden soň, ýeňil günler gelýändir,
Ol hem Taňryň erki bilen bolýandyr.

Keç ykbalyň bet oýnuny görenler,
Neçüýn ony Taňrysyndan görerler?

Ukudan oýanar Horezmin ýene,
Bagt guşy şat saýrap, gonar üstüne.

Oň asuda gijeleri seýilde,
Görersiň il-halky täze geýimde.

Ýene-de ýurdumyz giň lybas geýse,
Giň lybas bedeni gysarmy eýse?

Hudaýhon takwalaň yzyndan ýörseň,
Azaşmarsyň, dogry ýola düşer sen.

Günä kylsaň, bor sen azaba duçar,
Günäde şumluk hem betbagtlyk bar.

Gör, deňiz köpügin kenara zyňýar,
Hapa köpürjikden deňiz-de bizar.

Ünsli adam zyňyp taşlar köplügi,
Köpüge üns bermez adam köýlüsi.

Sen erjellik bilen köňlüňi päkle,
Günä köpüginden özüňi sapla.

Ýogsa günä köpürjigne bulaşyp,
Kän azap çekersiň, derde ulaşyp.

Sen saýa tapmarsyň günä çölünde,
Otlara köýer sen magşar gününde.

Günäniň çölünden toba birlen çyk,
Tobadan dänmeseň, ýollaryň açyk.

Nebse eýermekden tagat azlygy,
Nebs döredýär bozuklary, azgyny.

Takwalykdan ýagşy hulk ýokdur, eý, jan,
Bozuklykdan asla haýyr ýok, ynsan.

Ýagşyzadalardan galdy takwalyk,
Ýagşy ahlaklyda bolmaz ryswalyk.

Ýagşy adamlar ahlak birlen ýagşydyr,
Asylly işleri — älem nagşydyr.

Eger-de kimde-kim bolsa hökümdar,
Olaň garşysyna haýynlar hem bar.

Meni Mekge jülgesine, eý, Taňrym,
Ýetirgil, kän gelip kylaýyn tagzym.

Taňrym, sensiň bize ýagtylyk beren,
Goňşyň goňşularna eýlegil kerem.

* * *

Hyýalym ulag münüp, aýlandy Nejde,
Ol Hakyň nuruna, eýledi sejde.

Parhy ýok ol haýsy ýana ugrady,
Nirä barsa, gözýaş hakda sorady.

* * *

Azaşanyň ulagyna bakdylar,
Gözýaş suwy bilen suwa ýakdylar.

Gaşlaň buludyna örtülgi gözler,
Şoň üçin ol pany dünýäni görmez.

Käte ýyldyrym deý ot açýar demler,
Gök gürrüldä meňzäp, güňleýär ýerler.

Bärde mollatorgaý etmän şikaýat,
Baş yrap, aýdyp dur täze hekaýat.

Eý, Taňrym, köňlümiz götergil beýge,
Bagt ýyldyzyn dogrup, bagtyýar eýle.

Saňa ýakyn durmak bize mertebe,
Mertebä ýetirmek Seň emriň bile.

Sen bize eliň aç, eýleýäs umyt,
Nä umyt goýmagyl, dälsiň Sen husyt.

Tapylaýsa umyt edýän zadymyz,
Gök gürleýşi bolar köňül şadymyz.

Seniň umyt edýän zatlaryň bizden,
Garyp dilegi deý bitermi, bitmez?

Togsan ýola açyp-ýumup boş elim,
Soňra öz göwnüme geňeşdim telim.

Gel, köňül, gözläli emir saýasyn,
Göreňokmy, açyk onuň aýasy?

Belki, ol sahylyk işigin açar,
Sahynyň köňlünden gysgançlyk gaçar.

Ol Horezmiň sahawaty känmidi,
Ol gülkünç, gaty gol, gysganç dälmidi?

Indi sahy boldy onuň ilaty,
Ýerleri gül açdy, asmany ýagty.

Waspyň edýän öz bendäňi, Biribar,
Umydyndan mahrum eýleme zynhar.

Seniň beren nygmatlarňa şükürim,
Mydama Sen hakda oýum-pikirim.

Sen oňa boýnunda düwülen düwni,
Çözmäge kuwwat ber, ynjalsyn göwni.

Sen diýp ýola çykan bendäňi, Sen-de,
Maksadyna ýetir, şat bolsun bende.

Munda pes etseň-de mertebesini,
Magşarda beýik kyl, söýsün ol Seni.

Belent mertebäge dalaşýanlaryň,
Pällerin pes kylgyl, Perwerdigärim.

Erkinlik guly bol, guluň erkini,
Goý, ýetirsin Hak myrada her kimi.

Ol şir ýaly güýçli, bat alyp, bökýär,
Bir bökende äpet öküzi ýykýar.

Çar ýandan gezelen gylyç ýaly ol!
Depäňden iýnäýýä duýmazdan owal.

Ol mylaýym, şirin, göýä ki şerbet,
Gahary gelende, ot ýaly erbet.

Kalbyna bir uçgun düşse, şol demde,
Ot ýaly tutaşar, durmaz ol çende.

Ýüzünden görünýär asyllylygy,
Sözünden görünýär akyllylygy.

Kim belent mertebe islese eger,
Goý, şoňa meňzesin, peýdasy deger.

At çapyşyk gurnaýar ol aýlawda,
Tomaşaly toý gününde-baýramda.

Saňa berşi ýaly engam hem sowgat,
Sen hem oňa öz şygryňy bagyş et.

Ýagşylardan ýagşy, ýagşylyk şiri,
Ol Allanyň nazar eýlänniň biri.

* * *

Ýalta hergiz per düşekde ýatanda,
Ýatsam diýr, hyýaly ol Farkadanda[1].

Meşikdäki galan şeraby çaýkap,
Içip, «ýene» diýip urarlar köp lap.

Her kes ajy kahwa[2] içen pursady,
Öz ýanyndan eker süýji bolsady.

Saky derman diýip, şerbet getirer,
Hökümdary ýaman güne ýetirer.

Uzyn boýunlynyň başynda, derhal,
Boýnun güjeňlemek arzuwy hem bar.

Kim mülküni gatyşdyrmak islese,
Özün hesret howuzynda gark ede.

Päk gyza dür monjuk, tarp ýere ekin,
Ýaraşýandyr, muny goý, bilsin her kim.

Uklamak höwesi bardyr kirpikde,
Tabynlyk ahyry turuzar pitne.

Köki bilen köwlemeseň töhmeti,
Ýene ösüp çykar, gelse möhleti.

---

[1] Farkadan-Kizi Ýedigeniň iki sany ýagty alfa we beta ýyldyzlary.
[2] Kahwa-Kofe.

Azaşanda dogry ýoly görkezmek —
Şol dälmidir oňa hemaýat bermek?

Teşneler suw diýip, çapar salgyma,
Soň gynanar pelegiň bu alyna.

Näçe argaç bolsa möý kerebinde,
Şonça hyýal bardyr adam serinde.

Sen tohumy hapa suwa suwarsaň,
Eýsem-de, päk miwe alarmyň onsoň?

Güler aldanana aldawçy kişi,
Aldanan biçäre çeker teşwişi.

* * *

Meger, men bu gije ukusyz galdym,
Niýet ýyldyzym deý dogry hyýalym.

Ol hyýal ýyldyzym ýaşsa eger-de,
Başga ýyldyz bolup dogar ýokarda.

Ýyldyzlar öçse-de, öçmedi hyýal,
Soňra şapak ýaly göründi ol al.

Hyýal şöhläm umyt eýläp şahyma,
Kemmedi barýançam dergähine.

Sadrylmülki saýlan şalar içinde,
Päk niýetli goş basdym oň işiginde.

Tarypymy alyp geldim, bu waspa,
Deňizler duş gelse, düşerdi basga.

Eger bu şygyrlam eltse hözire,
Wasp ýazardym men Muhammet wezire.

***

Nyzam ogly Nyzam wezirlik hakda,
Çeşmeden diýp, hadys aýdýar bu çakda.

Ata-babalarnyň wezir emelin
Gurnaýşy hakynda aýdýar ol telim.

Geçmişde bu emel atadan ogla
Miras geçer eken agtyga soňra.

Diýmek, mülküň kükregin bu nebere
Bezäp gelýär, ynansak dürs habara.

Onuň belent mertebesi Hudaýyň
Razylygy üçin nur saçar daýym.

Ol ýurduň bar etrabyna seredýär,
Hem adyllyk bilen hökmün ýöredýär.

Ýeňiş meýdanynyň ajaýyp şiri,
Hindi gylyjyna ussadyň biri.

Ol ädimni uzyn edende herhal,
Duşman ädimini gysgaldýar derhal.

Şa hem wezir bir çyzyga birigýär,
Olaryň jemine birlik diýilýär.

Söweş meýdanynda gyzanda gany,
Şir deý towsup, ejizledýär duşmany.

Onuň pikir-oýy mülküň ýabydyr
Mülk suwarýan oň aňynyň abydyr.

Şöhlesi şalara tarap ýöreýär,
Saýasy raýata serginlik berýär.

Mynasyp Gündogar şasy bolmaga,
Başdan-aýak saýa salýar hemmäge.

Goňşulara jepa bolmasa, onuň
Şöhlesi tutardy kuýaşyň öňün.

Ýurt asuda boldy adyllygyndan
Bu ilde hemmeler dost ýa-da dogan.

Adalat bezänsoň bu ýurdy ýene
Haraba öwrülýär gözel şähere.

* * *

Hindi gyljyn almaz ol ýöne ýerden,
Adat şeýle — ýigit bolsa edermen.

Gylyç gynda bolsa — onuň arzuwy,
Gylyç gyndan çykar — gelse bir ýagy.

Geçirim etmese — eýleme perýat,
Deriňi sypyrmak oň üçin hiç zat.

Keýik ajap jandar bolany üçin
Göriplik bar gözlerinde ýyrtyjyň.

Iki gara gözi gülüp garaýar
Bir göz beýlekini tiz jadylaýar.

Gyljyn çalyp, oňa garap ýylgyrýar,
Ýylgyrsa, gylyjyn gynyna salýar.

Gyn meniň bagrymda bolýar kämahal
Şonda ýürek bagra eýleýär gahar.

Synmazdy Hasanyň döwleti eger,
Adyllyk bar bolan bolsa, hemmeler —

Kapyrlar-da ybadata gelerdi,
Adyllyk saýlaýar namardy-merdi.

* * *

Uzyn-uzyn söhbet bolsa kitapda,
Öwrenmek kyn düşýär — galmaýar ýatda.

Esassyz bolmaýşy ýaly her mülküň,
Sözümde esas bar — bolmagyl müňkür.

Mülk binýadyn guran — mülküň ýüregi,
Hökümdar ol mülküň sütün-diregi.

Gaharlansa, ol gaharna daýanýar,
Gaharna guwansa, nebsi oýanýar.

Emeldarlar ýurt diwanna jem bolup,
Gopbamlyga kasam edişen bolup,

«Biz gopbama gulluk edýäs» diýdiler,
Şeýdip, bir gün galat ýola uýdular.

Beni Bekr urugynyň adamy
Myhmansöýer — sen hem olary tany.

Ussaň naýzaň ujun ýitileýşi deý
Ol hem niýetini tiz ýitilegeý.

Öwýänler çarwada, şäherde hem bar,
Olar öwülýäni kyn güne goýýar.

Akyl — ýykgyn etmez hiç bir mezhebe,
Maňa ýakýar bu häsiýet — mertebe.

Adalatyň mekanydyr Horasan,
Adalat yzlaryn ýurtda gör, ynsan.

Näçe gowy garaýyşlar aýdylýar,
Döwrebap bolmansoň, ret edilýär.

Taňrym, bagtyýarlyk şöhlesin saçgyl,
Rehmet et, Horezmiň bagtyny açgyl!

Bölünşi deý gijäň säher-serhetde,
Bölege bölünýär soň uly pitne.

Esger elne güýç berşi deý naýzanyň,
Anyklyk güýjüni artdyrýar aňyň.

Eý, mülk ýardamçysy,[1] seniň aladaň —
Hormatyň, mertebäň dursa abadan.

Ýardam isläp, geçen tomus men seniň
Dergähiňe hyzmat etmäge geldim.

Seň ýoluňda egin-eşikler soldy,
Ýolda ajap adamlar hem duş boldy.

Saňa taryp bilen hyzmat edermen,
Zaman aýdymlarna wasp düşdi ýelden.

Seň zamanaň hakda sözlenen wagty,
Her bir sözden ösýär many daragty.

---

[1] Bu ýerde Nyzamylmülk göz öňünde tutulýan bolsa gerek.

Mejlise asylly seýitler geldi,
Gündogar ilçisi şaýady boldy.

Bu şanly mejlisde umytly sözüm
rowaç alandan soň, ýagtyldy ýüzüm.

Ýöne seň mertebäň janlandygyça,
Dünýäniň şalary bahyldyr şonça.

Emir ýardam bermek islese eger,
Yhlasyňy engam berip, täzelär.

* * *

Bu gün her ýürekden siz sorap görüň,
Gyzgyny sowapdyr kän bagyrlaryň.

Geliň için ýakyp ähli bahylyň,
Lezzetlerden paýymyzy alalyň.

Bagt daşy-la rowaç myhyny kakdym
Hak, işim rowaç et, ýoluňa bakdym.

Islese Hak, bendesinden daş durmaz,
Ony Öz ýolundan Ol azaşdyrmaz.

Düýä münüp jülgä geldim, ýaz eken,
Guran agaç gögeripdir täzeden.

Çopantelpek hem ýylgyrýar, saçýar nur,
Gök gamyş şemala ygşyldaşyp dur.

Kepderiler suw başynda daranýar,
Boýnundaky bezegine guwanýar.

Soň gelsem, ol ýetim ýaly bolupdyr,
Gelip, oňa kürtler talaň salypdyr.

Rahat bolsa goňşyň jahanda eger,
Bossan deýin gelenleri şat eder.

Eger-de kyn günler gelse başyna,
Hemaýatçy bolýaryn men goňşyma.

Söweş gyzyşanda ýardamçy gelip,
Ejizledi kürtler kyn güne galyp.

Çünki, agzalalyk gidip aradan,
Gelip, taýpa-taýpa berdiler ýardam.

Emiriň emrinden birleşdi ilat,
Ol iliň guwanjy, halk hoşal hem şat.

Il içinde hormat-sylagy bardyr,
Emir sahy bolsa, il bagtyýardyr.

Taryplana sowgat-serpaýlar salýar,
Öňki sahylardan görelde alýar.

Sahylygy göýä joşan ýaly sil,
Dag ýeli deý hoştap, hoşal ondan il.

Ondaky bar bolan arassa ahlak,
Ata-babasyndan miras–emläk.

Aň ýadaýar ylym aljak bolaňda,
Göwre ýadar adam beýge galanda.

Wezipä daýanyp hormat gazanman,
Pespäl bolmak bilen beýikdir ynsan.

Döwletlilik däldir jeň odun ýakmak,
Döwletlilik — uruş odun togtatmak.

Pikir, oýlar bilen manylar berkdir,
Çadyr üçin ýüp hem gazyk gerekdir.

Öz wagtynda bitse ýagşydyr wada,
Oň şeýle bolmagyn islär Alla-da.

Birewiň hormaty bolanda belent,
Göripleriň köýýändigne men belet.

Olar  garşysyna hile gurarlar,
Hormata gaýa dek böwet bolarlar.

Olaryň elleri, dili, gylygy
Endik edinendir duşmançylygy.

Görip çekirtgesi hormatly kesiň,
Çar ýanyndan uçup, bes etmez sesin.

Şir dek görselerem hormatly kesi,
Ony awlamakdyr olaň höwesi.

Awlamagy niýet edinip şiri,
Ýolda busup ýatmak olaň dessury.

Özün ýitirerler şir gelse eger,
Her kim çakyn bilse ýagşydyr, meger.

Kim çakyndan çykyp, hetdinden aşsa,
Oňa bagt däl, heläkçilik garaşar.

Kirpikler kirpige gatyşar ermiş,
Uky gözden paýym alsam diýermiş.

Dilewar söz aýtdym, suhangöýligme,
Göribe ot düşdi, begenmäň ýerne.

Allam ýardam berse, çakmak daşymdan,
Uçgun çykar gözümden hem gaşymdan.

Gyna gylyç bilen tapyşmak bagtdyr,
Maňa Hak tagala ýapyşmak bagtdyr.

Gelmek meniň üçin Seniň ýanyňa,
Girmekdir ol diňe bagt bossanyna.

Goýup men Gürgenji gijäň teýinde,
Jeýhuny gizledim dünýäň tümünde.

Weziri taryplap, alnan dinarlar,
Üstümden tankytça arz ýazýarlar.

Tarypyň ýalynjaň nagmasy — öwgi.
Diňlänlere şatlyk, göterer göwni.

Wezir mertebeli, oň mertebesi
Deňizdir, şandyr oň köpügi, sesi.

Bu öwgüde ýaranjaňlyk, ýalan ýok,
Çyn mertebe hiç wagt ýalan bolan ýok.

Ýagşy kesi taryplamak hökmandyr,
Garyp ýagşy kesi bezeýän haldyr.

* * *

Agaç ýapraklary guraýar, solýar,
Döwlet babatda hem bu şeýle bolýar.

Bir döwlet ýyldyzy öçäýse eger,
Başga bir döwletiň ýyldyzy dogar.

Kän atań nesilsiz döwleti synýar,
Olar göýä guran agaja dönýär.

Öýünde baş bolup bilmedik ymam,
Onuň ile baş boljagna kän güman.

Eger öý sütüni bolsa ki yslam,
Berk durar ol baky synman, ýykylman.

Dogrulyk myhyna çekilen çadyr
Bolsa, oň gozganman durmasy bardyr.

Yslam öýi tokaý, şiridir alym,
Şol ýerde hökmüni ýöreder — mälim.

Şiriň dyrnaklary tygdan-da beter,
Penje ursa, uran ýerini ýyrtar.

Mydam söweşmäge gorap öz dinin,
Uly goşun erkindedir emiriň.

Garakçydan gorap, sorap halyny,
Rowan edýär hajylaryň ýoluny.

Eger-de garakça gahr etse emir,
Jellat gyljy olaň başyny gemir.

Ýöne ýiti gylyç ýersiz bir ýere
Gynyndan çykmasyn, batmasyn sere.

Alymlar ylyma yhlas etseler,
Yhlaslary köýmez, peýdasy deger.

Nadanlyk tümüni ýagtyldar ylym,
Şöhlesi hem nury — zerurdyr, biliň.

Göwresin hem ýüzün guradar nebsiň —
Takwalyk, goý, ony hemmeler bilsin.

Ýaňy dogan Aý dek dünýäň lebleri,
Ymsyndyrýar galbaň, ter mämeleri.

Olaryň etlerin iýdi ybadat,
Indi süňkden hem deriden ybarat.

Sežde etmekden hem rukugdan[1] ýaňa,
Bil büküldi, tagat ýeňil däl hemmä.

Durky bilen ybadata berlenler —
Elmydama ybadatda görnenler.

Ummat ymamlary halka görelde,
Ymama uýýandyr musulman bende.

---

[1] Rukug — namazdaky eglim.

Ymam öwüt-ündew ile, wagz ile
Her diňläni bakdyrýandyr agzyna.

Ymamyň çykaran dürs pitwalary
Monjuga düzülen dür-merjen ýaly.

Iň bir ownuk meseläň hem çözgüdin,
Tapyp, açýar olar köňül çözgüsin.

Gurhandan, hadysdan delil aldylar,
Möminleň kalbyna nagyş saldylar.

Ygtybar söz — ymamlaryň hormaty
Hem abraýy, hem sylagy, gymmaty.

Berjaý eýle aýdan sözlerin, wagzyn,
Yhlas eýle ybadata, kyl parzyň.

Yhlas edip gije-gündiz, bil muny,
Özleşdir sen olaň goýan ylmyny.

Bu dünýäniň özi göz edilýän ýurt,
Ýol uzakdyr, ýol azygyň taýýar et.

Sogapdyr, ýatmazdan okagyl namaz,
Soňra saňa onda rahat ýatmak bar.

Goý, amal depderňe ýazylsyn jennet,
Soň sen onda baryp, bossanda seýl et.

At deregne münbere mün, eý, kişi,
Şonda borsuň köp atlaryň seýisi.[1]

Ýagşy adamlara eýlegil telwas,
Öňkiňden hem ýagşy bolarsyň sen has.

Eger ki, bir kesde ýagşy ahlak bar,
Hem Taňry, hem il-gün bolar minnetdar.

---

[1] Bu ýerde münbere çykyp adamlara wagyz,
Et, şonda sen kip adamy dogry ýola salarsyň, seýis bolarsyň diýilýär.

* * *

Adamdan doldurar şa töweregin,
Barçaga täk özi hüjm edýär ölüm.

Hökümdar ýanyna toplasa esger,
Ölüm ondan gorkman, arkaýyn gezer.

Ger, takwalyk bolsa kimsäniň ýüki,
Bolmaz onda ölüm ýüpünden gorky.

Menzil yrak, çykan saparyň alys,
Ýol şaýyňy ýagşy tutmaga çalyş.

Sen awçysyň, tagat awuňdyr seniň,
Yhlas et, şow bolar awy mergeniň.

Taňry senden ertiriň däl, şu günki
Tagatyň soraýar, onda-da sen ki.

Ertäň däl, şu günüň rysgyny sora,
Rysk berer ýalbarsaň gudtaty zora.

Hak erkine tabyn bolup, üstüňe
Öz bagt ýyldyzyň dogmagyn dile.

Hakdan zat sorasaň çyn yhlas bile,
Berer, bermez diýip, şübhe eýleme.

Hergiz üzme umydyňy rehmetden,
Şonda iki dünýä bagtyn tapar sen.

Bu dünýä ýyrtyjy ýolbarsdyr misli,
Sen ony hiç haçan etmersiň ekdi.

Kim bolsaň-da, asla parhy ýok oňa,
Bir gün penjesini urar başyňa.

Ol hiç kimi sylap goýmaz jahanda,
Şa bolsaň-da, paralar ol gaharna.

Jeňlerde ýeňildi näçe hökümdar?!
Olaryň goşuny boldy tary-mar.

Kä haýynlyk bolup söweş gyzanda,
Näçe şalar şehit boldular munda?!

Adam keýik kimin täleý elinde,
Keç ykbaldan heläk bolýandyr günde.

Welit ogly Halyt batyr ýigitdi,
Ykbal sylamady, dünýäden gitdi.

Eger batyr diri galsa jahanda,
Halyt Welit baky bolardy onda.

***

Ýüregiňde döräp täleýi keçlik,
Eýleýär teniňni eleme-deşik.

Gitdigiçe güýjäp ol günden-güne,
Betbagtlyk gam salýar adam göwnüne.

Keç ykbal diňe bir ýüreklerde däl,
Ýüzlerde-de yzyn galdyrýar derhal.

Oň derdinden gözýaş akyp dideden,
Hasrat bagyn suwa ýakar, ideder.

Munda kimiň güni şat geçse eger,
Göripleriň bahyllygy güýçlener.

Kim ýasda-hasratda sabr etse eger,
Oňa oşol günde sogaplar berler.

Agy bilen öli dirilse eger,
Merhum turup, saňa: «Sesiň goý!» diýer.

Bu pany dünýäde baky däl ynsan,
Taňry ondan talap eýleýär yhlas.

Mal-dünýä diýp adam bolýandyr heläk,
Çünki, bu pelegiň talapkäri täk.

Zamananyň täsir-derdinden başga
Ataň ölmi ýaly ýas düşer başa.

Atań-arkań, özge garyndaşlaryň
Egniň, eliň seniň ýakyn-daşlaryň.

Olar bir agajyň kökleri misli,
Bir-birewe baglap goýandyr asly.

Her bir äre nebs gazanjy al salar,
Pyglyn bozjak ata mirasy bolar.

Saňa kän wagt ýetmez abraýy atań,
Mert adamyň özi abraýy agtar.

Haramdan çekilmek — takwanyň görki,
Haramdan daş dursań, abraý seniňki.

Sabyr danalygyň nyşany, bilseň,
Olara eýerip, sabyrly bol sen.

* * *

Wezire aýt, eger bolaýsa üstün,
Göribe garşy ol baýdagyn diksin.

Maksadyny öwrensin oň hemişe,
Pälin bilip, ýol bermesin etmişe.

Bahylyň boýnuna, aýagna gandal,
Arkasyna hile gamçysyny çal.

Wepaly söweşýän öz esgerleriň,
Gadryn bilip, Taňryýalkasyn bergin.

Gözüň ýumup, uka düşseň, bigüman
Olar seni gorar gözlerin ýumman.

Haka dileg salsaň, möhümiň biter,
Bu işi baöarmaz ýüz müňläp esger.

* * *

Mertebe hem taryp donuny geýip,
Şöhratparaz ile görner bezenip.

Şöhrata beslenen öz geýimlerne
Guwanyp, bat berer özüne herne.

Şöhraty pul döküp, satyn alýandyr,
Soňam galp şöhratdan peýdalanýandyr.

Hakyky üstünlik işe, yhlasa,
Baglydyr, maglum ol her aam-u-hasa.

Her sarpaly adamyň öz çakmagy
Öz-özüne uçgun bermezmi dagy?!

Saňa öwgi-alkyş bolsun, Biribar,
Işlermizi rowaç eýle, ýa Jepbar!

* * *

Eý-ä, Mekge! Saňa küýseg zor boldy,
Höwes meni alys ýollara saldy.

Gaýrat düýäm bilen ýöneldim saňa,
Ol güýçden gaçsa-da, men geldim saňa.

* * *

Döwlet şirimiziň balasy bardyr[1]
Ol göýäki arslan neslidir batyr.

Oňa ýönekeý bir tünek[2] däl, eýsem,
Hormat jaýy[3] zerur — dogrusyn diýsem.

Kuraýyş neslinden ýigidiň asly,
Awa çyksa, özi bolar öňbaşçy.

Goşun ruhun götär çeper söz bile,
Sözleri şygyr deý gelip dur dile.

Ol ussatlyk bilen girende jeňe,
Dilinden, elinden duşman eýmener.

Deňiz ýaly möwjäp, joşanda ol är,
Pikir köpüklerin kenara zyňýar.

Öwýär ony şahyrlaryň sözleri,
Kör bolarly göripleriň gözleri.

Şir nesli nesilden nesile geçip,
Onsoň şir ahlagyn almasyn niçik?!

---

[1] Bu ýerde kimiň göz öňünde tutulýandygyny anyklap bolmady.
[2] Bu söz aslynda zyndan manysyny berip, bu ýerde ýönekeý öý göz öňünde tutulýar.
[3] Bu ýerde uly wezipe göz öňünde tutulýar.

* * *

Eý, abraýu, hormat, şöhraty şany
Öňden bäri göterlen mülk çopany![1]

Indi seniň şyh-ymam Abu-Sagda
Minnetdar bolmagyň gerek bu çagda.

Göýä bir üzülmez ýagyş-u-ýagmyr,
Ýardamyňy onuň üstüne ýagdyr.

Ýiti gylyç diňe gynyndan çykyp,
Biler söweşlerde şöhratyn tapyp.

Ol hem öýden çykyp tapdy şöhrat-şan,
Diňe il-gün bilen beýikdir ynsan.

Mertebeli adam kändir dünýäde,
Käsiniň abraýy beýikdir juda.

Ýöne hiç biriniň mertebesi hem,
Oň abraýy bilen bola bilmez deň.

Her kes öwünse-de öz işi bilen,
Onuň işi agdyk waspy ýeterden.

Ol işine örän erjel ýapyşýar,
Yhlasyna görä, maksadyn tapýar.

[1] Bu ýerde patyşa ýa-da baş wezir göz öňünde tutulýar.

* * *

Magryp-maşrygynda beýik Allanyň
Iň söýgüli ýerdir dogduk mekanyň.

Beýle diýmek bilen, özge ýerleriň,
Abraýyn peseltjek bolýan däldirin.

Kemsidýän öý, öý däl azat adamy,
Durmuş däldir bolmasa ol kadaly.

Rahatlyk ýok ýerden giderin-de men,
Alys, rahat ýerde tutaryn mesgen.

Çatma, çadyr dikip bir rahat ýerde,
Ýaşaryn hor bolup, galsam-da derde.

* * *

Eý-ä, dostum, bagtly bolmak islegim,
Ýöne: «Bagtly etjek men» diýýär nebsim.

«Nebis meni bagtly edermi eýsem?»
Şu sözleri baryp dostuma diýsem.

Dostum diýdi: «Nebsiň al salar saňa,
Bagtly boljak bolsaň, ýanaşma oňa».

Allanyň öýüni söýen bende men,
Ony küýsäp ötdüm ençe menzilden.

Aşygyň magşuga ýetişi ýaly,
Ahyry tapdym men ondan wysaly.

* * *

Üstün gelmek merdiwana dyrmaşyp
Bäsdeşler ýör bir-biregi süsüşip.

Üstünlik saparna çykan kişiler
Ahyry köşeşip, ýükün düşürer.

Meň üstünlik hakda arzuwym bolsa:
Taňrym maňa rehmet nazaryn salsa.

Umydym umytly zada ýetmäge —
Hyýal edýär oň perinden tutmaga.

Başga umytlardan düşsem-de jyda,
Rehmetden umydym üzme, ýa, Huda!

* * *

Dergähiňe ýüzüm tutup, Ýaradan,
Arz edýärin kalbymdaky ýaradan.

Hesretim derdini köşeşdir, Jepbar,
Çünki, diňe Sende jana şypa bar.

Özüň maňa ýakyn eýle Käbäni,
Daş ataýyn, yrak etgil şeýtany.

Käbe ýakyn bolsa, daş bolsa şeýtan,
Şu iki zat maňa ýeterlik, Rahman!

* * *

Mülk täji ýekedir, bu täji başa
Geýmez diňe onuň Özünden başga.

Niýet-gyljyň tygy ýaly öňdedir,
Pikir-naýzaň sapy ýaly soňdadyr.

Eger ki gazaba münse hökümdar,
Gazabyndan ýürekdir kalp eýmenýär.

Gadam ýere agram salsa dag kimin,
Haýbatyndan gorkup, titreýär zemin.

Şa raýata gahar bilen bakmasyn,
Taňrym onuň gazabyndan saklasyn.

Zulum üçin ýa adalat babatda,
Gylyç gyndan çykar iki halatda.

Zulum wagşylykdyr, zalym wagşydyr,
Wagşydan halk uzak dursa, ýagşydyr.

Adalat — mähirdir, adyl — mähriban,
Mähribana golaý durýandyr ynsan.

Zalym iki dünýä azap eýesi,
Mähribanlar bolar sogap eýesi.

* * *

Owalbaşda oýun-güýmenje, şatlyk,
Boý alan daragt deý gülledi ýaşlyk.

Ýaşlygyň hyjuwy gitse-de bilden,
Kalpda dur, aýrylyp gitmeýär bizden.

Dury bolmasa-da ýaşlyk çeşmesi,
Ondan içmek lezzet, men oň teşnesi.

Her günde men şat etmesem göwnümi,
Hasaplaman ony ömrüň bir güni.

Deň-duşlarym bilen dostlaşan günlem
Ýagşy ýatlamamda — unudyp bilmen.

Ýaşlygymy ýatlamda men armanly,
Tüýküligim ýuwdýan ajy derman deý.

Elde taýagymy gylyçdyr öýdüp,
Gezerdim her dürli oýunlar edip.

Her günde kän hyýal aňyma geldi,
Olar kalbyma kän gozgalaň saldy.

Wagt häzirem öz erkime goýmaýar,
Özüne hem ýigrenç, hem yşk oýarýar.

Synag guşagyny salyp, synaýar,
Ömür ýoly hem ýadadýar, gynaýar.

Yhlasymyň bir gün büdräp gitjegin —
Inkär etmeýärin meni ýykjagyn.

Bagt guşum, gam iýme, bolma bitakat,
Kän ýagşy wadalar berýär maňa wagt.

Wagtyň wadasyny etseň-de inkär,
Wadasyn ýassyk deý başyňa goýýar.

Bilip goýgul, wagtdan soňky gaçalgaň
Topragyň astydyr, biçäre ynsan.

Her hal nesýe zatdan nagty ýagşydyr,
Bisarpa tutmasaň wagty, ýagşydyr.

Ýöne ýagşy güni arzuwlanyňdan —
Aýrylma şu garyp güzeranyňdan.

* * *

Iki çägiň arasynda durýansyň,
Ýa öwülýänsiň, ýa ýazgarylýansyň.

Allaň ýüklän ýüki her hökümdara:
Salmaly yslama ol goýry saýa.

* * *

Hökümdaryň gaznasynda barça zat-
Oňa goýlan amanatdyr, amanat.

Hak yrzasy üçin ýörişiň seniň
ýörişin ýatladýar bir gandallynyň.

Aýagyň gandally şu halyň bilen
Ýene ata münmek isleýärsiň sen.

Il içrinde bardyr şeýle hekaýat:
Özüne demir don dikindi Dawut.

Soň Süleýman ibni Dawut mugjyza
Görkezdi, ýel münüp uçdy Töwrize.

Mertebäňe etseler-de bahyllyk,
Şan bar-da,  ýok sende ulumsy gylyk.

Mejlisde, şalaryň dabarasynda
Barça gözi gidip seredýär saňa.

Inkär etmez mertebäňi hiç bende,
Ykrar edip, saňa nur çaýar günde.

Adaty adama meňzeş dälsiň sen,
Olardan kän parhly bir ynsansyň sen.

Nagyş salnan ýaly ýüzüne gaýaň,
Ebedi tarypyň eýledim beýan.

* * *

Öz daşyna haýat çekip oturýan,[1]
Gazyk kakyp, çadyr dikip oturýan,[2]

Meniň ebedilik çyn dostlarym siz,
Size törüm açykdyr, hoş geldiňiz!

Gör ne ajap çadyrda ot başynda,
Dost bilen oturmak ojak daşynda!

Myhman gelse uzak-ýakyn ýerlerden,
Şol gün toýdur, meniň başym beýgelder.

Meň bilen söhbetdeş bolanda myhman,
Şatlyk goşalanyp, ýok bolýar gussam.

Çadyr dik, goňşy bol saklap oňşugy
Ne ajapdyr, dostlar, bolsaň goňşuly!

Goňşuly oturmak - ýürege aram,
Goňşyň göçse, düşýär bagryňa agram.

Dünýäde Taňrynyň erkinde bar zat,
Myhman bilen, goňşy bilen etse şat.

Küýsemek derdini owurtlasa kän,
Ahyrsoňy tapdan düşýändir ynsan.

---

[1] Bu ýerde şäherliler manysynda.
[2] Bu ýerde çarwalar manysynda.

Ötegçi hyýaly küýsär mekany,
Ol hyýala pida edýärin şany.

Ýesirlikde özün pida edýär är,
Küýsemek ýesiri bolar pidakär.

Ençe mahal magşugyna garaşyp,
Onuň küýseginde pidadyr aşyk.

Emir maňa özün eýleýär pida,
Adaty däl bu iş, üýtgeşik juda.

Eý, bagtyýar! Beýle işleriň bilen
Saňa, maňa bahyl artdyrýarsyň sen.

Ýok, gowusy men bu taýdan gideýin,
Dag, düzleň içinde seýran edeýin.

Wadamy bitirdim,[1] sen serpaý berdiň,
Özgäniň erkine bagly däl erkim.

Türki gyzlaň seýkin basyp ýörişin
Taryp etmek bolsun indi bar işim.

Aňyň öňün tutup, ýalňyşdyr gahar,[2]
Gaharna erk eden çykalga tapar.

Gaharna bäs gelip, erk eder dana
Erki ýeňmek ýaraşýandyr ynsana.

---

[1] Bu ýerde seni taryplap şygyr ýazdym-diýen manyda gelýär.
[2] Gaharyňa bir iş etseň, ökünersiň – diýen manyda gelýär.

Awçyň sabry bilen gahar ýatynça,
Sabyr edip garaş daňlar atynça.

Gaharyňa bäs gelmeseň, eý, eziz,
Sen mekri-şeýtanyň alynda heniz.

Otur, tur, gaharyň ýa gezmeläp kow,
Hiç bolmasa, ýüzüň sowuk suwa ýuw.

Şonda-da gaharyň ýatmasa eger,
Iki rekegat namazyň peýdasy deger.

Namazdan soň, otur-da sen, kyl dileg,
Taňry dilegçiniň halyny biler.

Harun Reşit gaharna bäs gelmedi,
Bermekiler neberesin gümledi.

Soň eden işine ökündi juda,
Ýöne ökünjinden bolmady peýda.

Gaharyň işiniň soňy puşeýman,
Gahar bilen iş tutmagyn, eý ynsan!

Tärin bildiň, indi gahryň ýatyrsaň,
Goldawdyr, sözümden peýda taparsyň.

* * *

Gul Hojanyň wadasyna garaşýar,
Ýöne näme herki zadyň wagty bar.

Ýyldyrym hem gökde gürrüldi bolup,
Çabgaly ýagyşlar ýagdyrýar bulut.

Diňe atañ-babañ abraýyn öwüp,
Abraýly bolmarsyň, bu saňa öwüt.

Diňe öz güýjüňe daýansaň ýagşy,
Mertebäni özüň gazansaň ýagşy.

Pespällik nebsiň hem ulumsylygyň
Özüni böwetlär ýamançylygyň.

Pespällik ajama «zad» bilen mahsus,
Araplara bolsa, «dad» bilen mahsus[1].

Dürs aýtmaga ymam ygtyýarlydyr,
Hadys-rowaýatlar, ygtybarlydyr.

[1] Zad - Harpyň ady. ýöne «sad» bu ýerde «Nebsiň öňüne böwet basyjy», «dad» bolsa «Nebsiň garşysyna gidiji» diýen manyda. bu ýerde beýtiň göçme manysy bar. onda şeýle many yzarlanýar. «Araplardan başga musulman halklary pespällik bilen nebsiň öňüne böwet barýar, araplar bolsa pespällik bilen nebsiň garşysyna gidýär. sesi bilen aýdýarlar.

* * *

Abraýly adamlaň bazary mydam
Baýram günlerine gabat elmydam.

Käfil-küfätiň ahlagy maňa
Ruhlaryň ahlagyn ýatladýar diňe

Oň özi gitse-de, galdy yzlary,
Ýöne yzlar dymýar bu daglar ýaly.

Dostlardan zadymy gysganmaýaryn,
Paýlaşýan dünýäde tapanmyň baryn.

Eger döwlet täjin başa geýsem-de,
Bu gylyk hiç haçan üýtgemez mende.

Mütdetimi doly ýaşasym gelýär,
Ýöne adam biwagt hem gidäýýär.

Öň sapar etmegi eýläpdim niýet,
Indi yza gaýtsam diýýän salamat.

Taňrym, saňa çäksiz şükürler bolsun,
Ýardam ber, öz guluň yza dolansyn.

Nesip etse, ýene Taňry ýar bolup,
Ýene Mekgä gelerin men dolanyp.

* * *

Hökümdaryň ynamlary hem diniň
Hem sütünin berkidýändir dünýäniň.

Ol il-ýurda, adamlara hökümdar,
Seýitler seýidi-ýüzünde nur bar.

Niýetleri beýik örän, akylly,
Il içinde ýörelgesi asylly.

Berkidýär ol mülküň ejiz tarapyn,
Akyl-paýhas berlen Alla tarapyn.

Parasat düzünde onuň awlany
Dogry sözdür hem-de maňyzly many.

Ýykgyn edýär haýyr-yhsan etmäge,
Hem ymtylýar il göwnüne ýetmäge.

Hiç hili ulaltma ýokdur sözümde,
Aýdýanlarma şaýat meniň özüm-de.

Ol mülküň ynamy, oň ynamynda
Öz ynamna asla şübhe ýok onda.

Oraza tutýar ol, pitre berýär ol,
Ýagşy ahlagynda mäkäm durýar ol,

* * *

Ýalňyzkam hesretim heýjana gelip,
Şirin owaz eýledi ol hiňlenip.

Pessaýja aýdyma başlady soňra,
Sesi has ajaýyp ýaňlandy şonda.

Udunyň taryndan dökülýän saza
Ses sese goşuldy, owaz owaza.

Bir salym güýmenip aýdyma-saza,
Ýalňyzlygyn undup, çykdy ol ýaza.

* * *

Boýnuna daksaň hem dür düzümini,
Aglasa, diňdirip bolmaýar ony.

Eger-de içäýseň şerbetin nebsiň,
Bilip goýgul, dogry ýola düşmersiň.

Onuň ýagşy, şat günlerinde asla
Ýadyna-oýuna düşmeýär Alla.

Başyna muşakgat düşäýse eger,
Ýardam isläp, ol Taňryny çagyrar.

Ýaşlygyn geçirýär oýun-baz bile,
Ahyret gaýgysy gelmez köňlüne.

«Ahyret gaýgysyn soň etsem-de bor»
Şeýdip, ol salgyma kowalaşýar zor.

Ýaşlygyň geçenin duýmaýar adam,
Peýdasyz giç galyp edýän aladaň.

* * *

Emir ýaly hulky, ahlagy ýagşy,
Bu ýurtda ýok, meger, başga bir kişi.

Ýeliň tiz barşy deý wadaly ýere,
Wadada tapylmak mahsus emire.

Ol sahylyk bilen peşgeş eçilýär,
Jomarda şöhratyň nury seçilýär.

Aňry baş yhlasly ol rowaýatlara,
Laýykdyr mertebä, belent atlara.

Bu sebäpden at, mertebe ýolunda
Tiz ýöreýän är ýok sagy-soluňda.

Guşlar oňa gökde, haýwanlar ýerde,
Öwgi-taryp aýdýar dagda-düzlerde.

Eýse, oňa gara sürtýänler-de bar,
Ýöne göwni päge gara ýokmaýar.

Gökden berlen oňa emirlik ýoly,
Ynanylan Hak gullarnyň ykbaly

Meger, ýokdur beýle dana hökümdar
Ynanman, diýseler başga biri bar.

Höküm ýöretmekde özgeden türgen,
Şalyk açar oňa Hakdan tabşyrlan.

Ýurt binasyn gurmak – bu onuň paýy,
Başga hiç kes gurmaz beýle binaýy.

Alla kuwwat berip, beýge göterdi,
Hak nazaryn salyp, bize gönderdi.

Ýanynda bilmejek iş bolmaz ýa-da
Çözülmejek düwün bolmaz dünýäde.

Egninde saklansoň köpüň derdini,
Hak tarapyn kuwwatlandy gerdeni.

* * *

Horasan ilininň özgäge ezýet
Bermeýän ili bar, men oňa belet.

Daglary depeden, depeler oýdan
Pespäldir, bu gylyk berlen Hudaýdan.

* * *

Alymyň pähimi ýagşy bolsa ger,
Aýdan sözün subut edip başarar.

Şygyr düzýän şygry bilen magtanýar,
Mysal getirmäge pursat agtarýar.

Tankytçy düzediş berse-de goşga,
Dürs bir ýoly tapmaz bellikden başga.

Il-gün arasynda mertebeli kes
Ata mertebesi bilen öwünse, hebes.

* * *

Datly üzüm salkymlary saçyp nur,
Şahalardan asyl-asyl bolup dur.

Bilip salkymlaryň şirinligini,
Bahyl şaha aşak salýar ýüzüni.

* * *

Şaýat boluň düýnki günüň jebrine,
Şeýle ki agyrlyk düşdi egnime.

Şaýat boluň gözden döken ýaşyma,
Iş köpelip, meni basyp barşyna.

Galdy mende diňe arzuw hem hyýal,
Synlaň doganňyzy, haly ýagşy däl.

Kepderi aglasa eşitseň, görseň,
Onuň ejiz halyna sen dözmersiň.

Ölsem, mazaryma eýläp zyýarat,
Topragyn sypalap, okaň siz aýat.

Jismim ejizlänin dostlara diýdim,
Ýöne derdim göriplerden gizledim.

Takwalyk eýleýip bar süňňüm bilen
Pespäl bolup, sada ömür sürdüm men.

Meniň beýle halym etmäň siz inkär,
Oň yzlary ähli ýazgylamda bar.

Ýaralady dişläp keç ykbal meni,
Gurçuk deý gemirýär ejiz tenimi.

Ganatlary gyrlan guş ýaly boldum,
Naýynjar halda bir burça dykyldym.

Dergähine baryp Mujyreddöwläň[1],
Ykbal ýarasyna soradym derman.

Minnet edip, dertliň umydyn kesdi,
Täleý döwen ganatyna jebr etdi.

Halyma ah çekip, dişim gyjadym,
Sada çarwalaryň işigne bardym.

Olar garşy aldy güler ýüz birle,
Ýardam gysganmaýar özge birine.

Wezirligiň minnetinden gutuldym,
Ondan ýaňa göwnüm buz ýaly boldy.

Ynsanperwer bolup, köňlüňi alýan
Çarwa adyllygy yklyma aýan.

Çarwalar çar ýana aýlanyp, diňe
Ýardamu-hemaýat berdiler maňa.

---

[1] Soltan Sanjaryň weziri.

* * *

Baý adam garyba biperwaý bolýar,
Olar diňe emeldara ýaranýar.

Günleri aýdymu-saz bilen ötýär,
Goňşa ulumsylyk bilen seredýär.

Işdäsi açyklyk — tolkun takdyry,
Joşanda, mallary ýuwudýar diri.

Durmuşda-da duşýar şonuň deý kişi,
Ýylboýy gününe goýmaýar nebsi.

Ýagmazak bulutdyr peşgeşi olaň,
Wadasy ýel ýaly, turuzar tozan.

Janypkeş tabşyran işiňi bitir,
Ýalta bolsa, golun gowşurar otyr.

Halal — halallygyň miwesin ýygar,
Pespäliň göwni giň — ýagşylyk sygar.

Galpyň gözi ýalt-ýult eder göýä şem,
Ölçeýändir onuň terezisi kem.

Parahatdyr adyl adamyň keşbi,
Adyllyk ganynda, saçýandyr müşki.

* * *

Şahyr öwse, mertebeli begener,
Ýöne welin şygryň hili kemeler.

Şeýdip, pes şygyrlar satylýar arzan,
Meň şygryma bolsa gerek köp-köp mal.

Şahyr bazarynda mertebeliniň
Şygryn lomaý satýar düzetmän hilin.

Näsag pikirlerden syrkaw setirler
Dörese, ölüm deý şumluk getirgeý.

Dilewar çykmazdan, gör, näçe diller,
Sözlediler göýä ki bir suhangöý[1].

[1] Suhangöý-çeper sözleýän.

* * *

Düýşde düşüp bermekiler[1] döwrüne,
Ol neberä aýdýarmyşym öwgüler.

Öwgä gitdi meniň zehinmiň bary,
Ilki Ýahýany[2], soň öwdüm Japary.

Ýahýa maňa: «Şygyr gowy» diýp aýtdy,
Soň wezir bir mukdar pul peşgeş etdi.

Men oň nygmatyna minnetdar boldum,
Hem bu ýagşy adamlara guwandym.

---

[1] Bermekiler – Harun reşidiň weziri Japar ibn Ýahýanyň nebereleri. bu nebere adamlara köp ýagşylyklar edýär. onsoň olaryň adamlaryň arasynda at-abraýlary güýçlenýär. Harun Reşid olaryň halypalyga eýe bolmagyndan gorkup, bermekileriň hemmesini jezalandyrýar. Zamahşary bu bermekileriň adamlara eden ýagşylyklaryny göz öňünde tutýar.
[2] Ýahýa we Japar – bermekiler neberesinden bolan iki dogan.

* * *

Şapagyň daşynda gezşi deý tümüň,
Şöhrat gezýär daşynda meň donumyň.

Az mahal men şöhrat bilen beýgeldim,
Onuň näpäk nygmatyndan eýmendim.

Çakmak daş deý uçgun berýändir şöhrat
Şol uçgundan dünýä ýaýraýandyr ot.

* * *

Kitabyň[1] beýtlerne ýazamda men şerh[2]
Gysga düşündirýär diýenmiş şaryh[3].

Men şerhden «Anmuzaj»[4] kitaby düzsem,
Onda ol şerh gysga bolarmy eýsem?!

---

[1] Kitap – bu ýerde Zamahşarynyň «Keşşaf» «Aýatlaryň iniş syrlaryny açyklaýjy kitap») atly tefsiri göz öňünde tutulýar.
[2] Şerh – düşündiriş.
[3] Şaryh – düşündirýän.
[4] Anmuzaj – Nusga. Zamahşarynyň bir kitabynyň ady.

* * *

Uçgun çykar öýdüp emir gözünden,
Ýanyna barmakdan eýmenýärin men.

Eger-de mähirli baksa ol gözler
Gorkma, mähribandyr, ol saňa dözmez.

* * *

Okumy asmana atyp goýberdim,
Guşumy guşlara goşup iberdim.

Şer ýüňden halady aýryp eginden,
Halat geýdim indi haýyr ýüzünden.

Gybat giň meýdanda ýörse-de otlap,
Kä ajap bossana girýär ol ätläp.

Kasydalar meýdanynyň üstünden
Iň ýyndam atlary münüp, çapýan men.

Gowy eşik äre abraýdyr, geýsin goý,
Öwgi eşigi bolar bir ýatlama deý.

Döwrüň ähli eşikleri synlanýar,
Soňky güne diňe öwgüsi galýar.

* * *

Dostdan aýralyga ýürek gyýylýar,
Döwrüň dişi oňa ýaralar salýar.

Zamanaň geçmegin nebis söýmeýär,
At-abraýa tizden-tiz ýetsem diýýär.

Ýyldyz ýaly alysdadyr mertebe,
Ýa bolmasa onuň üsti örtülen.

Ýa peýda getirýän bir haryt bolýar,
Ýa-da peýda getirmeýän haryt bar.

Eý, Taňrym peýdasyz harytdan daş kyl,
Peýda getirýäne meni ýoldaş kyl!

Ýaşyryn ýa aýan berler sadaka,
Olaň ikisi-de dürs bolar Haka.

Ýaşyryn sadaka köp sogap düşer,
Aýanyňky kemräk, goý, bilsin beşer.[1]

Ýöne minnet bilen berlen sadaka
Kabul bolmaz, asla ýetmez ol Haka.

---

[1] Beşer – ynsan.

* * *

Ýüzi nurly bolar ýagşy ahlakly,
Ýaman ahlaklynyň ýüzi garaňky.

Eger ýamanlygy çyksa daşyna,
Hesret iýner beýle kimsäň başyna.

* * *

Amatly pursata garaşyp, okun
Atmaga taýynlap durşun gör onuň.

Diri wagty öli ýalydyr biri,
Kimse bardyr, ölüp gitse-de, diri.

Sahy hem adamlaň aňynda ýaşar,
Gör, bermekiler hiç unudulmaýar.

Jomart tapan zadyn iýer paýlaşyp,
Husyt iýmez, ile bermez bir kaşyk.

Mähri ýüzne çykar mylaýym kesiň,
Bakdygyňça, ýene geler bakasyň.

Hötjet bolarmyşyn ulumsy ynsan,
Şonuň üçin oňa ýoldaşdyr şeýtan.

Kalbyň hapa batan bolsa, eý, adam,
Geýmiň päkliginden näme peýdadyr?!

Eşigiň hapasyn suw aýyrýandyr,
Kalbyň hapasyny toba ýuwýandyr.

Dünýäde köp ýagşy iş eden adam
Halas bolarmyşyn şonça günäden.

Öwmek üçin säher  gider, giç geler,
Oýn üçin giç gider hem geler säher.

Hökümdaryň tarapdary bolan är
Säher oňa ýagşy dilegler dilär.

Ýaşlykda düşseň-de nebs duzagna,
Saçyň agarmanka eýlegil toba.

Köpe gözüň düşüp, dannasaň sen zat,
Azdan galyp, ökünersiň, adamzat.

Goç ýigitler şa mülküniň goragy,
Dana geňeşdarlar şanyň diregi.

Işiňe yhlasly ymtylsaň eger,
Bagt saňa ýar bolar, üstünlik geler.

Eger niýet bilen goşulyşsa aň,
Bitmejek iş ýokdur, bilip goý, ynsan!

* * *

Orazadan ýene indikä deňiç
Günäleň ýuwular, günä galmaz hiç.

Sadakalar alar belaň öňüni,
Hem şat eder, hem giňelder göwnüňi.

Oraza geçensoň, piträňi berseň,
Aýtda[1] garyplary köp şat eder sen.

Kim metjitde soňky on gün orazaň[2] —
Jennet içre şat bor, döwzahdan aman.

Bendeleň amalyn kabul kyl, Huda,
Sogapdan olary eýleme jyda.

---

[1] Aýt – Oraza baýramy

[2] Orazanyň soňky on günlüginde sogap üçin metjitde oturylýar. Bu ybadata « Igtikaf « diýilýär.

* * *

Höküm sürse içde nadanlyk tümi,
Öz köňlüňde atmaz ylymyň daňy.

Ylym-bilme yhlas eýlese bende,
Galmagaý ol nadanlygyň tümünde.

Içiňde ot ýansa, sowular tümlük,
Daň şöhlesi öçüp gitmez ömürlik.

* * *

Gije dünýä hyjabyny ýapansoň,
Göze çawuş çakyp başlaýar onsoň.

Soňra göz-gabagyň başlaýar bürlüp,
Uky perde tutýar, göze örtülip.

Daşy-içi tümlük bolsa ynsanyň,
Gaflat ukusynda galdygy onuň.

* * *

Öňe düşüp, meni köseýär hyýal,
Ylalaşman, gije başlaýar ol ýol.

Adamy köseýär gaýgy-alada,
Gaýgy çekýär ownuk zatlar barada.

Ynsan ýatsa-tursa, aladalardan
Dynjak bolýar, hiç dynma ýok olardan.

Kim beýiklik isläp, belende çyksa,
Ýatlap dursun öňki ahwaly hakda.

Der dökmeseň, yhlas etmeseň eger,
Mertebe tanapy bir gün üzüler.

* * *

Bu ýerde Hak sylan adam oglunyň
Orny bar hem at-abraýy bar onuň.

Melamat daşyndan çabratmady ot,
Bozuk ahlak bilen çykarmady at.

Kyn günleri gördi, çekdi kän azap,
Lezzet aldy syrly setirler çyrşap.

Abraýly ýüz bilen, süýji söz bile
Elmydama ýakyn durdy ol ile.

Säher bilen daň şapagy doganda,
Haýa edip, ýüzün ýapardy bende.

Hajat-isleg  köpelende kalbynda,
Haka sygyndy ol hyjap astynda

Zemzem çeşmesine gelip ol telim,
Şypaly suw içip, aýtdy dilegin.

Sapa, Merwe arasynda ylgady,
«Lepbeýke»[1] diýp, Haka arzyn sözledi.

Islese, bendäge jebr etmez Huda,
Ol mähribandyr hem rehimli juda.

---

[1] Lepbeýke-Eý,Allam ynha  men seniň gaşyňda diýmekdir. Haja baranyňda

Gartaşyp, ol çallyk çägine geldi
Durnukly ahlakly, dury akylly.

Hormata, sylaga, mertebä ýetdi,
Dilewarlyk bilen özün tanatdy.

Abraýyny ýene bir gez götärler,
Ýöne barmy näme bir kemsiz ärler?!

* * *

Eý, bende! Sen aňyň miwesin döret,
Özgeler tanatmaz, sen özüň tanat.

Işbu diwan seniň bir maksadyňdyr,
Oňa ähli gujur-gaýratyň siňdir.

Diwanyňdan many nurlary çyksyn,
Gün bilen bäsleşip, şöhlesin saçsyn.

Hakykata öwür arzuw-hyýaly,
Işiň düz et, gyýa bakmazlar ýaly.

* * *

Seň şanyňa ýazdym işbu beýtlerim,
Eý, emir, kän ilden seň beýik ýeriň.

Şöhle saçyşy deý bir tohum düýäň,
Rowaç alsyn şugla saçýan mertebäň.

Ýagşy örüleri, gowy jülgäni,
Ýatla saňa peşgeş beren Allany.

Şekim ýok işleriň boljagna rowan,
Has hem öňe gidersiň sen bigüman.

Adaty zat bilen bezäp diwany,
Agtardym çeper söz, setir hem many.

* * *

Biri diýdi: «Bu şygyrlaň ajaýyp
Beýle çeper şygyr magtawa laýyk».

Diwan taryp birle dileg-dowadyr,
Dilegçiň dergähde işi rowadyr.

Başarnygma görä men seni öwüp,
Ýazdym köp many hem peýdaly öwüt.

* * *

Üstünligim meniň başymy aýlap,
Süňk döwüldi, ganat gyryldy, arman.

Ine, şu sebäpden säheriň howry,
Säher howasyna meňzänok, gury.

Birden gyzgyn ýeller öwsüp ugrady,
Sährada al-ýaşyl otlar gurady.

Günbatar Küfede gozgalaň bolup,
Şähermizden aýryldy ol bölünip.

Gylyç syrdy dogan dogana garşy,
Boşap galdy şähermiziň bir burçy.

Hyjazda kän aýlandylar atlylar,
Soňra gabra girip, rahat tapdylar.

Gabra bakman, jepa bersek niçik bor,
Öz gabrymyz gazlyp, jepa beriler.

Hesret ýükün alyp, çykdym sapara,
Keç ykbal ýoluma reňk berdi — gara.

Ýiti gylyç indi meniň kalbymda,
Hem uçly naýzany köňle saldym-da.

Umyt goşunyna baş bolup, söweş,
Eýledim gözümden kän çykdy gözýaş.

Mekgäň jülgeleri hemem daglary,
Hajylar siz üçin ýaslar baglady.

Dünýä üçin aglamagňy peseltseň,
Din üçin aglamaň güýçlener onsoň.

Kim üçin sen ýagşy ahlaga eýe,
Ýeri, sen kim üçin jan çekýäň beýle?

Kim üçin çekip sen derdi-hasraty,
Göterýäň gerdende bu amanaty?

Diliň çeperligi kim üçin seniň?
Daralýar giň dünýäň, kalbyň-mesgeniň.

Iki arasyny titredip lebiň,
Çeper sözler çykýar diliňden seniň.

Her sözüň arasyn pert-pert eýleýip,
Ýagşy hem hoş sözler zybana gelip.

Garry-ýaşa sözüň hoş ýakýar seniň,
Görýän duýgularna edýän täsirin.

Öýüňde hem nadyl däl sen hormatdan,
Diýen etmän, dillerini guratdyň.

Göýä güpürdeşip garyndaş gelýär —
Süsüşýän goçlaryň sesi eşdilýär.

Gurak ýyla meňzeş — gysganç däl olar,
Eli, göwni, ýoly açykdyr olaň.

Sen ýagşy kükrekden başda süýt emdiň,
Yhlas hem ýagşylyk seň emen süýdüň.

Şirin sözleriňi unutman hergiz,
Ykbalyn Hak çatan bitew adam biz.

Gurhan, hadys, şygyr okaýşyň seniň,
Ýaňlanýar gulak hem kalbymda meniň.

Hoş owazyň gulagyma hoş ýakýar,
Diňleseň, irizmez hem ýadatmaýar.

Adyl hökümdar sen — şek ýokdur asla,
Saňa säher şeklin beripdir Alla.

Seniň ak ýüzüňi garaldyp bilmez,
Bozuklaň bet işi, gybatçy diller.

Şöhleli nur saçyp seniň şemalyň,
Üstüni ýetirýär beýik kemalyň.

Ajap aklyň bilen ile seredýäň,
Raýatlara adyl emirlik edýäň.

Haýadan ýasalan ýaly sen başdan,
Bihaýa utanar ýüzüne baksaň.

Ýanyňda ýalançy ýalan sözlemez,
Utanjyndan ol gözüňe gözlemez.

Dogry ýoldakylaň tarapdary sen,
Yhlas edýäň dogry raýatlara sen.

Raýatlaryň saňa bar ynamlary,
Yhlas eýläp, şatlandyr sen olary.

Sen özüň dogruçyl adamlaň dosty,
Arkasynda durup, goraýaň rasty.

Ylym mejlislerin mydam gurnaýaň,
Ylma, alymlara ähmiýet berýäň.

Ýüzüň haýbatyňa kän haýbat goşýar,
Käte orun berýäň, oýun-degişmä.

Duşmanyňa ýolbars kimin topulyp,
Ýeňiş bilen geldiň ile şat bolup.

Garaýşyň göýä ki peýkam ýaly seň,
Baksa, parran geçip gidýär içiňden.

Seniň ähli gahrymanlygyň hakda,
Indi kän aýdylýar rowaýatda.

Ýa başyňa düşse işleriň kyny,
Açýarsyň sen ony çözýän gapyny.

Eý, jenabym, köňlümiziň düzgüni,
Bir-bire aýdamzok gyşyk gürrüňi.

Göýä ki bir şygyr — sazlaşyp durýan,
Biziň dostlugymyz jebisdir örän.

* * *

Nije daýaw, goç-goç ärleri bolan,
Nije halklar ýitip gitdi jahandan.

Eýsem, nije-nije uruşlar turup,
Näçe ili-ýurdy gitdi tozduryp.

Gördük näçe bela, kän heläketi,
Hiç bir zat baky däl, täk Taňry baky.

* * *

Kalbymda şatlygym azalýar kem-kem,
Indi ýetip geldi jana hesret hem.

Çagalygym, soň ýigitlik satyldy,
Ýöne gören peýdam şu çallyk boldy.

Indi şu çallyk bir dursady baky,
Çünki, çallyk bilen bolar men bagtly.

* * *

Käbir kimsä öwüt berseň, ýakmaýar,
Çünki olar özün akylly saýýar.

Diýp: «Bu nä beýle akyllysyraýar?»
Gaýta öwüt berýänleri ýazgarýar.

Öwüt berýän ýazgarmaýar olary,
Gaýta salgy berýär dogry ýollary.

Nesihat peýdaly bolmasa eger,
Dymyp oturanyň ýagşydyr, meger.

Bagtly bolmaýşy deý ýaman hatynlyň,
Nesihatsyz bagtly bolmak düşer kyn.

Ata ýaman bolsa, çaga egriýe,
Gider, bermek kyndyr oňa terbiýe.

Olar ýaly kimse gaýtmaz ýalandan,
Gabahat iş çykýar päli ýamandan.

Bozuk ogul bozuklara eýerse,
Eder ile öz atasyn yryswa.

Bozuklyk özüne çekýän wagşydyr,
Bozgaklyk bar ýerden gaçan ýagşydyr.

* * *

Ruhlaryň şatlygy bar bolsa, düzdür,
Ol şatlyk ak säherleriň ýüzüdir.

Säherleriň ýüzi bossandyr bagdyr,
Ol bossanda nergiz gülleri bardyr.

Seýir eýle sen beýle bossana düşseň,
Göwün ganat açar asmana uçsaň.

Aýlan onda, aýlan tä sähere çen,
Ak-gyzyl güllerden bagla bir çemen.

Öz bahar-ýazyňy geçirip şonda,
Ruhuňy şatlandyr dünýäň üstünde.

Bu baharlar, ýazlar gysga bolsa hem,
Bossanyň bahary ýeterlik melhem.

* * *

Adamlar gijäniň ýagty çyragy,
Ogullary bolsa ir säher çagy.

Gözler näçe ýürekleri bent etdi,
Olaň ak şöhlesi kalplara ýetdi.

Göz şöhlesi göwne ýaralar saldy,
Göz göz garşysynda söweşe galdy.

Men şeýle zatlaryň ýesir bendisi,
Men bir yşka düşen Hakyň bendesi.

Siz meni ýazgaryp, azara galmaň,
Meni arzuwlamdan saklajak bolmaň.

Etmäň siz hiç haçan meniň gybatym,
Gybatçylar edýär öz hyýanatyn.

Mahrum etmäň şatlygyndan ruhlaryň,
Gaýta maňa dünýäň şatlygyn beriň.

Siz meni öldürmäň, men düzüw adam,
Çünki, ruhlar bilen men keramatam.

Men ýaly adamy öldürmek haram,
Din muňa ýol bermez, bolar ol karam.

Meniň nebsim orun alyp gursakdan,
Peýdalanýar her amatly pursatdan.

Eýsem, takdyryňda berlen zat üçin,
Adam ogly ýazgarylýar nämüçin?!

Gör, olar emire kast etmekçidir,
Muňa mätäçlik ýok, bu işler nedir.

Bu işler Taňrynyň özüne mälim,
Bar işiň eýesi — Perwerdigärim.

Men özüm mertebe islemeýärin,
Öwýän adamlary men öwmeýärin.

Emir üçin meniň öwgimiň bary,
Çünki, emir iliň-günüň mydary.

Öwgi bilen nika baglaşmazdan öň,
Talagny bireýýäm berip goýdum men.

Eýse, meniň öwgim sahy halyna,
Husydy öwermi gyzyp malyna.

Husytlaryň kän ýaramaz manyly,
Ýagşy atlary bar — özünden uly.

Bahyl üçin mende niçe-niçeler —
Bardyr ýel-şemaldan doly köçeler.

Öwgi ýaramlydyr diňlese jenap,
Tarypa ten bermez bolsa köňli  sap.

Sahy kalby üçin magtaw ýa öwgi,
Göýäki açardyr çözer ol düwni.

Onuň mertebesi barçadan belent,
Mertebesin saklap bilşine belet.

Açyk ýüzden şöhrat sahypasyny
Okarsyň, ol haýran galdyrar seni.

Beýle adam jomartlygyň ummany,
Her sözünde müň mazmun bar, müň many.

Onuň dergähine gelip adamlar,
Onuň gapysyny arkaýyn kakýar.

Onuň göwni pespäl, ýüregi hem sap,
Ymtylmaýar beýiklige alňasap.

Şöhrat taýa ýüzýär ömür gaýygy,
Däl oňa şöhraty götermek gaýgy.

Ol sahylyk bilen dünýä seredýär,
Ilde-günde diňe höwes döredýär.

Deňäre zat ýokdur onuň kalbyny,
Tapmarsyň meňzeýän zadyň salgyny.

Köşgi-tagty diňe şatlyk ýaradýar,
Töwerege hoşboý yslar ýaýradýar.

Ol nebsini asla öňe salmaýar,
Ony mydam arkasynda saklaýar.

Daşyny aldyrmaz ulumsylara,
Gelse, derrew küşt berýändir olara.

Hergiz onuň ady tutulsa eger,
Diňe hormat, sylag bilen tutular.

Alyp kelte gylyç, uzyn naýzany,
Topulyp, elheder aldyr duşmany.

Gylyjy her näçe bolsa-da ýiti,
Ýesirlere geçirimlidir gaty.

Oňa öz  mülkünde ýokdur howp-hatar,
Ýurt parahat, ili rahat ýatar.

Kyn günde dumana gaplanmaz seri,
Tümlükde şamçyrag onuň pikiri.

Ony taryplamak isleýär göwnüm,
Boş manyly sözden halasdyr ömrüm.

Ýazaryn men oňa laýyk eseri,
Ýüregmi sap tutup, işledip seri.

Onuň bossanynda saýraýar guşlar,
Guşlar öz dilinde aýdýar alkyşlar.

Aýdýarlar emirler hamdy-senany,
Üstünlik, bagt dilär olaryň bary.

Bagtly bol, eý, emir, myradyň hasyl,
Üstünlik dagyna çyksyn yhlasyň!

Yhlasyňa görä abraý tapdyň sen,
Seniň mertebäňe guwanýaryn men.

Sen mertebe deňzi akyl ummany,
Men merjen deňzinden gözleýän many.

* * *

Tomus gelse, boluň öňünden taýyn,
Salkyn ýer ediniň dynçlyga gaýym.

Goranmaga, bolsa yssy ýa howur,
Çadyr dikiň hem-de ediniň howuz.

* * *

Eý, dost, Tihamadan Nežde gitmäge,
Höwesim bar, Hak ýar bolsa ýetmäge.

Neždi küýsäp, gözýaş edip bozulsam,
Arzuw hasyl bolup, bagtyýar bolsam.

Göge bakyp, çuňdan içimi çekdim,
Gapyrgam ýygrylyp, açyldy çeşmim.

Bulda gözüm düşüp, sözleşdim bile,
Wada berdi bulut ýagyşy bize.

Soň Babyl diýaryn küýsedi göwnüm,
Gaş kalp bilen geňeş eýledi bu gün.

Pent alsam men onuň efsanasyndan,
Çykyp, dünýä baksam minarasyndan.

* * *

Bu gün gören oduň ertir görmersiň,
Ýöne kalp oduny sen öçürmersiň.

Ot daşdan däl, içden ýanaýsa eger,
Oň howry hem içe, hem daşa urar.

Içden ýanan ot tutaşyp aňlary,
Ýesir edýär akyl-huşy barlary.

Ana, şonda gözlerden ýaş dökülýär,
Kalp ony nergiz deý güllere guýýar.

Ibni Wahhas är ýigit hem şir ýigit,
Içden ýanýan ody öçürýän ýigit.

Durşy bilen beslenendir şöhrata,
Tarypa laýykdyr iki dünýäde.

Ýagşy bir şöhlede ösen emiriň,
Arşda abraý öýi bardyr bu äriň.

Ol Haşym neslinden bir asylzada,
Eýe ýagşy ahlak, mertebä, ada.

Ony şu nesilden diýmeseň, Haşym,
Gazaplanar, ýene onuň bar malyn.

Degişli etmeseň Pygamber öýne,
Gazap geler Hak resulnyň köňlüne.

Onuň özi Pygamberiň öwlady,
Abraýly hökümdar, nesliň şöhraty.

Bir batyr goçakdyr, örän edermen,
Jeň güni gaýratyn aýan eder ol.

Az sözlär, aýtmaz ol artyk bir kelam,
Her bir dana sözi seniň gollanmaň.

Jedelçi biderek şol üýrer durar,
Jedel etmez, ol meýdana çagyrar.

Gadamyn boş basmaz Mekgede ýörse,
Gaçar haýbatyny kapyrlar görse.

Ýüzünden okarsyň onuň kysmatyn,
Ol çyndan hem agtygydyr Ahmediň.[1]

Gatyşyk bal ýagşy bal däldir meger,
Suw goşsaň, şerabyň hili peseler.

Ahlagyny näçe öwseň, ýene az,
Jenjelçini bolsa asla halamaz.

Alla kessin, artyk zat ýok sözümde,
Her gün täze gylyk görýän özünde.

Haýsy ýana ýol başlasa Hak Alla,
Üstüne saýasyn salar, enşalla.

[1]Ahmet – ýagny Muhammet pugammer.

Özi uzak saparlara çyksa hem,
Arzuwymdyr, men hem oň bilen gitsem.

Ikimiziň baky dostlugymyz belli,
Dürden düzlen nagyş ýaly bezegli.

Razy, ýaşap ýörşüm Mekgede meniň,
Oň ajap işlerniň biridir, biliň.

Özi azat ýigit, elinde erki,
Teşneligňi gandyr sözi hem görki.

Dost dosta mydama çyn öwüt berýär,
Şeýle dost dost gadryn has oňat bilýär.

Bir gün geler, dost dostundan aýrylar,
Şonda-da dost dostuň muşdagy bolar.

Ýaranjaňlyk ýokdur meniň göwnümde,
Emir şöhratyna guwanýan çyndan.

Wahhas artdyransoň abraýy, maly,
Soňky çäge ýetdi şöhraty-şany.

* * *

Gabat geldi bize birnäçe sowal,
Niýetimiz — säher agtarsak jogap.

Gözýaşlardan boldy iki ýaňak öl,
Dürler ýüzde goýdy alaçsyz bir ýol.

Bir hurma habura aglap söýledi:[1]
«Neçüýn ýalňyz ýaprak ýaýdyň sen?» — diýdi.

Ol diýdi: «Men Neždi terk edip gaýtdym,
Tihamany janlandyraryn öýtdüm».

Seň pikriňden gidenimden ters ýola,
Gowsy, öz pikrime salaýyn sala.

Gyrymsy agaçlaň kölegesinden,
Gaçyp, irgözünden ýaprak ýaýdym men.

Çünki, olaň saýasynda ösenden,
Ýagşydyr täk özüň jöwzada köýseň.

Arar[2] kök ýaýradyp töňňe bolmaga,
Gitdimi katadaň[3] ösýän bagyna?

Jülge gaýadaky nagyşlaryny,
Çagaň çeken suratyndan aldymy?

---

[1]Habur - Agaç ady.
[2]Arar – Agaç ady.
[3]Katada – Agaç ady.

Sowa garşy durup, titrese dişler,
Sowuk titrärmikä gar ereýşinden?

* * *

Çadyr arasynda geçse-de ömrüm,
Ol özüme gurýan mertebe öýüm.

Şol durmuşa peýdalydyr hesretim,
Şatlygym — zyýandyr, anygna ýetdim.

Geň bolsa-da, şeýle waspy ýetirlen,
Çarwa durmuşyna sapar etdim men.

Niýet etmedim men başga ýaşaýşy,
Kyn günüm ýeňledýär hem bolýar başçy.

Ädimim gysgaltsam, ol yhlas edip,
Ymtylýar barmagyn beýge uzadyp.

* * *

Ýadap, düşmekçi bolamda yhlas:
«Maksat ýakyn, gitsek gowy bolar has

Diýdi — düşlesek hem uzak oturman,
Ýene beýiklige gideris durman.

Ýola düş, peýda ýok oturmakda,
Dynman ýörän, ahyr ýeter maksada».

Yhlas ýigit döwrüm köp oýlanýardy,
Maksadyňa ýetmek kyn görünýärdi.

Gördüm ol günleri göýä degişme,
Aňsat eken yhlas, maksat birleşse.

Kimsede birigse yhlas hem maksat,
Taňry onuň işin edermiş aňsat.

Yhlas, maksat birikmese, ýaşaýyş,
Uçgun çykarmaz hiç, kyn bolar durmuş.

Ýa uçgun bermese ýürekde yhlas,
Aňda maksat ody hergiz tutaşmaz.

* * *

Kimde kyssa, şygyr ukyby bolsa,
Iki jülgäň sili kimin goşulsa.

Bu iki zat onuň adyn baky eder,
Hem şöhraty älem-jahana ýeter.

Sibeýeýh ýazan kitabynyň beýdini
Kyssada şerh edip adyn ebedi.

Goýdy dünýä, şygyr hem kyssa
Ajap many döredýändir birleşse.

Kitaby çeşmeleň aýdyşy ýaly,
Bu usuly ilki başlan Kabkary.

Onda anyk berilende manylar,
Okana ýardam hem gollanma bolar.

Okyjylar many deňzine çümüp,
Okar sähere çen gadyryn bilip.

Alym böleklere bölse-de ylmy,
Sowatly tiz tanar asyl alymy.

Alymy tanarsyň kitabyň bilseň,
Nardyny bilersiň küşti öwrenseň.

Çygyn berip, dünýä müşk saçsa atyr,
Alym many berip, ylmy ýaýradar.

Çümüp bolşy ýaly suw çuň bolanda,
Çümse bolar manylaryň çuňunda.

Ylym öwrenýänler güýmenjeden daş,
Bolsun, gijelerni geçirmesin boş.

Eger oýun bilen güýmense ussat,
Gitsin şägirt beýle ussady taşlap.

Ylmy öwrenýänler ýigit çagynda,
Perlerin ösdürsin säher çygynda.

Ylmy mertebeli bolmak üçin däl,
Dünýä ýaýmak üçin öwreniň her hal.

Wagt geçer, mertebäň öz özi geler,
Wagt has soňra jepakeşe gul bolar.

Ylym alan şeýle talybyň ady —
Magrypdan Maşryga dolar şöhraty.

Irginsizlik bilen alnan paýhasy
Alyp bilmez gylyç-naýzaň haýbaty.

Çünki, many saçýan galamyň sesi
Eýmendir esgeri — batyr bir kesi.

Başga ýerde ýardam gözleme, alym,
Galamyňa daýan, oň bolar halyň.

Sözüňde manyny anyk beýan kyl,
Gelip bilmez tankyt golaýňa asyl.

* * *

Siziň gapdalňyzda geçen günlermiň,
Şowhuny hem ýyldyzy dur, tur, görüň!

Turuň, Neždi görüň, eger görseňiz,
«Jennet ýagşymy ýa Nežd?» diýersiňiz.

Ýolda melewşäniň, randyň, araryň,
Ysy lezzet berip, alar kararyň.

Ine, gaty daşdan ot çykdy, görüň,
Teşnäni gandyrar owazy ýeriň.

Arzuw etdim siziňki deý günleri,
Ýene şeýle günler nesip edermi?

Ýigitlik çagymy ýitirdim, arman,
Bu ýigitler maňa düşmedi arzan.

Assyrynlyk bilen terk edip tenim,
Duýman galdym onuň nädip gidenin.

Ýigitlik gitmedi bir özi bolup,
Gitdi güýjüm bilen gaýratym alyp.

Bagrymy paralap, gitdi elinden,
Oňa haýran bolup, galyberdim men.

* * *

Nebsim bilen aýrylaşan gijelem,
Tirkeşip-tirkeşip geldiler enem.

Ömür duýmaz, wagt hem ondan bihabar,
Bagtym golaý geldi, böwet ýok meger.

Bagt baky bolsun diýp, kän urunsak hem,
Duýdansyz ýagdaýda gidýär ol bizden.

Gijelerdir meniň söýgüli wagtym,
Gijeler gysgalsa, kiçelýär bagtym.

Oýn edip, hemaýat garnyna girýäs,
Barybir oň ýardamyndan aýrylýas.

Gijäň ýaňaklary säher nuruna,
Aýan görünýändir adam ogluna.

* * *

Ýapanyň ýüzünde, gülli bossanda,
Aýdymçy deý gumry saýraýar onda.

Omara ajaýyp owaz etmegi —
Hiç kim buýurmaýar aýdym aýtmagy.

Güýç berýär olara aýdymyň sesi,
Göýä bendäň Haka hamdy-senasy.

* * *

Gylyçlaň öwgüsi bezeýär şygry,
Meniň şygrym seni besleýär, Taňry.

Eýa, Taňrym, kasydalamda seniň
Nygmatyňa şükür, öwgim bar meniň.

Eger-de täk Özüň öwülýän bolsaň,
Seniň tarypçyň-da ýekedir onsoň.

Mertebäň çäksizdir taryp ýeterden,
Diller ejiz doly waspyň ederden.

* * *

Nesliniň päkligi asylzadalaň
Hasaplanýar diňe ata tarapdan.

Ot içinde uçgun gizlenşi deýin,
Salyhat içinde mylaýymlygyň.

Otdan sähel uçgun başlasa syçrap,
Has belent ýapmagy eýlärdi talap.

Bir eneden göni saçly ogullar,
Buýra saçly ogullar hem dogulýar.

* * *

Kimler wada berip, wadada durmaz,
Wadasy deý boş günlerem gutarmaz.

Olaryň meýdany adamlaň üýşýän
Çeşmäň başy ýaly boldy daryşgan.

* * *

Syýasaty adyl boldy täç-ad döwläň,
Işinden berkarar boldy bu Döwlet.

Duşmanlaň öňüne bir böwet goýdy,
Ol göýä ki Zülkarnaýnyň böwedi.

Ol depäň üstünden çadyrdan bakýar,
Ol ýerden sil bolup, ýagşylyk akýar.

Atlary çykaryp her ýyl meýdana,
Ýaryşlar geçirmek dessurdyň oňa.

Şaýat bolsa kim bu ýaryşa eger,
Ýyldyrym bedewleň süýnüşin görer.

Yhlas bilen göterýär ol abraýyn,
Yhlas atasydyr adyň-abraýyň.

Ajy doýrup, ýalaňajy geýdirýär,
Janypkeşlik bilen hak ýoly ýörýär.

Tekepbir duşmanlaň ýigrenjin bilýär,
Ile ýardam bilen bahyly ýeňýär.

Peder parasaty hem yhlas birlen
Üstündir zähmeti hem paýhas birlen.

Göripler-de oň beýikligne boýun
Bahyllyk kemsidip bilmez abraýyn.

Ak säherde sütün ýaly görünýär,
Duşmanlaryň ahmal ýerinden barýar.

Ilki Samarkanda ýöriş eýledi,
Soňra Horasany tiz eýeledi.

Duşmanyň üstüne ýöreýär gaty,
Haýbatydyr göýä şiriň haýbaty.

Onuň rysgal agajyndan hurmany,
Her kimse başarmaz basyp almany.

Gök gürrüldisi deý güýçlense duşman,
Niýetin paş eder, etdirer puşman.

Buludy ýel ýaly çar ýana kowýar,
Gök gürläp, ýyldyrym çakyp bilmeýär.

Hökümdarlyk edýär berk düzgün bilen
Şonuň üçin ýurtda ýokdur gozgalaň.

Pitne tursa, ýöriş hökümli,
Ýiti gylyç bilen kesýär köküni.

* * *

Tizden hökmüň ýöretgin, eý, Hökümdar,[1]
Ýogsam, tümlük mülkde hökmün ýöredýär.[2]

Saňa tabynlykdan çykar-da tümlük,
Ol tabyn ýerlerde eder häkimlik.

Bir pursat eglenmän aýak üste gal,
Alan ýerlerini ýene gaýdyp al!

---

[1] Arap dilinden terjime eden Rahman Ilmämmedow. Çeper terjime eden Seýtmämmet Hydyrow.
[2] Bu ýerde bozuk akymlar hem-de olaryň yslama ornap barşy giz öňünde tutulýar.

* * *

Dünýäň hyzmatynda dursaň sen eger,
Ol özüniň hyzmatkäri ediner.

Taňryň hyzmatynda duraýsaň eger,
Ol saňa dünýäni hyzmatkär eder.

* * *

Nebsiniň eýesi – alaw mysaly,
Nebis ýalyn içre erär ýag ýaly.

Nebsine ýesiriň derdini bilýän,
Içi ýanar işi ugruna bolman.

Mekgede mahalym, her pursat her dem,
Nebsiň garşysyna göreşdim merdem.

Ol günleri ýatlaýaryn, oýlaýan,
Şeýle hyýal ummanyny boýlaýan.

Gaýada bir ýumurtganyň içinden
Göýä nebis bilen bile çykan deý.

Ikimiz hem bile ganat çykardyk,
Bile ganatymyz kakyp hem gördük.

Peýläp, nebsiň uçjak bolan halatyn,
Uçmaz ýaly gyrdym onuň ganatyn.

Soňra bolsa, Zemzem tarapa bakyp,
Howa özüm zyňdym, ganatym kakyp.

Şükür, höwürtgeden arany açdym,
Nebsi taşladym-da, men onsuz uçdum.

* * *

Ümmyl-Kura[1] bilen bagrym badaşdy,[2]
Köňül ýene görmek hyýala düşdi.

Göwün şadym, göz guwanjym, ýat edýän,
Saňa barsam kalpdan hasratym gidýär.

Käbe ýanynda, hem birin jülgede,
Çadyr gurup, arasynda ylgadym[3].

Ýatda Mekgä ykbal çeken günlerim,
Yhlas gözýaşlarym döken günlerim.

Indi Hyjaz bolsa ho-ol yzda galdy,
Sensiz günler mende boşadyp kalby.

Nije gijeler men jülgede boldum,
Hoş galyň, hoş galyň, men gider oldum!

Eger sapar hakda soralsa menden,
Başga sözüm ýokdur, gep ýokdur senden.

Eger dünýä hakda soralsa menden,
Başga dünýäm ýok ahyryn meň senden.

---

[1] Ümmül-Kura – Mekgäniň bir ady. Sözme-söz obalaryň ýenesi diýen manyny aňladýar.
[2] Zamahşary bu kasydasyny Mekgeden çykyp gidende ýazýar.
[3] Käbäniň ýanynda bir çadyr, jülgede hem bir çadyr dikip, iki çadyryň arasynda iki çagasyny dürli ýerde goýan ene ýolbars ýaly ylgadym.

Pikir gelse, eger aňa – ýeke-täk,
Senden başga ýatlama ýok, pikir ýok.

Ýatlap, gijelerde hesret çekýärin,
Göz owam dolduryp, gözýaş dökýärin.

Gözýaşlarym kalp ýaramy bitirer –
Ýaşym syýa edip, çalýan setire.

Mekge bilen öwrenişmek ýeňil däl,
Hoşlaşmaňam agyrlygy çeniň däl.

Eý, beýik Biribar, sygynýan Saňa,
Ýene Mekgä sapar nesip et maňa!

* * *

Ýola çykdym münüp hyýal taýyny,
Burny – gökde, bermedi ol maýyny.

Göwün – beýik, beýik sary sürdüm men,
Ýadap, ony seýislänim gördüm men.

Hesretden dynsam diýp, bossana bardym,
Onsoň, çykdym çöle, egisdim derdim.

Ýürek öz derdiniň dermany eder,
Aglap, çola ýerde, iç dökseň eger.

Päk ýürekli öwüt-nesihat berýän,
Arassa bal ýaly köp derde derman.

Päk ýürekdir öýleriň iň ýagşysy,
Ýamanlykdan nyşan goýmaz ýagtysy.

Eý, Taňrym, goýma-da hesret derdinde,
Ýürekleri şat eýlegin her demde.

* * *

Taňryň razylygy üçin, şeýtana –
Daş atylar – misli ol üzüm däne.

Daş atyp, şeýtany kowmak özüňden,
Ysmaýyldan galan, däpdir bu öňden.

Mina jülgesinde her hajyň daşy,
Ýatladýar hinine ýagýan ýagyşy.

Daş atanym bilen ol nälet siňen,
Kalbymy sowadar niçiksi, neneň?

Ýedi sany daşdan zyňsam üç sapar –
Ýetmiş müň uçguny bu kalbym tapar.

Onsoň men kalbymdan kowup şeýtany,
Tapdym kararymy, ynjaldyp jany.

Hajylaň ýürekden eden bu işi –
Gaçyrýar şeýtany zyňan her daşy.

Hajylar-şeýtandan, olardan-şeýtan
Gaçýarlar, açýarlar arany haýdap.

Kowlansoň hajylar eden yhlasdan,
Däp berjaý bolýar-da çykýar yhramdan.

Bu waka mynasyp şeýle däp bolar,
Hajylar gurbanlyk malyny çalar.

Soňra bolsa, olar Mekgä gidýärler,
Käbä baryp, oňa togap edýärler.

Gözýaşlar akýandyr gözlerden bu gün,
Gynanjyndan däl-de, şat bolup göwün.

Olar müňlerçedir, gözmüň göreni,
Ýaşdan doldy görüp gözüm göreji.

Ol gözlerden akan ýaşlar rehm edip,
Taňrynyň kalplara guýan rehmeti.

Şeýle bolsa, neneň haja gitmejek,
Taňrynyň öýüne togap etmejek?!

Haja gitmek ýagşy ynanç, ybadat,
Ol Taňrynyň rehmetinden ybarat.

* * *

Ussadyňky işe yhlas bilendir,
Yhlas bilen ajap bina salandyr.

Ýiti bolmaýşy dek her bir ýyldyzyň,
Her kesde beýiklik görmeýär gözüň.

Beýikligiň meýli bilen eňerler –
Gan bilen joş urar, urar damarlar.

Kimse beýikligiň atasy bolsa,
Kimse – beýiklige enedir bilse.

Beýiklik nireden, bolmasa şeýle?
Agaçsyz miwe ýok, gel pikir eýle.

Birazy diýmeseň adamlaň munda,
Olaryň köpüsi adam sanynda.

Beýikden beýikler dogulýar, diýsem,
Başgadan hem beýik doglarmy eýsem?!

Her kimsede beýiklige meýil bar,
Ýöne ol haryt däl satyn alynýan.

Guwwasa öwrülip deňziň düýbünden,
Ol lagyl-dür hem däl alynýan ondan.

Yhlas boýlap gözlemeli her dem hem,
Deňiz düýbünden däl, başga bir ýerden.

Şowsuzlyga duşsa ony gözleýän,
Kimse bolsa büdrär oňa, gözlemän.

Kimse guýy gazyp gözleýär ony,
Kimseler gazmanka, duş gelýär göni.

Oňa ýetäýmeseň azabyň bilen,
Ýetip bolmaz gahar-gazabyň bilen.

Ulumsa görner ol kiçijek bolup,
Görüner pespäle has goçak bolup.

Meýden keýpli serhoş, soň – agyrar ser,
Beýge çyksaň – azap, soň lezzet berer.

Azap çekip, dynmaz yhlas bolanda,
Ahyr elter arzuwlanan belende.

Ody gorjamasaň, öçýär-de gidýär,
Soňra gyzgyny hem şöhlesi ýitýär.

Ýyldyz hem şöhläni yhlasly saçýar,
Yhlasy kemelse, şöhle-de gaçýar.

Mülküň Güni dogýar ýeriň üstünde,
Gün ýagtysy Aýdan has artyk munda.[1]

Metjit gurmak – sogap işleriň biri,
Guruja dilegde oň sütünleri.

---

[1] Bu ýerde, hökümdaryň mertebesi weziriň mertebesinden has beýikdir-diýilýär

Ahlagy düzetmek iň bir sogaby,
Üstün ýapyp, gizlär ol öňki aýby.

Bina uzak durar idegi ýetse,
Ýykylmaýar, zyýan etmez ýel hatda.

Beýikler hem edil şeýle giderler,
Ideg ýetse, peselmez-de, göterler.

Mydam beýge galar yhlasy zorlar,
Orta ýolda galýar yhlasy kemler.

Ýykylaýjak bolsaň eger beýikden,
Beýiklikde yhlasa bol seýik sen.

* * *

Balkyldap dur gözel gyzyň gözleri,
Al ýaňagnyň gyzarşyny görmeli.

Gyz garran-da bolsa, gözellik bardy,
Gözelligiň yzy bildirip durdy.

* * *

Ýürekdüşgünç lakgy gelip ýanyma,
Sakyrdady, agram saldy janyma.

Ýadatdy, beýnimiň işi görüldi,
Ukym tutup, iki gözüm bürüldi.

Uky kirpiklere parap bilmedi –
Lakgy hem ýürekde orun almady.

* * *

Erkim öz nebsime durdy-da garşy,
Başlandy erk bilen nebsimiň urşy.

Nebis çuňňur derä düşdi-döwüldi,
Çabga ýagşy guýdy onuň gözünden.

Şir ýaly gazaply duransoň erkim,
Nebis ejiz keýge öwürdi durkum.

Sabyrlylyk – nebse garşy serişde,
Takat gerek, ýene biri – her işde.

Mydam pugta tutgun sen öz nebsiňi,
Gowşak tutsaň, ejizleder ol seni.

Nebis iş buýursa, bolmagyn boýun,
Ony gysga ýüpde berk örkläp goýuň.

Erke ygtyýarsyz bolup barşyňa,
Nebis baş göterer seniň garşyňa.

Der bolup çykýandyr yhlas damardan,
Yhlasyň eşigi päkdir ak gardan.

Yhlasly at menzil tanapyn dartyp,
Tozan eşik gadry täzeden artyk.

Uzak menzil geçip, salamat görýän,
Indi Mekge jülgesinde ýöreýän.

Maňa bu gün özüm Käbede bilmek –
Nesip boldy Allaň goňşusy bolmak.

Men Käbäniň sütünine daýandym,
Köp ýagşy dilegler etdim, söýündim.

Gözümde – ýaş, dilde edip senamy,
Ötmegini isledim men günämi.

Çabga deý daş ýagýar şeýtan hinine,
Aldan günä meňzäp dagyň siline.

Hakyň geçirimi çäge sygmady,
Başarjaňdyr, örän köpdür nygmaty.

Ynsan hakly günäden arz etmäge –
Taňry taýyn günäsini ötmäge.

Hökümdar – takwalyk lybas geýmedik,
Mertebe gazanmak ýolun duýmadyk.

Şöhrat gözläp sapar eden kän bilseň,
Keramatla sapar etdim men bolsam,

Taňry yrzalygy üçin Watandan,
Sapar eden ynsan şana ýetendir.

Ýagşy täjir – dine çalşan dünýäni,
Ýagşyzada döner, saçyp dür many.

Peýdasy takwalyk bolan söwdadan,
Başgasynda nyşan ýokdur peýdadan.

Harap başga ömürleriň hemmesi,
Ömrüň söwda bilen geçir, diňle sen.

Galan ömrüň ykbalyny jäht tutdum,
Men takwalyk söwdasyny äht etdim.

Eý, Taňrym, tagatda gezip ýörün men,
Kuwwat ber çykara kalbyň töründen.

Tagat-ybadata çyksa hajylar,
Arasynda menem görsünler olar.

Taňra ýalbaraýyn Käbäň öňünde,
Şol ýerde jan bersem, arman ýok mende.

Arasynda Käbe bilen Zemzemiň
Aýlanyp, lezzetin alaýyn onuň

Hajy Taňra myhman diýip aýdarlar,
Öý eýesi dilegini gaýtarmaz.

Maksatdy Taňrynyň goňşusy bolmak,
Men – goňşy, nesipdir – mertebe almak.

Ýat ýerde jaýlansa meýdim eger-de,
Magşarda direlip tursam bu ýerde.

Bilsedim men – näme bolsa erteler,
Arman, danaň nikabynda örtülen.

Kyn maňa Alladan takdyry bilmek,
Barmyka ýene-de Mekgede bolmak.

Ýene gelip, Gara Daşy öpsemdim,
Onda ýene gözýaşymy döksemdim!

Ýene yhram eşigine çolanyp,
Men bu Öýe togap etsem dolanyp.

Arasynda Sapa bilen Merwäniň,
Ikiýana ýortsam, çykýança janym.

Hajy hatarynda gelsedim Mina,
Nälet daşyn atsam şeýtanly hine.

Dünýäň ýurtlaryndan musulman gelip,
Duşuşýar bu ýerde hoşwagt bolup.

Alla bu ýerdäki duşuşyk bilen,
Perişdeler ine öwünip biler.

Adamlaryň zyňan daşlary munda,
Depe ýaly şeýtan hinniň ýanynda.

Soňra hajylaryň saçyn alýarlar,
Ol ýerde sadaka malyn çalýarlar.

Hajyň däplerini berjaý edýärler,
Soňra olar Mekgä tarap gidýärler,

Olar bu gudratly şähere baryp,
Pygamber gubruna edýär zyýarat.

Onda pygamberi goldanlar kändi,
Şeýdip, yslam dini has kuwwatlandy.

Soň sahabalara zyýarat bolar,
Ýürekde diridir ölse-de olar.

Alkyşda pygamber, sahabalara,
Neneň onsoň goşulmajak olara?!

Taňry pygambere wahy inderdi,
Az goşunda köp ýygymy ýeňdirdi.[1]

Taňrynyň wahysy şöhlesin saçdy,
Şöhlesi ýaýrady, çar ýany guçdy.

Musulmanlar şöhlä, şol nura garap,
Tümden ýagtylyga çykdylar ýöräp.

Alla gula dogry ýoly saýlaýar,
Bendesine sarpa, hormat eýleýär.

Alla bendesine nygmat eçilýär,
Bende hem nygmata şükürli bolýar.

Eý, Taňrym! Habarly meniň halymdan,
Rehmetiňden umydym kän ýolumda.

Razylygyň üçin gezýäň ýadaman,
Bilýärin men, wepalysyň wadaňa.

[1] Ilkinji wahy 610-njy ýylda pygamberimiz kyrk ýaşyndaka gelýär. Bu ýerde Bedr söweşi göz öňünde tutulýar. 624-nji ýylda Bedr guýusynyň ýanynda bolup geçen bu söweşde musulmanlar az sanly goşun bilen ilkinji gezek uly ýeňiş gazanýarlar.

* * *

Başym çallygyndan gorkup agladym,
«Gözýaşym, ak!» diýip, umyt bagladym.

Ondan kalpda ölmüň ýalyny bardy,
Ot ölmümi maňa duýduryp durdy.

* * *

Dostumyň gubruna eglipdir başym,
Säher bilen döküp durun gözýaşym.

Maksadym iç dökmek syrym paýlaşyp,
Emma dymýar durup kalba ot düşüp.

Gözden ýaşym dökmek, ýok başga zady –
Öçürýär kalbymda alowlan ody.

Diňe duýgudaşlar ysnyşyp biler,
Dost gadyry ýoklugynda biliner.

Dostuň ýoklugynda gör, indi, ine,
Bagly men gubrunyň gysym gumuna.

Onsuz aglaýaryn, hesret köp edýän,
Gözümdäki ýaşym şemal kepedýär.

Ýel jülgede agaçlary bulaýar,
Dost habaryn çawuş edip gulaga.

Geçirdim gündizi, säherleri men,
Hem ençe gijäni bile oň bilen.

Jülgäniň goýnundan hoş ys gelýärdi,
Dostumy ýatladyp, gama salýardy.

Otlar ota meýil edip bakýardy,
Suw-da öz daşyna tarap akýardy.

Şol bir heňi şat gaýtalar kepderi,
Öwrenşip, özüne baglatmaz seri.

Gürrüň şahyr goşgusyndan doludyr,
Oňa ajaýyplyk berýän ýalydyr.

Höwes bilen oňlanylýan dildir ol,
Ýatlamasy diňlenilýän dildir ol.

Ýakymly – ýatlama her bir gulaga,
Ýatlan mertebe dek guwanar oňa

Eý, Taňrym! Zamanaň ähline şeýle,
Ýagşy ýatlamany hemra, ýar eýle!

Sebäp, her bir wakasyndan zamanaň,
Ýagşy ýatlamany alyp galýar aň.

Edep adamlarda özüni gizlär,
Ony yzlap tapar kim bolsa – gözlän.

Belagat[1] – beýana ýagşy serişde,
Şygryýet – oý-pikirlere dürüşde.

«Adam ömri çalymdaşdyr güllere,
Ýaşlykda – ter, garrylykda – sülleren».

Bilseň Ibn Mukannag aýdypdyr muny
Menem öz şygryma geçirdim göni.

---

[1] Belagat – dilewarlyk, suhangöýlük.

Gysyp öz halkyny wezipedarlar,
Özlerin wasplara synanşyp ýörler.

Saňa düşmez ýaly adamlaň gözi,
Öz öýüňde okan ýagşy namazy.[1]

Her iş etseň, sagdan başlansa ýagşy,
Çepinedir – çepden başlasaň işi.[2]

Işe yhlaslylyk hem wepa bilen,
Hünäriň eýesi abraý alar.

Aýyr, ýol üstünde daş görse gözüň,
Şeýtmeseň büdrärsiň gije seň özüň.

«Anmuzaja»[3] giren kasydalamda,
Her zatdan habar bar, habar bar onda.

Her ýylda aýlanar Remezan aýy,
Eger aý başlansa, sany hem taýyn.

Oraza tutmaklyk günäden saplar,
Pitre – orazanyň hatasyn päklär.

Orazaly dertden sapdyr, sagdyndyr,
Indiki Remezana etjek bagtyňdyr.

---

[1] Käbir adamlar «Pylany namaz okaýar. Ol ybadathon adam» diýdirmek üçin göze görünýän ýerde namaz okaýarlar. Munuň özi ikiýüzlülikdir, ýagny izüňi öwdürmek üçin okalýan namazdyr, päk ýürek bilen okalýan namaz däldir.
[2] Her bir işiň başlanyş täri, usuly bardyr. Öz usuly bilen başlanmadyk iş ugruna bolmaz.
[3] «Anmuzaja» («Nusga») – Zamahşarynyň bir eseriniň ady.

* * *

Bossanyň şemaly şypa-salkyndy,
Maňa düşelge ýok ondan ýakymly.

Onda bolsam, menden hasratym gaçýar,
Şemalyň aýdymy köňlümi açýar.

Güllerinde müşk-anbardan ýakym bar,
Säher çyg düründen monjuk dakynýar.

Güller bu bossany görke getirip,
Üstlerine sepinýärler atyryn.

«Biziňki deý hoşwagt yslar ýok sizde»,
Öwünýärler ary bar dek ýyldyzda.

Jadygöý jadylar diňe başgany,
Özün şeýdip bilmez, ýok onda many.

Şahyrdyr duýgyny taryplap bilýän,
Şygyrlary ýagşy şygyrlar bolýar.

Alys ýola salýar zerurlyk meni,
Münüp, berýär maňa azar baryny.

Şepagat ýok, azap kökün berýär ol,
Meni öz ulagy ýaly görýär ol.

Özüne hyzmatkär etmäge taýyn,
Oturyp üstümde, bolýar hojaýyn.

Tursam, oturdar ol, otursam-turzar,
Gijeler ýatyrman, ýoly görkezer.

* * *

Uçgun boljak bolup halas,
Ýalynly oda girdi has.

Gutuljak bolup tolkundan,
Çykdy deňiz düýbi-tümden.

Bermejek bolup şöhlesin,
Çümdi gije batga basym.

Durjak bolup Gün öňünde,
Baş ýalaňaç galdy günde.

Açjak bolup kişi aýbyn,
Öz aýbyny dünýä ýaýdy.

* * *

Bagt diýilýäni bolýarka nirde?!
Belki-de, gidendir başga bir ýurda.

Belki, kejebede mundan ötendir,
Jülgede yzyny goýup gidendir?!

Hoşboý yslar, belki, onuň yşgydyr,
Gaýada suratlar çeken keşbidir?!

Belki-de ol gijeleriň Aýydyr,
Belki gündiz Güni, onuň taýydyr?!

Mümkin, ýa-da ol hyjabyň astynda,
Maňlaýynyň ýalkymydyr aslynda?!

Belki, inçe bilde nagyşly guşak,
Belki, bilezikdir – dakynan goşar?!

Ony gözläp, men sapara ulaşdym,
Gije-gündiz menzil geçdim, ýol aşdym.

Men bagty arzuwly daragt deý gördüm,
Wysal suwy bilen ony suwardym.

Giç agşam, ir säher idegde durdum,
Aşyklaryň umyt miwesin berdi.

Umyt miwesiniň ysyny aldym,
Özümi ýitirdim, men serhoş boldum.

Ugrunda özümi pida etdim men,
Özüne däl, hoş ysyna ýetdim men.

Fahryl-Magalynyň[1] şährinde şu wagt,
Goňşy bolaýmasam ýokdur maňa bagt.

Eger Horezmde irkilsem sähel,
Gözlerim ukudan ganýar şol mahal.

Içden turan howpa niçik çydaryn,
Amanda bolmaklyk bolsun şygaryň.

Ondan ençeme ýurt Zemin üstünde,
Halas bolup bilmeýärler astynda.

Göreşen kişiler keç pelek bilen,
Ykbal zyndanyna düşdüler kileň.

Beýle kişi ýazdan hözir görmedi,
Bagt agajy pyntygyny ýarmady.

Ykbal tersmi – hazan deger bossana
Agaçlar ýapragyn döker dessine.

Säher şypa şemalyndan daş düşer,
Aýdymyndan – gündiz saýran guşlaram.

Gam-gussa çekmegiň, sütemiň ody
Kalbyňda alawlap, güýçlener bady.

---

[1] Ýagny, Emir ibn Wahhasyň.

Toprak gurak bolup, ýok bolar bulut,
Bossan teşne galar suwsuzlyk bolup.

Ykbaly daş ýaryp, bolanlar bagtly,
Umman ýaly joşar, gomy haýbatly.

Emir[1] beýiklige hüjümler etdi,
Adamlaň ýetmedik çägine ýetdi.

Emir bir ykbaly daş ýaran kişi,
Özge adamlara meňzemez yşgy.

Ol mydama gara ýeriň üstünde,
Ak ýol bilen gadam urýar aslynda.

Hökümdarlyk ýük ýüklenen gerdeni,
Hemişe göterip barýar merdemsi.

Kim bäsleşse, kakýar onuň tozanyn,
Görmersiň hiç mahal ondan ozany.

Başarjak tapylmaz sahawatyny,
Çapýar ol aýlawda tohum atyny.

Adyllygna hemme galýandyr haýran,
Uluglar geňeşe ýanyna barýar.

Bar bolsa arapda bir ulug kişi,
Kiçidir ýanynda kiçidir, kiçi!

[1] Ýagny, Emir ibn Wehhas.

Eý, hökümdar! Mertebäňe guwanyp,
Diýýän, dowamata sapsyn dowamy!

Eger etseň azda-kände hormat sen,
Islemerin şondan özge gymmat men.

Taňrym bersin mähir hem asyllylyk,
Siňsin ol süňňüne suw ýaly bolup.

Seň üçin şygyrdan ymarat dikdim,
Ony salmak wagtyn uzaga çekdim.

* * *

Eý, sen, ala eşik satyjy adam,
Ala eşik geýip, bolsaňam gedem.

Isle, burnuň göge tut sen ýa aşak,
Şol bir öz bolşuňdan dälsiň üýtgeşik.

Öwülmekden ýaňa, bilseň, gök gamyş,
Utanç-haýa edip, solup-saralmyş.

Çäge öwgüsinden tap gelmän ýele,
Göçüp gidýär ahyr başga bir ýere.

Eger-de öwülse, çopantelpek hem
Buýsanmaýar, halamaýar, bilseň sen.

* * *

Şakaýyk[1] ýakymly görmäge göze,
Meňzeýär ýaňagy bir gyzyl köze.

Gyzarmagy şakaýygyň ýaňagnyň,
Özüniň tebigy bolşudyr onuň.

Bakyp görseň, täze doganda Aýa,
Gyzarýar utançdan, ol edip haýa.

Müşk durandyr görseň hoşboý ys bolup,
Şeýle bolýar ysgalmakdan uýalyp.

Şähermizi hyýaldan bir ötüren
Anbar ysyň manysyny ýitirer.

Çagalygy doly ýatlajak boldum,
Ýöne ondan örän az peýda aldym.

Çabga ýaly bolup guýan gözýaşym,
Karz bolsa, astyndan çykmazdy başym.

Otuz ýaşamadyk ýigitdir heniz,
Synagly kyn ýolda goýandyr ol yz.

Bolsa, ol ýigitlik perde syrylan,
Ýaşlyk agajy-da guramak bilen

---

[1] Şakaýyk – dekoratiw, bezeg ösümligi.

Wasp etse weziri ömrümiň bary,
Men beýik Taňrydan bolardym razy.

Beýik mertebeli münbere çykyp,
Tarypyn etsemdim çarýana bakyp.

Onuň ýaly wezir hiç ýerde ýokdur,
Horezmde başgasyn küýsemen, hakdyr.

Horezm jennetdir, meňzär Ryzwana[1],
Horezmiň suwy-da Köwser[2] suwuna.

Hökümdar ýöredip ýagşy pikiri,
Goldawyny görýär ýurduň bar ýeri.

Paýhasly bolmasa hökümdar eger,
Tokaýyň şiri dek wagşylyk eder.

Akyl ýetirýändir gören hem eşden –
Daş içre syzylyp çykýandyr çeşme.

Hökümdar parasat-paýhasy çyndan,
Syzylýar aňyndan – tejribesinden.

Giň mülk ýeri suwa mätäç bolýandyr,
Suw ýetmedik ekin gurap, solýandyr.

---

[1] Ryzwan – 1) jennete sakçylyk we göz-gulak bolýan perişde.
2) Bag-bossanlyk, gülzarlyk.
3) jennet, behişt.

[2] Köwser – jennetdäki şirin suwly howzuň ady.

Jaýdar aýdylan söz – mergeniň oky,
Göni atyp biler nyşana ony.

Sanjar dergähinde, her baýram, bilýän,
Yzy üzülmeýän ilçiler gelýär.

Tümde ýola çykan kişi kaýyldyr –
Ýolda büdremäge herne taýyndyr.

Malyndan-mülkünden aýrylan adam,
Gidendigni bilýär abraý-adyň.

Yzasyz lezzet ýok, azapsyz durmuş,
Azapsyza ýakyn uzak görnermiş.

Duşuşsa raýaty bilen hökümdar,
Boldugydyr olar üçin howandar.

Ýakymly hökümlä halk söýüp bakar,
Ýakymly sözleri özüne çeker.

Gylyk üýtgäberýär galsa, mertebe –
Bulutsyz ýagyşdan zat ýok erte-de.

Suw ýetmeýän bossan ýaly – gaýgyçyl,
Şadyýanlar bossan içre misli gül.

Sylamak, sylanmak salşykly ýoldur,
Ýagny, sylamaýan sylanýan däldir.

«Emir»[1] ady başga ýaraşmaz ondan,
Özgä «Emir» «sözi» çykmaz dilimden.

Aýdýarlar raýatlar arzyny oňa,
Olary çözmegi goýmaz ol soňa.

Batyr bolşy ýaly gorkak itilip,
Mert golunda kütek gylyç ýitidir.

Gurban baýramynda gurbanlyk çalsaň,
Taňry ony kabul edýändir, bilseň.

Eý, emir! Men saňa ýazdym tarypy,
Ömür geçer, taryp bezär taryhy.

---

[1] Bu ýerde Mahmyt Zamahşary «emir» diýip, emir Ibn Wahhasy göz iňünde tutýar.

* * *

Halyna düşün bu ejiz ynsanyň,
Başyna agyr gün düşüpdir onuň.

Onuň daragtynyň güllän mahaly,
Jomrulypdyr onuň ajap şahasy.

Ol şaha juwandy, ýaşdy ol heniz,
Ýöne umyt köpdi, öçmändi hergiz.

Ömri gysga bolşy ýaly ýagşynyň,
Örän gysga boldy ömri hem onuň.

Döwrüň göripleri ýüregi bulap,
Ýagşy adamlary edýärler heläk.

Ýatyrlar ýagşylar Zemin astynda,
Ýokdy onuň ýaly Ýeriň üstünde.

Ysga, gabryndaky bir gysym gumdan –
Müşki-anbar ysy bark urýar ondan.

Ýagşy ahlagyňda atańa çekdiň,
Çaga dälsiň indi, sen ýigit çykdyň.

Ejeňiz hem ýagşy gylyk aýaldy,
Seni öýerdiler, ogullań boldy.

Olar ýyldyzlar deý daşyňy alyp,
Özüň ortasynda – dolan Aý bolup.

Bimahal göç etdiň baryn terk edip,
Agladyp olary, gama gark edip.

Jomart hem edermen atañ-da şonda,
Galdy gam-gussada, hesret içinde.

Mynasyp sen onuň agy, gamyna,
Ýöne senden sabra, laýyk ol, diňe.

Ýöne hemra tutup, sabyr-takady,
Çekýär öz başyna düşen ýas-ody.

Ösen ýurt pajarlap, beslenip güle,
Süllerip gurady, döndi ol çöle.

Dünýäniň menzili – sapar menzili,
Ynsan bary ondan tapar menzili.

Näçe ýurt adamy ýabany etdi,
Taşlap, başga-başga ýurtlara gitdi.

Bu gün – ýaşalan öý, göçüler erte,
Şeýledir bu syn etseňem şu ýurda.

Aýbyn açyp, adamlary ýazgarlar,
Ne aýp açan, ne ýazgaran – galmazlar.

Ine, bilek, ine, bu hem bilezik,
Birem galmaz, gider gezekme-gezek.

Adamlar yzyny goýdy dünýäde,
Goýan şol yzlaram ýitendir bada.

Bir zat munda baky galaýsa eger,
Galar, ussat bolup aýdylan şygyr.

Uzyn ýaly görünse-de zamana,
Yzy-tozy galýan däldir oň ýöne.

Pelek oýlanmasy Aý ýaly bolar,
Soň ýene dolanar şol öňki hala.

Ynsan bir gün toprak bolar, gum bolar,
Ýagşy galar ýagşy ýatlama bilen.

Sen dünýäde amanat saý her kesi,
Amanady sorar bir gün Eýesi.

Bizde – içki dünýä örtülip goýlan,
Onda näçe syryň barlygyn oýlan.

Ol syrlary açylmakdan gaçylýar,
Barybir, syrlaryň bary açylýar.

Syrlar Eýesiniň tabynydyrlar,
Eýesi açylsa – açylýar syrlar.

Syr bar – güller açylanda haçan-da,
Syrlydyr agaçlar güller açanda.

Syrlar hem örtülen zat ýaly – kysmy,
Örtülgi bolýandyr olaryň üsti.

Özüniň gatlarnyň astynda Ýerem,
Gizleýär köp dürli zatlary – syryn.

Päk niýet bolmasa köreken eger,
Sen ondan razy bolmarsyň, meger.

Adamlar göripdir biri-birine,
Bahyldyrlar tä girýänçä görüne.

Şol sebäp, olara bolmadym goňşy,
Boldum Taňra goňşy, Ol maňa ýagşy.

Aýalmy, erkekmi – parhy ýok, hemme –
Azat adam bolmak ýüpek deý gymmat.

Biri-birin aldaýarlar hemmeler,
Ýöne, aýan – tüm açylýar daň bilen.

Garalanan kişä gara ýokmady,
Aklanana gara ýokdy – bu hakdy.

Aýalar jomartlyk bilen eçildi,
Sahy bulut çabga-ýagyş eçildi.

Şöhrat daragtynda hormat pyntygy,
Şahada – mertebe miwä deňdigi.

Abu Sagyt[1] ýagşysydyr bu Ýeriň,
Saçyp dur nuruny päkligiň düri.

Şöhratynda, galinde hem ylmynda,
Aklynda-da taýsyz nusga bar onda.

---

[1] Abu Sagyt – Emir ibn Wahhasyň künýesi, ýagny Sagydyň atasy. Ibn Wahhasyň dünýäden biwagt öten oglunyň ady Sagytdyr.

Özi beýik, asly beýik men bendi,
Beýikleriň beýiklerniň perzendi.

Oýnadar gylyjy ussatlyk bilen,
Aty çapmakda-da şan-şöhrat alan.

Düşünýär oň tohum aty özüne,
Çapyşsa, köp aty garýar tozana.

Wada berse, wadasyny bitirýär,
Söz berse, lebzini ýerne ýetirýär.

Pederleri rysgal-döwletli bolup,
Dowamly ýagyşlar ýagdyrýan bulut.

Pederler şöhratly, özi şöhratly
Adamlar olara guwançda, şatdy.

Bu ýas gapyrgalaň arasy bilen
Ot bolup döredi, çykardy ýalyn.[1]

Eý, emir, çek ömrüň gaýgy-gussasyn
Görkezgin sen sabyrlylyk nusgasyn!

---

[1] Bu kasyda aslynda Emir ibn Wahhasyň oglunyň ölümine bagyşlanyp ýazylypdyr. Mahmyt Zamahşary ýas barada kasydanyň başynda aýdýar we bu ýerde ýene oňa dolanyp gelýär.

* * *

Oý-pikiriň gowgasyna salyp dur,
Aladalar aýlanyp dur, gelip dur.

Çarhypelek adamlaryň üstünde,
Aýlanyp dur, näçe aýlar destinde?!

Süýnen ýyldyz gökde seýilde gezýär,
Ol näçe ynsanyň ömrüni üzýär?!

* * *

Mejlisde sözleri geçmän derege,
Lakgyldap, bir akmak düşdi ýürege.

Ýürege düşmekde öňdedi akmak,
Özünden razy – ýok ondan çykmak...

* * *

Matlabyňda kynlyk görseň eger sen,
«Berim Gökden ýol ýasara» eýer sen.

Ýükle arkasyna ýükçi düýäniň,
Bolmasa, daş ýaly ýüregi onuň.

Köz bilen köz bäsleşmese, köz bolmaz,
Ýiti-ýitä bäsleşiksiz şan almaz.

Üfleseň, köz artdyrýandyr howruny,
Tow berseň, bäsleşik götär şowhuny.

Közi bölseň, onuň gyzgyny gaçar,
Bäsdeş güýjün bölseň, şöhraty öçer.

Goý yhlas tööňňesin ýaryş közünde,
Şöhrat odun güýçlendirer özüňde.

Arzuwyň odunyň közün saýlama,
Ony nebis alawyna aýlama.

Kalp içre pespällik oduny ýak sen,
Gedem-ulumsylyk odundan çyk sen!

* * *

Bolmasyn maksadyň diňe dür waspy,
Tarypyn bezesin ussatlyk kesbi.

Jadyly bakmasa gözler sen taýa,
Meňzärdi gözleri bir ýagty oýa.

Eger-de ýaňagy bolmasa gyzyl,
Bolardy ol göýä ki bir solan gül.

Aklygynda nury bolmasa eger,
Kamat guran şaha ýaly egiler.

Näzik bolmasady eger-de teni,
Ýatladar öňlüge düşen hapany.

Bolmasady yzy ýüzünde Günüň,
Tutulan şol Aýdan parhy nä onuň?!

Ýüzde mähri ýok bolsady eger-de,
Ol aýna meňzärdi – ýüzünde perde.

Mylaýymlyk bolmasady kalbynda,
Onuň kalby daşa meňzärdi onda.

Kalp aýna ýalydyr näziklik berip,
Döwülse, bolmaýar ony bejerip.

Sabyrlylyk ýarpysydyr imanyň,
Bisabyrmyň – imanyňam ýok seniň.

Ysnyşylýar çölde, başynda suwuň,
Çünki, eltýär oňa teşne arzuwyň.

Şonda-da ol ýere bir näzik maral,
Howatyr eýleýip, gorkuly barar.

Aşyga aýralyk derdin kim bilmez?! –
Duşmasa magşugy, dertden açylmaz.

Oňa duşan derdi ýamandyr, alar –
Ölende, derdinden açylman öler.

Kimse – ýardan, kim aýradyr ýurdundan,
Eý, Taňrym! Açawer özüň derdinden!

* * *

Sakgal timarlamak öňden bäridir,
Ýagşylaryň endigidir-däbidir.

* * *

Ýyldyzlar[1] münbere ulumsy çykar,
Nejmil-eýimma[2] hem pes pälde bakar.

Dürdäne sözleri sözlär münberden,
Köpler ünsli, many alarlar ondan

Ymamlara halypa ol aslynda,
Ýöne, bu gün dymýar Ýeriň astynda.

Bu ymama buýsanyplar gezýärin,
Gynanjyma mersiýämi düzýärin.

---

[1] Ýyldyzlar – ymamlar.
[2] Nejmil-eýimma – sözme-söz ymamlaryň ýyldyzy diýen manyny berýär. Bu lakamyň haýsy ymama ýa-da alyma degişlidigini bilip bolmady.

* * *

Ähli aladalar – ownukmy, iri,
Onuň nazaryndan sypmaýar biri.[1]

Ýadawlygy asla duýmaz – bildirýär,
Ony erjelligi bilen öldürýär.

Az ýatýar, oýlanyp çirim etmeýär,
Bu oňa peýdaly, zyýan ýetmeýär.[2]

Soňsuz taryp ýazmak maksadym oňa,
Asylzadalygny sürmeýär öňe.[3]

Kynçylykda taýýar öwüt bermäge,
Kalbym ýardamçysy bolup durmaga.

Mähir ýylylygy çykýar ýüzünden,
Baksam, rahatlyk tapýar gözünden.

Ýaňagynyň reňki gül keşbin çaýyp,
Özüne çekip dur, ýüzi – ajaýyp.

Men marala deňäp bilmerin ony,
Maral gözne meňzetsem-de gözüni.

Işiginde görip artdyrsa şerin,
Ol goýmaz etmegin haýyr işlerin.

---

[1] Bu kasyda Emir ibn Wahhasy taryplar ýazylypdyr.

[2] Bu ýerde ol ýalta däl, köp işleýär. Wagtyny bisarpa tutmaýar. Ýaltanmazlyk oňa zyýan etmän, peýda getirýär diýen manyda gelýär.

[3] Bu ýerde ol asylzadalygy bilen öwünmeýär diýen manyda gelýär.

Ýagşy işi – ýesirleri boşadýar,
Olar duşmançylyk etmän, hoş edýär.

Meni hyzmatyna tutsa, gul ýaly,
Bolaryn men oňa mydam wepaly.

Bilýäňiz ýüreginiň mylaýymlygyn
Ondan ýumşak görýärin men gylygyn[1].

Hökümdary bezeýşi deý ýaranyň,
Şygrym mertebesin bezesin onuň.

Keremli Biribar beýik emire,
Işinde rowaçlyk bersin hemişe.

Şöhratyň atyna münüş getirsin,
Mertebe gylyjyn has-da götersin.

Waspyn eýlän sözleň hiç soňy gelmez,
Gysga bolsalar-da, asla undulmaz.

Adalatda mertebesi ulalýar,
Elinden geleni dogry ulanýar.

Gylyjy hüjümde etdirip puşman –
Onuň haýbatyndan eýmenýär duşman.

Gije söhbetdeşlik eýleýär kileň
Alymlar, akyldar adamlar bilen.

---

[1] Zamahşary bu ýerde: «Onuň gylygynyň ýumşaklygy ýüreginiň mylaýymlygyndan gelip çykýar» diýmekçi bolýar.

Wagtyny bisarpa tutman döwründen –
Erjel peýdalanyp bilýär ömründen.

Ol ýigit bolsa-da özi danadyr,
Gojalardan tejribäni känelder.

Togsana ýetene meňzeýär ýaşy,
Her bir meseläni bilýär ol ýagşy.

Pursat tapýar öz wagtynda hemişe,
Yhlas bilen bitirmäge, her işe.

Öňdengörüjilik gylgy onda bar,
Etjek işin ol öňünden kesgitlär.

Ol özüniň şalyk mülkün berkider,
Oňa sütünleri – esasy diker.

Töwerege nurun saçýar, gör, ony,
Gün hem ondan gizlemeýär nuruny.

Synlap görüň, eşigi-de gözel oň,
Sylag hem-de hormat bilen bezelen.

Meňzäp bezeýşine ylmy syýanyň
Bezeýär kämillik ömrüni onuň.

Zamana baksa-da ony halaman,
Oldur zamanany howpy saýmaýan.

Zamana  mynasyp bolmasa peleň,
Ol niçiksi şeýle şir çykyp biler?!

Onuň öz gadamyn uran her ýeri,
Bereket eçiler bezäp gülleri.

Günün dolandyryp halal ýol bilen,
Mertebe gazandy ýagşy päl bilen.

Onuňky şöhratyň dokuzy o:ndan,
On bölegi bardyr ahlagyň onda.

Şu tarypy – söz düründen düzülen,
Zamahşardan ýadygärlik ýazylan.

Sen bolmasaň, maksat ýerne ýetmezdi,
Döwlen ganatlarym seýik tutmazdy.[1]

[1] Bu ýerde bu emir bolmadyk bolsa, bu keç zamanada synan göwnüm ýerine salynmazdy diýen manyda gelýär.

* * *

Arzuw dek süýji zat barmyka munda,
Ganaty – ýaşamak öz arzuwynda.

Oýun oýnamaga başlan pursadym,
Şatlanyp, aýdymdan dolýar gursagym.

Gije-gündiz gaýgy-gussa ýat bolup,
Dowam etse, on iki aýda şatlygym,

Hyjuwym, hyrujym bolsa ot ýaly,
Demim hem ýatladyp dursady ýalny.

Kalp päklikde ýada salyp aýnady,
Oňa urulmasa ykbal keç güni.

Ýaşym ulalsa-da, gaýtmasa badym,
Kemelmese meniň gujur-gaýratym.

Bolmasady ýaý kirşini çekmekde,
Menden kuwwatlysy, gaýratly – ökde.

Eý, takdyry kesgitleýji, geldäni,
Bagtly güne ýetirgin sen bendäňi.

Eger-de sapara eýlesem niýet,
Meniň ýollarymy rowaç et, ak et!

Bir zat hakda pikir edip otursam,
Ol pikirim maňa peýda getirsin.

Ruhuň öýüdir mendäki göwre,
Ruhumy belent et ýüzde-müň öwre!

Eger-de ruhy çykaýsa ondan,
Halyny şat eýle, goýmagyn gamda.

Ömrüm ruhuma synagda şeýle,
Ömri ruhuma mynasyp eýle.

Ol gün guluň terezide telle-de,
Ony agyr eýle, sogap pellede.

Ýok meniň arkamda artyk güýç-gurbum,
Oňa öz göterjek ýüküni urgun.

Men bendäniň zehinini kör etme,
Ylhamdanam bergin paýy, zar etme!

Geçse-de aradan döwür hem döwran,
Sen adymy ýat eýlegin bir zaman.

* * *

Uzak gije çirim etmän birjik-de,
Pikir etdim hajyň däpleri hakda.

Alys ýoluň tozanyna bulaşyp,
Sapar edýäň muşakgata ulaşyp.

Taňryňy razy etmäge barýaň,
Päklenýäň gusulda, yhrama girýäň.

Jülgeden barýarkaň[1] Taňrydan diläp,
«Lebbeýk Allahümme»[2] diýip, gaýtalaň,

Doga-dileg edýäň turup säherde,
Aw etmek gadagan şu wagt bu ýerde.

Gadym Öýe gelip, egip başy sen,
Ogşarsyň bu ýerde Gara Daşy sen.

Geliş togabyny edersiň munda,
Karar orun alyp seniň kalbyňda.

Sapa – Merwe arasynda galgarsyň –
Ikiýana ýedi gezek ylgarsyň.

Soň Arafa meýdanyna bararsyň,
Ikindi-agşamy goşup durarsyň.

---

[1] Ýagny Käbä barmazdan öň jülgeden ýöräp barýarkaň.
[2] Lebbeýk Allahümme! – Eý, Alla! Men Seniň öňüňde durun. Hajylaryň gaýtalaýan dogasy.

Namazdan soň Müzdelifä ugrarsyň,
Säher ondan ownuk daşlar ýygnarsyň.

Soňra-da bararsyň ol jülgä – Mina,
Daşlaryň atarsyň şeýtanly hine.

Bu däbi-dessury berjaý edersiň,
Topar bolup, Ümmül-Kura[1] gidersiň.

Hajyň kabul bolsa, sogap alarsyň,
Saplanarsyň, günäden päk bolarsyň.

Umrany-da goşup parz hajyň bilen
Bile bitirmeklik has-da dürs bolar.

Aňlar ahlagyna haýranda bakýar,
Alçaklygy köpi özüne çekýär.

---

[1] Ümmül-Kura – obalaryň enesi. Mekgäniň hormatly ady.

* * *

Derege meňzeýär dim-dik kamaty[1],
Ýüzündäki nury Aý-Gün deý ýagty.

Pespälligi görküne has görk berýär,
Asyllylyk mertebesin artdyrýar.

Bulut haýyrsyzdyr bermese ýagşy,
Är pespäl bolmasa, diýilmez ýagşy.

Ol deňizdir. Ýöne onuň suwunda
Şorluk ýokdur. Sadyr tapdyrmaz onda.

Ahlak dürün gözläp çümýärler oňa,
Ýöne dür tapdyrmaz her bir çümene.

Hööküm etse, kazylara ol kazy,
Hökmünde görünýär adalat yzy.

Abu Musa, Aşgarnyň[2] kitabyndan,
Omaryň sözleri hökümdir ondan.

Böwet basjak abraýyna her görip,
Özleri zyýanda böwet ýarylyp.

Oňa göriplerden özgeleň bary,
Sözün kabul edip, oňa ygrarly.

---

[1] Bu ýerde emir Ibn Wahhas taryp edilýär.
[2] Abulhasan Aly ibn Ysmaýyl Aşgary (873-939) meşhur yslam hukugy alymy.

Aňy gylyç tygy – ýiti hem dury,
Danawy sözlerden alýar ol ugry.

Ahmet[1] döwründäki şany Horezmiň,
Pese gaçdy, artdyrdy-da öz kemin.[2]

Köplük ony gujak açyp garşy alýar,
Onuň syýasatyndan razy bolýar.

Eý, emir! Sen kimin ýagşy ýok bir-de –
Tapdyrmaz Gündogar Günbatarda.

Adalat miwesi turýar göwünden,
Taňry suwlap bagy kerem suwundan.

Her baýramda şöhratyňa baksadym,
Taňry hasyl edýär myrat-maksadyň.

Boýnuňda dür düzüminden ýagty bar,
Nury bilen köpi eýläp bagtyýar.

---

[1] Bu ýerde 907-914-nji ýyllarda hökümdarlyk eden samanylar neberesiniň emiri Ahmet ibn Ysmaýyl Samany göz öňünde tutulýan bolsa gerek. Onuň 1095-nji ýylda dünýäden öten Ahmet han bolmagy-da ähtimal.

[2] Gozgalýan meseleden yza çekilip, Horezm barada birki söz aýtmak diwanyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

* * *

Mertebäni yhlas bilen gazanýar,
Ol – Gün. Gün deý başga näme ýanan bar?!

Oldur dost-uýarlaryna mylaýym,
Göriplere bolsa, goý, bolsun zalym.

Burnun göge tutup, asmana bakan,
Ähli tekepbiriň tumşugna kakan.

Diýýär onuň bagty şol tekepbire:
«Mertebäni ýagşy iş bilen gora!».

Ýagşy gylyk ýagşy işde dür bolar,
Ýagşy ahlak ýüzlerinde nur bolar.

Baglaryň bossany bezeýşi ýaly,
Bezeýär ýagşylar hemişe ili.

Ýagşylar kalbyna beýik Biribar,
Özüniň ýazyndan paýyny berýär.

Ömür – bahar, biz hem oňa seýilde,
Biz onda bolmaly ýagşy meýilde.

Parahat hem agras bolsa hökümdar,
Bahar bossany deý onda ýakym bar.

* * *

Lezzetin görmekde durmuş gyzygy,
Gyzyksyz göreris, ýogsam biz ony.

Lezzetin görmejek bolsady gowy,
Agyz tagam datmaz, içmez ol suwy.

Eger mähir ody ýanmasa onuň,
Eremezdi buzy ýürek donunyň.[1]

---

[1] Zamahşary bu ýerde lezzet hakynda pikir ýöredýär. Adamlaryň ýürekleri biri-birinden sowasa, durmuşyň lezzeti bolmazdy. Ýürekleriň doňuny diňe birek-birege bolan mähremlik eredip biler. Durmuşyň lezzeti adamlaryň biri-birlerine mährem bolmagyndadyr.

* * *

Ýetsem maksadyma, kimse guwandy,
Kimse-de göriplik ataşy ýandy.

Kimse bolsa, gözi gidip synlady,
Synlap kimse, meni hasam sylady.

Şeýle-de, men bilen bir topar adam,
Deň ýöräp, deň basyp, urdular gadam.

Dagyň çür başynda ýer alan bulut,
Görünýär geýdirilen täç ýaly bolup.

Maksat hem şeýledir, seleňläp görner,
Göwün oňa ýetmek üçin tiz urnar.

Gijäniň ýüzüne tüm bolar perde,
Maksadyň ýüzünem kynçylyk örter.

Şoň üçin maksada ýetmek aňsat däl,
Ol gujur-gaýraty talap edýär kän.

Mende az bolanda gujur her sapar,
Maksada ýetmegiň ýoluny ýapar.

Şonda has tijedim gaýrat-gujurym,
Bilip, maksadyma ýetişdirjegin.

Wasp etmek ýeňil däl äriň halyny
Nebis baglap abraýnyň ýoluny.

Ýurduň köp ýerini aýlanyp çykdym,
Gije-gündiz menzil aşyp, ýol sökdüm.

Bir gün gijäň soňy, nury dek daňyň,
Haýran etdi ýiti şöhlesi onuň.

Nur hakynda pikir ýüpün saradym,
Ahyr: «Bu ne ahwal?!» diýip soradym.

Gulagyma owaz ildi bir ýerden –
«Alladan berlen nur» – ses geldi birden.

Ol – Alla hormatlan bendeleň biri,
Horezmşa – şalar Güni, köp nury.

Ol mertebe täji – ynsan bagtydyr,
Şalaryň ynamy, kasam-antydyr.

Mertebäň täjidir, Alladan nurdur,
Bu nuruň egsilmez haýbaty bardyr.

Bu söze elinde gylyç ýylgyrdy,
Soňra döken gany üçin ýyglady.

Haýbatda ýok bu gylyçdan gowusy,
Basýar duşmazdan öň duşman howuny.

Bu gylyçda uly güýç hem haýbat bar,
Haýbatynyň güýji alysa ýetýär.

Berk sütün bolansoň döwlet, iline,
Dünýäň köp ýerleri geçdi eline.

Mydam adalatly hököm ýöredýär,
Namazhonlar ýagşy dilegler edýär.

Oňa Ibn Kubat bilen Hurmuz[1] hem,
Milt edip bilmeýär hiç wagt ýeke dem.

Ölçeseler şalaň mertebesini,
Iň beýikden beýikdir iň pes ýeri.

Beýle baýlyk pederlerden galypdyr,
Ony miras edip, peşgeş alypdyr.

Horezm öz şasynyň haýbaty bilen
Gujuryň-gaýratyň çür başyn alan.

Topragynda ýagşylyk bar bu ýurduň
Onda adalatyň gülleýşin gördüm.

Yslama uýgundyr bu ýurduň ili,
Munda baky galar bu diniň ýoly.

Bu toprak jennete dönýär, öwrülýär,
Behişt penalaýar, saýasyn salýar.

Onda işler rowaçdyr her pasyl,
Isleg-arzuw bary bolýandyr hasyl.

Beýle dynçlyk bolmaz başga bir ýerde,
Men munda arkaýyn, ulaşman derde.

---

[1] Ibn Kubaýe we Hurmuz – gadymy Eýran şalary. Bu ýerde Mahmyt Zamahşary «Horezmşanyň kuwwaty gadymy Eýran şalarynyň kuwwatyndan hem güýçli» diýmekçi bolýar.

Gyrgydan eýmenmez munda käkilik,
Jüýjeler yzyna howpsuz tirkelip.[1]

Pişikden çekinmez, gorkmaz hiç haçan,
Eýmenmän, ýanyna barýandyr syçan.

Keýik ýyrtyjydan gorkup gaçmaýar,
Meýdanda arkaýyn suwlap otlaýar.

Bu mekan galaly ýaly goralan,
Onda ejizlere bolmaýar zulum.

Ýüzbe-ýüzlük ýagşy söweş mahaly,
Şeýle söweş edýär Täjil-Magaly[2].

Açykdyr elleri, ol jomart örän,
Şahyrlar sowgatly islege görä.

Ýürek sözden şygyr halysyn dokar,
Gamgynlyk bossanyn dyzyna çökär.[3]

Buýsanýaryn ýetirip men tarypyn,
Şygyrlarym – baýlyk, hormat, taryhym.

---

[1] Bu beýtlerde Mahmyt Zamahşary asudalygy taryplamak üçin göçme manyly sözleri ulanýar.

[2] Täjil-Magaly – mertebe täji. Bu beýtden görnüşi ýaly bu lakam Horezmşanyň lakamydyr.

[3] Bu ýerde gamgyn ýürekler açylýar diýen manyda gelýär.

* * *

Ýemany-da ýene ylham açyldy,
Ajaýyp-ajaýyp şygyr eçildi.

Tüýs ýürekden Ýemanynyň sözleri,
Goldawa mätäçdi ýöne gözlegi.

Ýemen ýigdi[1] şygryň gadyryn bilýän
Emir gözleginde ýolagçy bolýar.

Üns bermedi hökümdaryň köpüsi,
Ahyr gujak açdy emir gapysy.

Şalyk dergähinde şahyry görüp,
Kabul etdi naz-unygmatlar berip.

Her şygry belentden-belent gopardy,
Örän ussat hem-de dili çeperdi.

Şahyryň ylhamy ganat baglady,
Emiri wasp etdi, göwnün çaglady.

---

[1] Bu ýerde Mahmyt Zamahşary döwürdeş şahyry Ýemanynyň ykbaly arkaly Emir Wehhasyň ussat şahyrlary hormatlaýandygyny hem-de şygryýetiň gadyr-gymmatyny bilýändigini beýan edýär.

* * *

Ýoldan ötüp barýan görseň alňasap,
Nirä barýanlygyn bilmersiň aňsat.

Men nirä barýaryn? – Diýýänler: «Bilseň!»
Ýoldaş bolmazdan öň duýgudaş bolsun.[1]

[1] Bu ýerde, adamlaryň syrlaryny aňsat bilmersiň. Özleri bilen duýgudaş bolmasaň, olar saňa syrlaryny ynanmazlar-diýilýär.

* * *

Nesil daragtynyň alys ýoluna –
Pikir gözi bilen bakýan halyna.

Bu daragtyň iki ganaty[1] bolup,
Mende damarlara berýär ýylylyk

Asly asylzada bolupdy atam,
Beýik daýy tarapymyň hormatam.

Damarlarda[2] mertebäniň owazy –
Goşa bolýar ol owazyň dowamy.[3]

Daragtyň pudagy yralan mahal,
Ata-babalardan gelýändir mähir.[4]

Ata-babaň ruhlary şatlanyp,
Bäsleşerler mertebäni atlanyp.

Soradym olaryň ruhlaryndan:
«Tanymal ötenniň barmydyr mundan?»

Ruhlaryň biri jogapda şatdy,
«Mertebe atynda atam ussatdy».

---

[1] Bu ýerde , kaka hem-de eje göz öňände tutulýar.
[2] Bu ýerde, arka, aňry, gelip çykyş.
[3] Arkanyň şöhraty, mertebesi, ata hem-de ene tarapdan gelýär.
[4] Bu ýerde, arkaňy yzarlasaň, ata-babalaryňa guwanmak duýgusy peýda bolýar.

* * *

Tabşyrlyp ykballar paýhasly kişä,[1]
Hökümdarlyk täji goýuldy başa.

Emir Abulhasan şanly-şöhratly,
Haşym urugyndan abraýa-atly.

Aly mertebeli ynsan ogly ol,
Iki mertebä hem eýe boldy ol.

Bu nebere eýe şandyr şöhrada,
Olar mynasypdyr abraý-ada.

Bolsaň Aly ýaly adyl hökümdar,
Biribardan paýhaslylyk keşbi bar.

Eý, emir! Biribar miýesser etsin,
Iki dünýäm sende gullukda ötsün!

Ýanyňda bolmagym maňa toý-baýram,
Şatlandyrar, argynlygy ol aýrar.

Bahary gan damarynda akymly,
Gaplaň gaharda-da bolýar asylly.

Din üçin arslan deý topuldyň arlap,
Gaçdy gorkak itler, uçdular ýerläp.

[1] Bu beýtden başlap, kasydanyň ahyryna cenli Aly ibn Isa ibn Wahhasyň tarypy berilýär.

Penjeler damakda, suratyn çekdi,
Ýuwdulan süňk bokurdaga tegekdi.

Güýç-kuwwatly ol penjäniň zarbyna,
Ýüzleri öwrüldi arkanlygyna.

Gaçdylar yzyna taplap bar güýji,
Arkalardan inderdiň sen gylyjy.

Kimse gazaplansa din üçin eger,
Alla razy bolup, sogabyn berer.

Bu zulum, jebir däl, maksada ýetmek,
Jahylyýet[1] galyndysyn ýok etmek.

Eý, emir! Din birligini biler sen,
Dogry ýolda Nebä dowam bolar sen.

---

[1] Jahylyýet – yslamdan öňki döwür. Bu ýerde köphudaýlylygy ýok etmek manysynda.

* * *

Amyryýýa ýurduna[1] gideli bile,
Baryp, salam berip onuň ähline[2].

Adamlary bilen oturşyp-turşup,
Iç dökeliň syr alyşyp, syr berşip.

Bu ilde tapdym men karar-kanagat,
Ýaşadym men ençe mahal, ençe wagt.

Çalt geçýär diýmeseň onda günleri,
Ýok onuň başga bir aýply ýeri.

Başyndan geçiren hasraty çekdim,
Hem-de onuň üçin gözden ýaş dökdüm.

Onuň her säheri, her bir agşamy,
Hormat bilen garşy alýandyr meni.

Gije lezzet aldym asmana bakyp,
Gündiz dury suwny başyma çekip.

Onda oglanlygym ýadyma saldym –
Gijeleri bilen söhbetdeş boldum.

Galan ömrüm men bu ýurduň, bu ýeriň
Mysalyny küýsäp-küýsäp gezerin.

---

[1] Amyryýýa ýurdy – Ýemamada bir obanyň ady. Bu oba aslynda Amyr atly ada degişli bolany üçin şeýle atlandyrylýar.
[2] Ähl-ilat, ýaşaýjylar.

Dini ykjam tutup, özgä göz etdim,
Päkledim men ahlagymy, düzetdim.

Özümi mertebä etmek degişli,
Maňa gabahatlyk, ýaramaz işdi.

Yhlasymy gönükdirdim dine men,
Bozulman saklandym şeýdip, diňe men.

Taňra ýakynlaşmak – wagtdan päkligi,
Päklikden däl, köpde munuň ýoklugy.[1]

Melamatçyň ýagşylygy minnetdir,
Minnet etmek ýagşylyga zilletdir.[2]

Ýamanlykdyr melamatçyň perzendi,
Öň ýokdur, ýagşylyk etmezem indi.

---

[1] Bu ýerde kip adamlaryň wyždany päk däl diýiljek bolunýar.
[2] Zillet – peslik, kemlik.

* * *

Iki adam otursa bir at-eýerde,
Biri öňde bolar, yzda – biri-de[1].

Maňa dogduk mekan ýaly ýurt ýokdur,
Nirede bolsam-da küýsänim hakdyr.

Goýmasam nälete eger Allany,
Hiç mahalam terk etmerin men ony.

Duýsam-da özümde betbagty wagty,
Saýaryn ömrümiň ýyldyzy – bagty.

Her halda bolsam-da, dogduk mekanym,
Ol meniň ömrümiň ar-namys Günüm.

Gaýry ýurtda bolsam çagyrýar meni,
Öwrüp bilmen çakylykdan ýüzümi.

Parhy ýok gijemi ýa-da gündizi,
Urup dur burnuma oň hoşboý ysy.

---

[1] Bu ýerde iki sany mukaddesligi, gowulygy bir ýerde goýsaň nädende-de olaryň biri artygrak gelýär diýen pikiri öňe sürmek bilen birlikde, goşgynyň dowamyndan belli bolşy ýaly beýleki ýurtlar nähili gowy, ajaýyp bolsada, ony öz dogdyk diýaryň bilen deňeşdireniňde azajyk hem bolsa yzda galýar, öz ýurdyň artyk gelýär diýip nygtaýar.

Babyl weziriniň[1] halyn ýat etdim,
Ýatladym-da, birden tisginip gitdim.

Köp ýerlerde ondan habar bildim men
Ol wakany eşdip, toba geldim men.

Bu wezir jomartdy Hatam Taý ýaly,
Haýyr yhsanlydy, açykdy eli.

Bermekiler ötseler-de dünýäden,
Ahlak, pentlerinden galdy köp zadam.

Olaň müşk ýadyndan adyllyk bilen
Hakdan bendesine goldaw suw geler.

Kyn güne duş bolup, arz etse bende,
Wezir Bermeki dek ýardam et sen-de.

Ýüz öwürmez ýaly adamlar dinden,
Dürs ýoldan gitmegi görsünler senden.

Geçirip gününi takwalyk bilen,
Saýylgyn il içre nusgalyk bolan.

Hemmesine – uzyn-gysga, ak-gara –
Taňry bendesine deň gözde gara.

---

[1] Babylyň weziri – Harun Reşidiň weziri Japar ibn Ýahýa Bermeki. Onuň neberesi adamlara köp ýagşylyklar edýär. Onsoň adamlaryň arasynda olaryň at-abraýlary güýçlenýär. Harun Reşit olaryň halypalyga eýe bolmaklaryndan gorkup, bermekileriň ählisini jezalandyrýar. Mahmyt Zamahşary bu wagşyýanalygy göz öňünde tutýar.

Birin öňe tutup, peseltme birin,
Gazanarsyň olaň dişi gyjaryn.

Her kimse bir ýagşy amaly bilen,
Gazanar sogaby, abraýyn alar.

Gördük biz ol Aksa metjide gidip
Isgenderiýa minarasyn syn edip.

Men beýle metjidi hem minarany,
Görmändirin aýlansam-da niräni.

Bu bina ajaýyp binadyr dünýä,
Gözellikde haýran edip görünýä.

Süleýman pygamber binany salan,
Bu ymarat ondan ýadygär bolan.

Onuň ymaraty salan döwründe
Gatnaşypdyr oňa jynlar, döwler-de.

Salypdyrlar ony ussatlyk bilen,
Ýokdy maňa onuň ýaly – duş gelen.

Süleýman baş bolup, salnan ymarat –
Beýle şalar keramatdyr, keramat!

Köp gujur-gaýratyň siňeni aýyk,
Yhlasa görä-de bolupdyr beýik.

Munda iki kelle süsüşse eger,
Kelleler ýerinden has göteriler.

Göripler Gökdenem aňryga gider,
Dag başynda nurdan haýalyk eder.[1]

Iki beýik bir-birege egildi,
Her egliş belende göräräk boldy.

Zerli guşak, dür düzümi dakyldy,
Ýöne, olar ondan utançly boldy.

Ulyny sylamak, kiçä-de – mähir,
Ýagşylaryň adatydyr her mahal.

Onda ilki Gündogar, Günbatary
Bardy hyýal – etmek öz raýaty.

Boldy ol hökümdar, başa täç geýdi,
Soňra hem özüniň hyýalyn goýdy.

Täji töwerege şöhlesin saçdy,
Şöhlesi Gün nury bilen bäsleşdi.

Oňa peşgeş berdi Gün şöhlesinden,
Soňra hem el çekdi bäsleşiginden.

Ol bagtyna yhlas bilen ymtyldy,
Ýetdi bagta, ondan razy boldy.

---

[1] Bu beýdiň aňyrsynda şeýle pelsepe ýatýar: Dag ýeriň üstünde otyr. Onuň oturan ýeri Zemin mülküne degişli. Bu jähtden ol ýerde oturan bilegini Ýerden kireýine alan ýalydyr. Ýer eýe hökmünde özüniň mülküne düşen zady özi ilki peýdalanmalydyr. Eger Dag Günüň şöhlesinden ilki peýdalanmak islese, onda bu işe Ýerden rugsat almalydyr ýa-da Ýer bilen ylalaşmalydyr. Şu sebäpden Dag Günüň şöhlesini ilki peýdalanandygy üçin Günden utanýar.

Başga-da yhlasdan bagta ýeten bar,
Tiz ýetdiň emma sen, hemmeler bilýär.

Eý, emir, husytlyk etmegin zynhar,
Bu sahylyk ýagşy gylykda bolýar.

* * *

Iki topar göz guwanjy siz ymam,[1]
Derýa guýýar size, siz – giden umman.

Yslam dini siziň ýala guwanýar,
Güýç-kuwwatly sütün bilip daýanýar.

Size derejedir mertebe bilen
Ynanylan dindir ýol alyp ylym.

Bir adamda takwalyk hem ylymyň,
Munda seýrek gördüm bile bolanyn.

Siz iki egniňiz bilenem munda,
Ýardamçy bolmaly Alla dininde.

Iki aýagyňyz ynamly basyp,
Ýöretmeli pygamberiň mirasyn.

Sünnüleriň galamlary elinde,
Pitiwa bermeklik ýoň boldy indem.

Bu – Allanyň hököminden, esasy,
Öňe sürlen kybap Musa hasasy.

Sesiň gizleýärsiň öz kagyzyňda.
Ýiti gylyç sesi bar ýaly onda.

---

[1] Ýagny, berimli ellere tarap ugratdyňmy?

Hatda gol goýmasyz pitiwalara, –
Parh goýaňok, goluň çekýäň olara.

Abu Hanypanyň mezhebin diňe
Şöhrata bezeýäň, tutýarsyň öňe.

Emma, hemmä deňdir diniň jylawy,
Hormat üçin gönükdirmeli gowy.

Göter mertebeliň mertebesini,
Olar hem göterer mertebä seni.

Hany, ýagşy ahlak – mertebe saýaň,
Ýa-da iberdiňmi bulutlar taýa[1]

Öň näçe alymy sen şeýle etdiň,
Şyh – ymam Abu Ala ugratdyň?!

Bakma ölenine Abu Alynyň
Işi bakja kimin suwlanýar onuň[2]

Sen bu işi gizlin diýip oýlama,
Gündogar hem Günbatara ýaýlan ol.

Bu iş hakda dostlar bilen sözleşdim,
Uzak gözýetimleň içine düşdüm.

Senada agşamdan ertire ýetdim
Taňrymdan dogry ýol dilegler etdim.

---

[1] Bu ýerde, berimli ellere ýagny sahawatly kişilere tarap ugratdyňmy?- diýilýär
[2] Bu ýerde, gowy işi dowam etdirilýär diýilýär.

Gaty görme meniň aýdan sözlerim,
Jepa çeken bir wepaly gözdürin.

Kimiň duşman hem-de kimiň dostlugny
Soň bilersiň, aýtsam saňa rastymy.

Seniň üçin jepa çekmek kyn maňa,
Girmedim men muşakgatlyk geýmine.

* * *

Ondaky mertebä köpler beletdir,[1]
Mertebe Alyda päkdir, belentdir.

Atada pygamber ol möhrüň daşy,
Iki şöhratlynyň[2] ogly hem ýagşy.

[1] Bu iki beýt emir Abulhasan Aly ibn Wahhasyň tarypyna bagyşlanýar.
[2] Ýagny, atasy we kakasy şöhratlynyň ogly.

* * *

Horezmiň sowugy güýçlüdir örän,
Diýer ony gören: «Dowzahdan dörän».

Derýanyň suwuny onuň sowugy,
Daş ýaly gatadýar, doňdurýar gowy.

Ony hüwdüledi säherde şeýtan,
Uky tutup, göz bürüldi bir meýdan.

Ynsan iki topar: biri – üstünde,
Beýleki topary Ýeriň astynda.

* * *

Eý, ýigit,[1] şygryma düşüngin sen-de,
Zulumlar gizlin däl, bilýändir hemme.

Myrady öldürdi hezret Alyny,
Kilaby öldürdi ogly Hüseýni.

Niçiksi zalymlyk etdiler olar –
Jebir-sütem bilen öldürildiler.

Ýatladýar ýitilik gylyç tygyny
Tizligi misli bir gylyç inimi.[2]

Baýa işiň düşse, bitirmez bada,
Şundan uly zulum düşmeýär ýada.

Kim bir sapar aldap, berse nesihat,
Ýene aldamaga synanjagy hak.

Niýetim illeri razy etmek,
Olardan özümiň göwnümem bitmek.

Gije ýol geçmekde syr bolşy ýaly,
Şygrymdaky taryp syrlardan doly.

Ýahýa Bermekiniň şöhratlylygy,
Keremli mertebäň hakykatlygy.

---

[1] Mahmyt Zamahşary «Eý, ýigit» diýmek bilen emir ibn Wahhasy göz öňünde tutýar.
[2] Bu söz zehini we işi çalt bitirýän adam barada aýdylýar.

Ylym, paýhas bilen özün bezedi,
Bu – oňa Allanyň peşgeş bereni.

Galamdyr gylyjy çalşara hak bar,
Galamly kän, ýöne, az ussat çykýar.

Hasasyny Ymran ogly Musanyň,
Bar hasadan öňde goýýaryn menem.

Eý, bende! Taňrynyň rehmetinden,
Hiç haçan umydyň ýitirmegin sen.

Çyn daýhan hiç ýadamaýar, armaýar,
Ýer erkine boýun bolman durmaýar.

Sözünde, işinde ynam döreden,
Il içinde öz diýenin ýöreder.

Ýatlama adaty zat ýaly bolsaň,
Müşk ysy çarýana ýaýraýar, bilseň.

Özün ilki nahal ýaly oturdan,
Soňra ýasamalyk bilen suwardyň[1]

Eli beýik bolar işde öňürden,[2]
Ýollary aýdyňdyr, şow alyp gider.

---

[1] Gürrüň işini bitirjek bolup, bir kişä ýalynjaňlyk edýän adam barada barýar.
[2] Bir kişi bir işi etmekçi bolsa, başga biri şol işi eýýäm başlan bolsa, onda oňa: «Haý, sen öňürtdiň-dä» diýilýär.

Minnetdarlyk bildiräýsem her sapar,
Bir ok döwülmäge bahana tapar.[1]

Her gezekde bolsam saňa minnetdar,
Dilewarlyk oýanmaklyk mende bar.[2]

Bagtlydyr öňi däl, soňy gelenler,
Munuň üçin Haka şükür kylyňlar.

Ömür peýda bilen geçäýse eger,
Ömür eýesini bagtyýar eder.

Geçse ömür oýun-güýmenje bilen,
Meniň köňlüm beýle ömri haýp biler.

---

[1] Ýagny, minnetdar bolmak gaharlyny ýumşadýar.

[2] Minnetdarlyk çyn ýürekden bolanda, aýdylýan sözler ýasama bolmaýar, ýagny sözleri oýlanyp tapmaly bolmaýar. Sözleriň özi diline gelýär hem-de ol sözler çeper bolýar.

* * *

Eý, jülge! Ýyldyrym çakan mahaly,
Görke getirýärsiň älem-jahany.

Eý, jülge! Ajaýyp säher mahaly,
Sen görke getirýäň älem-jahany.

Eý, Amyryýýa ýurdy! Oturym iliň,
Görk goşýar görküne sähranyň – çölüň.

Ençe wagt ömrümi saňa bagladym,
Sen bilen şatlandym, içden agladym.

Ýüregimde küýseg – çakmak, ot berer,
Seni ýatlap, mydam küýsegde durar.

Sen hakda ýatlama söhbetdeş bolar,
Aýdaryn ýatlama aýdymlar bilen.

Aňymda ornuň bar aýdyň gijede,
Seni unutmazlyk – maňa bijede.

Aýly gije şöhle çaýdy gözüme,
Hem ol şöhle saňa tarap gönügen.

Eý, jülge! Ajaýyp görküň bar seniň,
Ýene nesibämde barmykaň meniň.

Dür gaty bolsa-da, deşilip düzler,
Gaty günlere-de ykbalyň dözler.

Haraý islän bolsa, goldawyň ber sen,
Bir gün ondan goldanmaly bolarsyň.

Gözbaşy dürlüdir mähribanlygyň
Mätäje ýardamyň – şöhrat-şanlygyň.

Arkalaryn Güne ýakdylar olar,
Soňra beýiklige göterildiler.

Akyldarlar wesýet berýär şalara,
Hemaýat bermegi raýatlara.

Hyýal atlaň üstlerine böküldi,
Jylawlary meýil jülgä çekildi[1]

Haýyr-şer iş edip biler adamlar,
Haýsysyn köp etse, endik ederler.

Berk baglanyşygy[2] söýen ýigit sen,
Düýäň – yslam sährasyna şu wagt seň.

Gez, halal gazançdan sen iýip-iç-de,
Halal iýip-içmäň lezzeti başga.

Halallyk peýdasy uly bolýandyr,
Halal adam taryplanyp bilýändir.

---

[1] Ýagny, olar hyýallaryna geleni meýilleri, islegleri bildiler. Her bir hyýalyna geleni, islegleri hökmünde kabul etdiler hem-de ony etjek boldular. Emma hyýala gelen her zat isleg bolup bilmez. Bu ýerde göwnüňe gelen zady etjek bolmak göz öňünde tutulýar. Göwnüňe geleni edip ýörüp bolmaz. Sebäbi, onuň durmuşyň kadasyna gabat gelmegi hem mümkin, gabat gelmezligi-de ahmal.

[2] «Berk baglanyşyk» diýip, yslam dini göz öňünde tutulýar.

Mertebe ýoluna düşse eger-de,
Algyn halal adamlardan görelde.

Yslam sährasyna düýesin süren –
Dogry ýolly şol ýigide eýeriň.

* * *

Eý, wepaly ata! Bak, hyýalyna,
Sende takwalykdan ne peýda oňa?!

Ugruna goýberip, bozduň haýpdyr,
Bozuk ogul ýagşy kişä aýypdyr.

* * *

Horezmiň şasynyň agras şalygy[1],
Nurun saçyp, beýgeldýärdi barlygy.

Ol duşman, kapyra awy mysaly,
Musulmana — derdine şypasy ýaly.

[1] Arap dilinden terjime eden Atamyrat Saparmyradow. Çeper terjime eden Seýtmämmet Hydyrow.

* * *

Belent abraý ýok Haşymyňkydan ,
Olar dörän ýaly ter gülden kileň.

Olayňň abraýy başgady mundan,
Nurun saçýan ýyldyz kimin asmandan.

Nebi nebereden hormaty alan,
Altyn halkasynda siz — zynjyr bolan.

Gurbanlyk mallary size sürülýär,
Ol hem örän mukaddeslik görülýär.

Gurbanlyga olaň damagyn çalmak,
Adamlara Hakyň buýrugyn almak.

Nesihatyn almasak-da ynsanyň,
Biz bilip goýalyň aýdanyn onuň.

* * *

Düşdi agyr günler ynsan başyna,
Daglar hem çekmezdi alsa gerşine.

Dünýäni terk etdi Horezmiň Güni,
Gökde Günüň terk edişi deý dünýäni.

Guşluk çagy tümlük gijä öwrüldi,
Ölensoň Ýer gara şala büreldi.

Daglaryň hem sabyr ýetmez zadyna —
Musulman döz geldi onuň ýasyna.

Ýarylara geldi şonda ýürekler,
Sil bolup ýaş akdy gözden-garakdan.

Özi barka dil ýarmaz-a, elbetde,
Ol ölensoň saýrap duran dil bitdi.

Bürençek astynda zenan aňňaldy,
Çalarman ýigitler muňa geň galdy.

Ölmüne çagalar göwreden düşdi,
Mertleriň destinden gylyçlar gaçdy.

Guşlar bolsa saýramakdan el çekdi,
Baglar-da açylan güllerin dökdi.

Aglaýa-aglaýa tutuldy demler,
Gözden ganly ýaşy akdyrdy kimler.

Horezmiň ýyldyzdan ýol ýasan ady,
Ölensoň topraga garyldy bady.

Ýasyny tutmaga gelen jemende —
Köplüginden ýaňa ýol ýapyk munda.

Ozal hyzmatyna gelýän halaýyk,
Bu gün indi onuň ýasyna laýyk.

Onuň öňki şadyýan deň-duşlary,
Bu gün ýasyn tutýar, egik başlary.

Gapysynda öň açylan güllerem,
Gam laýynda başy aşak, süllerip.

Ölüm iň gowyny bilýän ýalydy —
Adamlardan saýlap alýan ýalydy.

Indi bag-bakjada garga gagyldap,
Döwürler geçip dur, şony hem goldap.

Ýetip Günbatara ýagşylyklary,
Siňdi il-halkyna hoş gylyklary.

Ummasyz edebe, paýhasa baýdy,
Ýyldyrym dek çakgan düşüniş bardy.

Gündogar, Günbatar ähli alymynyň,
Söýgüsin gazandyň hem-de sen meniň.

* * *

Taňrym takdyryňy ýazdy üýtgeşik,
Gapyňdan gelene açykdy işik.

Saňa elýetmez bir at-abraý berdi,
Mertebäňi her kes gözleri gördi.

Başyňda-ha täjiň, donuň — egniňde,
Hem ýakaly köýnek bezegiň sende.

Şalaram berende sanap berýändir,
Sende — eller mydam açyk durýandyr.

Golda ak gylyçly oýun edişiň,
Görkezýär gaýratyň ok-ýaý tutuşyň.

Durmuşdyr kyn güni başyňa salýan,
Ondan ýyldyrym deý baş alyp bilýäň.

Muhammet Abu Fetih ogly goýdy,
Soňkulara oňat paýhaslar ýaýdy.

Seljuk ogullary — soltan ogullary,
Mertebe, şöhraty hiç wagt egilmez.

Hak ony durmuşda adyl ýaratdy,
Ol Omar Faruknyň islegin etdi.

Müşrükleri görse gaharda mertär,
Görse musulmany söýgüsi artýar.

Ýagşylyk islese birine eger,
Düýesini satyp engam geýdirer.

Beýik syýasata hem-de hümmete,
Gözügidijilik bardy hemmede.

Hajylara uly bazar gurduryp,
Bähbit aramazdy peýdasyn görüp.

Zalymlar çar ýana dagany üçin,
Ony halardylar, ýakman öz için.

Pereňlerem ondan aman bolmady,
Zyndyklar öňünde durup bilmedi.

Indi gözler onuň ýalyny görmez,
Göge ok atsaň-da, deňine barmaz.

Seljuklardan soltan çyksa eger-de,
Şol wagt parahatdyr, Asman-da, Ýer-de.

Alla şalygyna merhemet kylsyn,
Bersin hemaýaty, mizemez bolsun!

Edil monjuk ýaly boýna düzülen,
Adyllyk ýaýsynlar Ýeriň ýüzüne.

* * *

Size salam bolsun her bir gelemde,
Siz tarapdan öwsen çagy ýeliň-de.

Siz tarapda ýyldyrymlar çakanda,
Gözlerim ýumulman, haýran bakanda.

Ol bagtyma, däldir belki ýyldyrym,
Mümkin, bakyşyňdyr maňa ýylgyryp.

Gözlerime tapawut ýok bildiren,
Ol Leýliň lebimi ýa ýyldyrym.

Dişinde nury bar, ýylgyrsa haçan,
Gündogar hem Gündogara nur saçan.

Arzuw etdim, ýöne, hasylmy mundan?! —
Belki, tötänlikde çyksyn öňünden.

Suw almaga çeşmä geläýseň eger,
Nobatyny saňa berer özgeler.

Dostum, bu günlerim ýatladýar düýşi,
Gonaýdymy depä ýa-da bagt guşy?!

Maňa bu günlerim ýaz güni ýaly,
Gitseler, durmuşym bolmaz mazaly.

Güler ýüzlim asyrynyň tägidir,
Mendirin mynasyp, başda täjidir.

Ahlagyndan, gün ýüzünden joşup men,
Roýuna, kamatyna aşyk men.

Eger şemal Gündogardan öwüsse,
Onuň ysy jana şypa müň esse.

Her şemal öwsende ýat edip men hem,
Dertli ýüregime tapýaryn melhem.

* * *

Aklym haýran, oýlananda sabada.
Jeýhun derýaň joşy ýatlanan bada,

Ony deňze deňeşdirip göreňde,
Jeýhun suw deňizden has tereňdir.

Sorasalar suhangölik edebi hakda,
Çekeleşme akmak bilen bu çakda.

Gep ursam, gylyç deý ýiti söz geler,
Kim öňünde oturmaga döz geler.

Dilem bir nygmatdyr Alladan ýeten,
Ylym hem dil bilen öz ornun tutar.

Diýdiňiz: «Bu diňlemeýär hiç kimi»,
Menem halk içinde, syn ediň meni.

Dogruçyllyk, wepadarlyk adamda,
Bolmasa, olar görersiň mende.

Gam ýaýrasa adamlaryň içinde,
Dogrulykdan gaýry tapylmaz mende.

Olar ýalan hem töhmede üýşdüler,
Soň, halypaň güýji bilen gaçdylar.

Öýler içre iň ýaşuly, iň atly,
Adamlaryň içinde-de hormatly.

Dilegimdir, Hudaý gorap, rehim etsin,
Abraýdan soňra gelen töhmetden.

Öň adama bek ýapyşyp ynandym,
Ýapyşara hiç zat galmady indem.

Çykalgasyz günler düşmänsoň sere,
Baş urmak peýdasyz indi bir ýere.

Dogrulyk bolmasa dostlaryň gepi,
Ýetermikä biri-birine nepi?!

Men indi olary tabşyrdym wagta,
Durmuş nirä bolsa — ugrasyn pugta.

Gorkup ýürekleri käwagt peseler,
Kämahal asmana galar, eseler.

Giň, uly ýürege möhür basanda —
Olar gorkusyndan ýygrylýar şonda.

Kitaphana garawulam olaryň,
Iň bir dargursagy içi garalaň.

Ol hem öz eden şol ýamanlygyndan,
Esseläp alandyr ömründe mundan.

* * *

Aýralyk pursady has ajy bolýar,
Ony diňe dadan dostlarym bilýär.

Bu aýralyk maňa däl diňe bir gün,
Onuň ajysyndan dadýaryn her gün.

Käşge, arzuw bu — Süleýman duşup,
Ýolda hemra bolsa maňa ulaşyp.

Soradylar menden: «Aýrylmaz ondan,
Taparmyň kanagat-sabyry sen-de?!»

Haçan-da gözlerim düşäýse oňa,
Gyrpylmaz gözlerim, syn eder siňe.

Gije — asmandaky Aýyň nurudyr,
Ol nur — ondakynyň ondan biridir.

* * *

Seniň aşygyň men, eý, gözel Käbe,
Eýsem, senden özgä galarmy gabak?!

Ýadyma düşende ýüregim joşly,
Ir ertir, giç agşam gözlerim ýaşly.

Taňrym, Mekgedäki günler ýatlanýar,
Mekgäni ýatlasam, ýürek şatlanýar.

Ähli Hyjaz ahy ýürege dolýar,
Maňa Yrak nygmatlary ýat bolýar.

Meň üçin dünýäde öýi Allanyň,
Bu ýerde ynsanyň joşun bilýärin.

Toba edip ýanyňda kim ýaş dökýär,
Hormatda — kimseler dyzyna çökýär.

* * *

Kimse bejermese uzyn sakgaly,
Dananyň ýanynda günäsi uly.

Özüme-hä göwnüm ýetikdi herne,
Ymamlyk ýyldyznyň çykdym münberne.

Titredip bu beýik hatyra tagtyň,
Ärlere geň keşpde eýeren wagtym.

Sebäp, wada berlen ymamlyk ady
Ol dereje-üstünlikden gowudy.

Muňa guwan, bile biz guwanaly,
Şu guwanç ýeterlik, şony bileli.

* * *

Göz gytagy bilen eli açykdyr —
Görkezäýse, ol garyplyk niçikdir?

Garyplyk üstüňe eger, sürünse,
Tüm gije deý, başga hiç zat görünmez.

Garybyň gabagy agyrsa hatda,
Özgelere duýulmaz ol, elbetde.

Wasp üçin kagyza ýetirdim elim,
Emma başga zada ymtyldy galam.

Nädip ýeňjek, ýaýran onuň tümlügi,
Emma ýürek ýardam etjek imrinip.

Gülüň reňki bar ýaňak keşbinde,
Şonuň üçin görmekligiň yşgynda.

Synlasaňyz keýgiň uzyn boýnuny,
Onuňka hiç mahal meňzetmäň ony.

Ähli ýagşylyklaň özenidir bu,
Mydam ýagşylygy eder ol arzuw.

Oňa uýan her bir ýesir hem azat,
Azat etmek üçin çekýär ol azap.

Käşgi menem hyzmatkäri bolsadym,
Hatda düýşümde bir bakabilsedim.

Ant içýän, bilmersiň eliň degse-de,
Ýüpek ýaly ýumşakmy ol, ýogsa-da?!

Şu şygrymyň gözelligniň mysaly,
Şanyň nökerlerin bezeýşi ýaly.

Bu nähili uly, bagtly dereje,
Şalara, şeýle hem wezirlere-de.

Ulagynyň örküjine çykýar ol,
Gylyjyny ýalaňaçlap barýar ol.

Nirä barsaň bardyr şol ýerde ol-da,
Gamanyň hemişe bolşy dek bilde.

Her bir pikirinde, oýunda oňa,
Dogrulyk, şowlulyk ýar bolýar diňe.

Gylyçdan ýitidir galamy onuň,
Tapmarsyň jübsünden ýeke dirhemin.

Hiç kimde oňky dek köp ýaran bolmaz,
Hem-de onuňky deý täsiri bilmez.

Pikirli ol, ýaş oglan deý gujurda,
Pent edende meňzäp dur ol goja-da.

Paýhasda misli bir akylhana ol,
Köpi gören togsan ýaşly dana ol.

Her gijede ýüregini diňleýär,
Syrdaşy paýhas hem ony oňlaýar.

Öňküleriň başarmadyk zadyny,
Öň gören dek bitirer ol badyna.

Pikir, akyl bilen ösüp-bitendi,
Ol ikisin mydam ýoldaş edindi.

Oý-pikirin baglar bir zada mäkäm,
Ýogsam kertde bina gurardymykan?

Bezeg berilmändir hallardan oňa,
Bag-bakja haklydyr syn etseň siňe.

Onuň nury gurşap aldy dessine,
Günüň nury ejiz geler waspyna.

Wezirleriň bezegi-de onça däl,
Oňa gerek, gerek diňe ýagşy päl.

Guwanja ýeterlik hormat-ganaty,
Ylym onuň ýoldaşy hem zynaty.

Beýik gaýratyna haýran zamana,
Agyr däl kynçylyk — ýok deý hamala.

Jomartlykda meňzejekdir bulutlar,
Ýagmyr gudratyndan süýji bolupdyr.

Joşa gelşi ýaly toprak ýerleriň,
Toba getiripdir ol pakyrlaram.

Onuň baran her bir ýeri läledir,
Pasyllar şasy-ýaz gelen ýalydyr.

Öwgüleriň dokuzysy onuňky,
Sahylaryň paýy bolsa onunjy.

Şudur Zamahşaryň öwgüsi-waspy,
Monjuk düzen ýaly boýnundan asdy.

Zamana ellerin döwmese eger,
Ganatynyň döwgi bitmezdi meger.

* * *

Eger-de ol gitse Aý ýüze çykar,
Görünse, Aý görnen mysaly bakar.

Bilseň, munuň taýyn bolan bijesi,
Iki hem on iki boldy bijesi.

Lowlaýar ýüregim edil ot ýaly,
Her bir demim bolsa uçgun mysaly.

Çüýşe dek ýüregim daşdanam gaty,
Eger aýtsam size bu hakykaty.

Dogry bolmasa-da ýokdur zyýany,
Men ýalylar bolsa zyýan-aýany.

Şu wagt güýç-kuwwatdan alamatym ýok,
Damar-hereketsiz, deramatym ýok.

Eý, gözegçi meni getirdi häli,
Oňa seretdiriň, bakdyryň ýoly.

Daňdan ýagtylygy misli bir gije,
Gitmek isläp, çykarsa ol netije.

Eger-de bilseňiz, bu gijäm meniň
Gelse, buşlan ýaly gündiz gelenin.

Bir zatlar hakynda edýärin pikir,
Ýeke özüm galaýsam eýleýip şükür.

Eger-de aýlaýsa men taýa gözün,
Halym niçik bolar, men neneň dözem.

Kasam içýän, şeýle halda bakýandyr,
Ondan jany goramaklyk hökmandyr.

Hiç zat hasap edýärin men janymy,
Diňe görmek isleýärin men ony.

Kimdir meni ýagşy işe göteren,
Söýgi bilen beýiklige ýetiren?

Megerem, gursagy galkan deý durar,
Günüň şöhlesini-nurun gaýtarar.

Birnäçe wagtdan soň gelse-de eger,
Hemişe-de onuň peýdasy deger.

* * *

Beýik oýlar säherlere göterdi,
Din hem yslam şeýle işi bitirdi.

Buşluk aýaklaryn bulan tozana,
Hak üçin jebire-jepa dözene.

Päk niýet edene yhram geýende,
Tämizlenip, günäsini ýuwanda.

Tekbir aýdyp, baran wagty her gezek,
Her säher görenňe salamyň gerek.

Gadagandyr hoşboý ysy ulanmak,
Saç syrmak, şeýle hem dyrnagyň almak.

Günädir ynjytmak hem-de aw etmek,
Görkezmek ýa aw etmegi öwretmek.

Tekbir bilen Käbä gelse haçan-da,
Gara daşy öpüp başlaýar şonda.

Ýene jogap edip, eger ol başyn,
Soňra bolsa Käbä gerer ol döşün.

Sapa-Merwe arasynda ylgar ol,
Belentlikde-pesliklerde galgar ol.

Soňra Arafatda şeýtany daşlar,
Daň atandan soňra bu işe başlar.

Soňra Mina gidip gurbanlyk eder,
Berip sadakasyn, Haka baş eger.

Bularyň barysy bir-bir ýüzlener —
Ol ýuwaşja Mekgä tarap ýüzlener.

Alladan sogabyn islärler olar,
Alla hem olardan razy bolar.

Hak sogaby rowa görer iki esse —
Sogapdyr haj ýa-da kim umra etse.

Bir kitap bolsady ol Gökden inen,
Bolardy has uly mertebä giren.

Kapyrlar, alymlar haýrany onuň,
Duýulýar gözleri owadanlygam.

Merjen sazlaşykly sözden utanar,
Aý, Günüň şöhlesi ot bolup ýanar.

Ýygnasa ganatyn pespällik bilen,
Bolar mertebesi bir gez beýgelen.

Pespällik bilendir her bir haýyr iş,
Bulutlar garyşsa döreder ýagyş.

Ol bir suw ummany nur saçýar dürler,
Ýöne duzly hem bulanyk diýerler.

Dürler mertlik bilen suwa çümýändir,
Dür üçin her suwa çümülýän däldir.

Iň gowy kazydyr hökümlik adyl,
Höküminde aýry hak bilen batyl.

Ýylan parçalan dek urup gylyjyn,
Ondan özgeleri goramak üçin.

Omaryň Abu Musa ýollan haty deý,
Her bir höküminde adyllyk eden.

Horezmiň guwanjy, ine şu boldy —
Ahmetli günleri ýatlamak galdy.

Ýeke özi gylyç dessesi ýaly
Her eden hökümi görelde-doly.

Hiç kowum olardan käýinç görmedi,
Garşy aldy gaýta edip hormaty.

Kim goňşy otursa gujaklap ony,
Hormatlap, hemrasy saýýar ol göni.

Adyllyk, söýgi hem hormat miwäňdir,
Şol sebäp Alladan ýalkawyň kändir.

Baýram güni saňa duşmaga geler,
Oňa kazy duşsa şat bolar eger.

Ýakasy asmanda syn etseň siňe —
Kitaplary bilen duşaýsa oňa.

* * *

Şatdy iki topar, begensin, gülsün,
Nowruz baýramyňyz mübärek bolsun!

Gelip dur gutlaglar ýeke-ýekeden,
Wepadarlyk ömrün dowamat eden.

Bu dünýäniň kynçylygyn kän gördüm,
Ýöne, ýagşylyklaň ýuwdy bar derdim.

Günä näçe köp bolsa-da birinde,
Taňra toba etse zat galmaz onda.

Ýazgydyňa şükür birinji nyşan —
Ilki nygmatlara şükür etmek kän.

Soňra paýhas, adyllyk hem takwalyk,
Hakdan ýardamlydyr şeýle hoş gylyk.

Şertleri äşgärdir ol ibni Kaýsyň,
Hökümi güýç berlen ýalydyr eýsem.

Adam ata-baba bilen öwüner,
Zat hem känd-ä magtanara göwünler.

Şek ýetse-de käbir erbet adamdan,
Sabrymyz üstündir erbet adatdan.

Gowy adamlara hem ýagşy işe,
Bizem ylgap ýörendiris hemişe.

Olary tüm örten wagty haçan-da,
Bedreddin Aý ýaly olaň içinde.

Ýürek heýjan duşsam olara neden,
Ak gar dek ýüregi ýürek sowadan.

Meni Horezmde hiç zat şat etmez,
Gujur-gaýrat ornun hiç bir zat tutmaz.

Şeýle hem ylmyndan kemlik biterlik —
Şu hem maňa guwanmaga ýeterlik.

* * *

Eý, ylymlar ummany, kenaryňa geldik biz,
Umman joşan mahalyň sansyz peýda aldyk biz.

Akyllylar ör turup, göwünleri göterden,
Segsen ýyllap sen bize öz ylmyňdan ýetirdiň.

* * *

Eý, şemallar, ýetiriň siz salamy —
Ol abyraý ummanyna kelamy.

Söýgüsine guwanýarys biz onuň,
Ak güller gurşanyn gördi göz onuň.

Şägirtleri tegelendi daşynda,
Mährem ata ýaly oýlar başynda.

Onuň üst-başyndan gül ysy gelýär,
Eger ýola çyksaň, ol ýoldaş bolýar.

Oňa dostluk, söýgi eli uzalýar,
Gülli baljaklardan olar dem alýar.

Onda gymmat baha hindi gaplary —
Bakjasynyň çeşmesinden ganmaly.

Pikirlerin düzetmäge söz bilen,
Oňa gelip durlar teşne göz bilen.

Ol ýerde köp syýa bilen kagyz bar,
Dogry pikir kagyzlara ýazylýar.

Otyr utanjaňlar bolsa bir çetde,
Özi bolsa şygyr düzýär, elbetde.

Ylym bilen Göge ýetirýär elin,
Özgeleri umman ýüzünde biliň.

Dostam dost bolmazdy, gama salardy,
Maňa ömür boýy tümlük bolardy.

Käwagt olar bilen çekeleşýärdim,
Sahr ogullar gazabyna düşýärdim.

* * *

Indi injik göterip güýç tapýardy,
Aýaklar gezekli ýeňil gopýardy.

Gulagy gandyryp şirin owazy,
Ajap görnüş dokundyrýardy gözi.

Hutbasy begençli gözýaşa salan,
Erak[1] agajyndan münber ýasalan.

Muňa ýürek joşup, akýar gözýaşym,
Käbäniň guşlary tutupdyr daşym.

Biri Bathan Mekgesine ýolagçy,
Demin-demne ýetirenok begenji.

Mekge agzalaýsa, meniň ýüregim,
Ak huwan güli deý näzik, garagyn.

Ony görsem, ýürek şatlykdan doly,
Säher gülüň açylyşy mysaly.

Dil tekbirde, köňül arzuw-halanda,
Başym açyk Arafanyň ýolunda.

Iki namaz birleşmeýär Minada,
Haýf metjitden şeýtan daşlanýar bada.

---

[1] Bir agajyň ady bolup, diş arassalanýan mesňak taýajyklary hem şonuň çybyjyklaryndan ýasalýar.

Yhramly rehmet düşegne basmak,
Ylgamak, syrmak ýa saçyňy kesmek.

Ýatlananda, sabyr, güýjüm galmaýar,
Aşyk bolan hiç ýatlaman bilmeýär.

* * *

Eý, sen maňa töhmet atyp ýüzlenýän,
Daň şemaly ýuwar hiç zat gizlemän.

Öwüsýän şemallar demirgazykdan,
Rehmetine ýüregimi ezip men.

Güýçlenýärler eger jülgä düşseler,
Damja ýaly bolýar ol töhmetçiler.

Batyl işde bir-birege ýardamda,
Adamlara zyýan berýär her demde.

Kimse ýamanlygyň düşse yzyna,
Ondan täsir ýeter ir-giç özüne.

Emma onuň özi welin erjeldi,
Gynsyz gylyç — köp iş ondan kerçeldi.

Adyllykdan şowlaýardy bar işi,
Gytçylyk öňünde çekip teşwüşi.

Güller nusga saýdy gyzylda ony,
Ot-çöp ondan alýar ýaşyllygyny.

Daýan Muhammede her bir işiňde,
Adamlar-da bir-birine dost şonda.

Arslan ogly Aly sahylyk düri,
Göýä sahylykda suwarýar ýeri.

Ondan ýagşylykdan ömrümiz gowy,
Wagtyndan öň alýas sahylyk suwy.

Setir arasyndan ýer alyp Isa,
Aýyp gözlemekden daş etdi eýse.

Oňa ýakynlaşan ejiz ýanynda,
Olaň ýamanlygy täsirsiz şonda.

Hatda ejizleýär beýikler ondan,
Tutluşsa, gopýandyr ýürek ýerinden.

Dünýäň ýeke-tägi zehini bilen,
Alymlar hem şuňa pitiwa kylan.

Sanga şäheriniň her ýerin gezen,
Men-men diýen ärler güýjüni syzan.

Jarulla[1] arapda belli don bilen,
Olaryň baryna göz-guwanç bolan.

Elden gelen kömeklerin etmäge,
Köp şalar düzüldi oňa ýetmäge.

Günbe-günden abyraýy güýjedi,
Oňa her bir gije gadyr gijedi.

Ýagşylygyň asyrlara paýlasaň,
Iň garyp baý, jomart bolardy bilseň.

---

[1] Mahmyt Zamahşarynyň lakamy bu sözüň Allanyň goňşusy diýen manysy bar .

Isleýärler başlara täç etmegi —
Ýyldyz sany setirlerne ýetmedi.

Onda örän dogry pelsepe bardy,
Päk suwdy hem gaty daş bolup durdy.

Her setiri, her bir şygry üstündi,
Oňa garşy çykýan ýoklugy çyndy.

Onda ýagşylyklar derýa mysaly,
Onuň ylym deňzi adamdan doly.

Gelmediler ýöne nadanlar oňa,
Hatda danalar-da çümmedi çuňa.

Doly öwmediler waspçylar ony,
Hiç kim doly bilmän mertebesini.

Haýbatly, dymsa-da duşmana gorky,
Mekirler hem görse ýitirýär erki.

Käwagt nadansyrar, emma many bar,
Ol geljek habary öňünden aňýar.

«Onuň aýbyn gözlemekden dur daşda»,
Bizdiris bu sözi alymdan eşden.

Erbetligi paýhas bilen düzedip,
Ylym bilen syndyrýardy göz edip.

Ýalňyşyny gözlemezdi danalar,
Ýöne özi özün synaga salar.

Bir-birine goşardy öz pikirin,
Örtýärdi ol ylym bilen öz syryn.

Edil batyl ýaly öwýänler ony,
Ýazyp başarmady doly waspyny.

Gursaga guýulan Allanyň nury,
Dinin juda söýýär, oň hyzmatkäri.

Saklap ylym bilen özün arassa,
Kim söýmez mährinden ahlak döretse.

Tagat-ybadata ýugrulan durky,
Takwalar öwrenýär ondan bu erki.

Aýlap agyz bekelemekde ynanjy,
Agzyn açmakda-da däldir begenji.

Bir ötegçi adam ogly dünýäde,
Ýagşy iş etmedik galar uýada.

Edenlermiz kalbymyza ýazylýar,
Kyýamat gün täleý ondan söz alýar.

Wagt adama duşman ýaly topulýar,
Ýaşar adam hüjüminden gutulman.

Zaman süýrär birme-birden o dünýä,
Zeýdiň Amry urşy ýaly görünýä.

Azat adam adyn alar zalymdan,
Akylly ertirin gurar-mälimdir.

Wagt ýok eder, bilseň, her bir döwleti,
Hökmanlygyn goýdy taryh öwredip.

Ýeňil günler bardyr, agyr günler hem,
Adam kynçylygy ýeňer, ýeňler hem.

Kimsäň garyplygy baýadar birin,
Gözle garyplygy işletmäň tärin.

Täç geýse-de laýyk eger-de merde,
Sergezdan täç geýse, meňzär jomarda.

Etek süýräp ýörmek görünmez göze,
Erbet dost erbede mysaldyr bize.

* * *

Eý, Kerdes, aýrylmak kyn maňa senden,
Maňa hiç bir ýerde karar ýok indem.

Meniň üçin gijelerde nur berdiň,
Indi tümde ýatyp, çekýärin derdim.

Söhbetdeşim bolupdyň sen elmydam,
Indi ýalňyz söhbetdeşsiz galmadan.

Döndüm indi men bir balyk ýuwdana,
Ýa balyk garnynda galan Ýunusa.

Hany syrdaş adamlaryň içinde,
Indi seniň ýaly syrdaş ýok mende.

Nowadan öň Kerdes deý hiç kim bolmaz,
Kynçylyga goldaw beren tapylmaz.

Her günki ýagdaýy synlap garagym,
Günbe-günden joşup urýar ýüregim.

Başa bir iş düşen kynçylyk wagty,
Dogan dek ýar eder ol maňa bagty.

Men seni ugradan günümden, Kerdes,
Gutardy takatym, güýjüm boldy, bes!

* * *

Näme isleýärsiň, sen şony hem et,
Ýöne bolmalysy dek bolar hakykat.

Bizde bolan sabry gidermegin sen,
Suw gören teşne deý güýçlidir bir ýogsam.

Abyraýlar Hemze ogly Ynsany,
Gije hem görnüp dur nury-imany.

Ýigitleň ikisem açylan güldür,
Bir-birine syrdaş, bir-birin goldar.

Başyna gelene olaň hem meniň,
Iň bir hormatlysy iki aýaklynyň.

Şeýle bir pursatda doglupdyr olar,
Nebsine hemmeden terbiýeli bolan.

Abyraý eýesi Aly inininiň,
Hiç neseb nesebine deň däldir onuň.

Olar misli iki sany hülle don,
Gudraty isläne görner Alladan.

Ikisem nur kibi görünýär göze,
Hurma agajynyň görnüşi deý bize.

Ikisem elýetmez çeşme ýalydyr,
Süýji hem-de örän sowuk suwludyr.

Pentleri tutular olaryň beren,
Ýokdur olaňkydan ýalňyşlyk gören.

Eger gaty daşlar açsalar syryň,
Syryň dillerinden çykmaz bularyň.

Adamlary kynçylyklar gurşasa,
Kerim ogly gysdy bizi gujaga.

Asly nepis-pägi ýuwsaňam herne,
Ýetebilmez hiç wagt olaryň deňne.

Olar ýagşylyga besledi ili,
Lowha galam çyzan nagyşlar ýaly.

Käwagt adamlardan ýamanlyk gelýär,
Ýöne, ýagşylygyn beýikler bilýär.

Kynçylyk ýük ursa olara döwür,
Derýadyrlar-köpürjikden ýüz öwrer.

Aýak üste durmaz halda gussada,
Goldan tutan şolar ahyr dessine.

Isa üçin bir bakjady ýüregim,
Teşnedi ýüregim, Isa geregim.

Dilde dogan oňa, ýagşylyk edip,
Göz bilen göz gabagy deý men edil.

Takwa dostum bilen men bile bolsam,
Ruhuma kynçylyk ulaşmaz, bilseň.

Oň ölüm habaryn eşitmezden öň,
Käşgi ker bolsadym, bolsadym men güň.

Dost diýeniň dost bolmasa hakyky,
Kepderi höwürtge basmaz takygy.

Onuň ýüzi-gözi agşam hem ertir,
Çytylyp durmaz-da, ýylgyryş getir.

Ýyrtyjy topulyp edende hüjüm,
Hojasy-da biler mertligniň güýjün.

Hiç haçan illerden para almazdy,
Çeper dilli, sözi ýalňyş bolmazdy.

Güler ýüzli adamlary görende,
Ýöne, geçirimli bolmak ýok onda.

Görüp, hakykata ýapyşýanyny,
Taşlasy gelmezdi dostlary ony.

Rafrafyň injigi ejizdi ondan,
Dymardy çar ýany batly sesinden.

Duşmanyna eli degäýse eger,
Bolar şol wagt jany damaga tegek.

Daşynda duranlar eşitse sesin,
Ýyrtyjy gören deý dymar hemmesem.

Sypmaz hiç wagt duşman onuň elinden,
Darkaş gursa — hiç zat gelmez golundan.

Onuň rahatlygy ýellerde ýokdy,
Sypasa-kesellä şypasy hakdy.

Gonaga gapyny ikiýan açýar,
Hatda namardyň hem günäsin geçýär.

Öwgüden başga don egnine almaz,
Abyraýdan başga düşegi bilmez.

Hormatlysy Adnan ogullarynda,
Ýyldyzlar-monjuga düzülen onda.

Mejlisleri adamlardan doludy,
Nar içiniň däneleri ýalydy.

Birnäçäniň maksadydy ýassyny,
Bile okamakdy, höwesläp ony.

Olar mejlislere çyrag - nurdular,
Ýylgyryp, çarýana bakyp durdular.

Bathanyň siline böwetdi olar,
Olara — sil damja, kändi beletler.

Ýylan dek özünde awy beslänler,
Eý, olara göz degirmek islänler!

Nesip şu dereje Ibni Wahhasa,
Bu-da Allaň fazly dälmidir eýse?!

* * *

Meni ýat edýärmiň oňa garap sen,
Ýyldyrym çykanda Yrak tarapdan?!

Ol Hyjaz tarapda bilseň, hassa men,
Seni görmek arzuwynda gyssanan.

Para-para ýürek uçýar asmana,
Ýöne, synyk ganat goýýar ahmala.

Ýüregim hiç ýeňip bolmaz ýerlerde,
Belentlikler bilen söweş-jeňlerde.

Ondan gaçýan däldir doglan söweşde,
Gaýtam, onda bolmak höwesi başda.

Ol özüniň duşmanyny gördügi,
Topulýar — awuny gören gyrgydy.

Tirsek aşagynda salym ýalkymy,
Közde gyzan ýaly gyzgyn galkany.

Sypmaz duşmanlary olaň elinden,
Diş bilen tutulan ýaly dilinden.

Gyrgy penjesine aw bolup düşýän,
Mysalydyr onuň elinde duşman.

* * *

Bossana gelene diýýän: «Hoş geldiň!»
Ýaşaň çybynlaryň içinde indem!

Jyňňyldasa ot gorjalap serinde,
Gaharyň getirer düşlän ýerinde.

Çakyp, ses eşidip — jyňňyldap olar,
Ähli tarapyňy gurşaplar alar.

Gaýtalar Aruzyň sesini edip,
Bir ýana gitseňem seni ugradyp.

* * *

Saňa bir sözüm bar ymamlar başy,
Sen-belent, belendiň pesdir syrdaşy.

Her bir ynsan kynçylyga uçraýar,
Hiç bir döwür kynçylyksyz geçmeýär.

Gördüm ajal ýetse ýigdiň ölýänin,
Baş ýaýkap, direldip bolmaz, bilýärin.

Müňkür bolsa, iň erbedi hutbanyň,
Topulan ýalydyr üstüne onuň.

Ýöne adam üçin gowy dost oňa,
Meňzeýär tümlügi böwüsýän daňa.

Hormat-göwün götermegiň ajaby,
Gijikdirmek — meniň üçin ajaly.

Kaksalar egnime — bu baş-serime,
Keffarat ýalydyr etmişlerime.

Arzuwym — olara minnetdar bolmak,
Öwgüdir söýgimi ýetirip bilmek.

* * *

Goňşy aýal bir gün tanaman meni,
Ýerim satjak bolup duran ekeni.

Diýdim men gördüm-de şol pursat ony:
— Ýerime satýaňmy abyraýyňy?!

* * *

Hulesan gylygyn soraň siz menden,
Aýdaýyn ýaşaýyş, hereketinden.

Näçe berk gyssa-da durmuş adamy,
Päsgel duşsa, aýrar bir ýana ony.

Habar bersem Hulesanyň halyny,
Basýardy kynçylyk üst-üste ony.

Näçe kynçylykly bolsa-da döwri,
Döz geldi, dogrulyk baryny döwdi.

Ähli ýüreklere görelde boldy,
Şeýle hem gören göz ybraty aldy.

Kirpikleriň gözi goraýşy ýaly,
Gorardy çar ýany, gorardy doly.

Hatda hyzmatkäre jomart göwünden,
Başga suw dözmezdi çeşme suwundan.

Abyraý päkligi, kämil gylygy,
Edil daň päkligi, säher päkligi.

Ýene bir zat gözlerinden göründi —
Seredende däl-de, sereden bendi!

Adamlar öwende, waspyn ýazanda,
Galamlar ylgaýar kagyz ýüzünde.

Eger bir zat ýazyp, garşylaşsalar,
Çuň manyly kelte jogap eşdiler.

Köp-köp erkekleriň paýhas-akyly,
Düşünip bilmezdi jogaba doly.

Garşydaşlar bolsa - hile-a:la ýar,
Sil öňünde duran ýaly dagaýar.

Köňül jomartlygy gedemlikden däl,
Ejizlikden däldir ondaky pes päl.

Şalaryň şatlygy halkyna bagtdyr,
Gussalary raýatlara apatdyr.

Bagdan miwe gaçmaz silkmese olar,
Onuň silkmesinden adam hoş bolar.

Söwdasyndan ýeňillikler isleýe,
Bararlar adamlar onuň üstüne.

Gaýraty daş ýurtlara-da ýeterdi,
Ýene wezirler dek halka biterdi.

Kän ýürek sowady halanma ony,
Sen bolmasaň, sowamazdy gyzgyny.

Ýagşy işi ýardyr ýagşy dilege,
Misli «Sag bolsuny» baglaň buluda.

Kerim ogly Kerim gyza boldy taý,
Oňa sahylygy eçilip serpaý.

* * *

Zamanaň tägine baglaýan seni,
Bile bol, olaryň tutup sözüni.

Bolmasa-da özi çölüň araby,
Iner ýaly dogry ýoly arady.

Öwretdi köplere çözüp kyn işi,
Ýöne ýalňyzlykdan çekdi teşwüşi.

Halk içinde berk guşady bilini,
Ýagşylyklar üçin çeşme ýalydy.

Manysynda ýalňyş aýtman sözüni,
Iki sypatda-da bezän özüni.

Saç timarlap, bezenseler özgeler,
Ol ylymy zynat bilip özgeren.

Şygry gowy bilýär döwürdeşlerim,
Şol sebäp, manysyz şygyr goşmadym.

Nokatlary bolmasa-da ýerbe-ýer,
Şygyr gowy ýazlar şat bolsaň eger.

Aýdanlarym hakykatdyr, nygtaýan,
Mundan zyýat öwmäň meni, magtamaň!

Ýalňyşsaň, dünýäniň alymy biler,
Ýalňyşlar, hatalar söýgüsiz galar.

Şygyr hatalardan bolmasa aman,
Gulak asyp, diňlemerin halaman.

Meniň şertim şygyrlaryň hilidir,
Imrinmerin, bu ýüregmiň ýoludyr.

Saýlanandyr şygyrlary Züheýriň,
Hiç kimse tapmady olaň kem ýerin.

Ol dürdäne setirlerde dür bardyr,
Paýhasa baýdyr ol, pähime baýdyr.

Zynjyr dek düzülen syn etseň siňe,
Datsaň tagamlydyr, süýjüdir saňa.

Ubeýdylla Ýaradana baş egýär,
Her bir işde oňa şükürler edýär.

El degmedik jöwher ýaly diwany,
Şygyrlar bir ýüpe düzülen many.

Şahyr döwresinde bolsadym men hem,
Olaryň mejlisi bersedi ylham.

Käşgi, baran ýerim bolsady şygyr,
Meni öz ýanyna alsady şygyr.

* * *

Aklymda ýok gyza çatyldym men-de,
Hyjap bar bolsa-da ýylgyr sen onda.

Sen näme isleseň şeýle hem bolýar,
Ýürekde boş ýeri gaplaýyp alýar.

Mertebäň belentdir seniň Gün ýaly,
Hormatyň nur saçýar bezäp dünýäni.

Saňa bagyşlaýan şygyr diwany,
Elimden gelýäni — sözi dür many.

Hiç kim senden ajap zady bilmeýär —
Bereket-ýagmyram sençe bolmaýar.

Harutyň şygry-da jadysy bilen,
Gözel waspyň etse, kemterlik kylan.

Sen hormat eýesi, şonda-da diňe,
Abyraýy isleýän köp özüne.

Ýeke özüň aldyň erkini onuň,
Hiç bir şärigi ýok, özüňki seniň.

Bak pederler sözleriňe-aslyňa,
Dogry gelýär diňe seniň waspyňa.

Sözleriňden ýüz öwräýsem özüm meň,
Derdim artar özgeleriň sözünden.

Sen bolmasaň, hem bolmasa hümmetiň,
Doly wasp etmezdim zenan gymmatyn.

Men «Injili» okan wagtym haçan-da,
Rowaýat etmegi bes etdim şonda.

Unutman Maryda geçen günlerim,
Aýak üste kitap açan günlerim.

Mejlisde iň gözel ýerde bolardyk,
Suwsuz teşnä dönüp ylym alardyk.

Kerwene suw berýän ýalydyň sen-de,
Isleg bitirýärdiň aýak üstünde.

Meňzäp durulykda çeşme suwuna,
Aýdyň jogap tapýaň her bir göwüne.

Seniň ol döwürde bolmagyň bilen,
Döwrüň kemçiligi örtüldi kileň.

Bir sende ýalydy zamanaň şany,
Hem sahylyk, hem-de batyrlyk dony.

Ol erbet adamlar içigaralykdan,
Ýüzleri gara örtdür, misli ýakylan.

Hiç kime ýagşylyk bilen bakmandyr —
Gowlukda olaryň ady çykmandyr.

Nuweýsdir lakamy, bahyl hem gysyk,
Özgeden gysganmak pikrine osup.

Peseltmekçi abraýlyny ol Nuweýs,
Hormat goýanyňam abyraýy pes.

Ondan peýdalandy masgarabazlar,
Olaň ikisinden peýda hem azdyr.

Sürme çalnyp, bezelse-de ýüzleri,
Ýyrtyjy haýwana meňzär özleri.

Zelelden başga zat bermezler saňa,
Synlamak-ýyrtyjy görmekdir diňe.

Awsyň sen olara seni görende,
Olar aw etmegi öwrener sende.

Olaryň işi aw hem aldyr-hile,
Golaýlaşsaň tüýder diş-dyrnak bile.

Men bir nesihatça duşdum Mekgede,
Bolan bolsam, gatnan ýaly mekdebe.

Ulularam dereksizdir bu kowmuň,
Akylsyzlaryndan Hudaýym sowsun!

Ýer ýüzünde mundan uly zyýan ýok,
Degräm akmak çopan, hiç bir peýan ýok.

Men: «Çolagy ýitirdiňiz!» diýdim kän,
Hem niçiksi oglanlygyň ýaýdym kän.

Eý, Bathan guşlary, beriň siz habar,
Maňa bu Diýarda tapylmazmy ýer?!

Eý, Bathan guşlary siz buşlap geliň,
Birleşip bilmenmi araplar bilen?!

Gülündenem monjuk ýasap üzümiň,
Olar abraýydyr bu Ýer ýüzüniň.

Dogrulyk çeşmesi ýalydyr olar,
Jeňde atalary ýaly mert bolar.

Ejiz üçin gujaklary açykdyr,
Açlar üçin saçaklary açykdyr.

Töwerekden dep ederler belany,
Ejizlere hossar çykmak biläni.

Adatlary-özgeleri söýmegi,
Ýagşylyklar etmeklige uýmagy.

Isanyň kakasy ol batyr Hasan,
Iki uly abraýyň eýesidir ol.

Kanal suwy ýaly — algylaryny,
Geçer-de, olara bagyşlar ony.

Ýeterlik ahyryn täk özi onuň,
Saklanmaga — başy bolup kowmunyň.

* * *

Döwletiň ganaty jomart halypa,
Jomart yzyn göteren mert halypa.

Päk kalply nesilli, uly hormatly,
Il söýen sahy ol, abyraýly-atly.

Gaýraty daglara bakyp diýipdir:
«Güýç-kuwwatym sizdenem has beýikdir».

Onuň kitaplary öwütden doly,
Ýöne, göriplere agyr dag ýaly.

Nämeden biliner ýagşy häsiýeti? —
Görkezer kitapdan pent-nesihaty.

Baý manyly söhbet onuň kitaby,
Sakyfa ogullarnyň hutbasy kibi.

Çuňňur pentli okap görseň eger sen,
Paýhasyň işleder misli degirmen.

Ony magtap, öwdi Horezm şasam:
«Gör, niçiksi beýik halypa hasam!»

* * *

Eý, Ýusup, başyňdan geçenler seniň,
Ýetilmejek tarypydyr waspyňyň.

Ýakup waspy Ýusup ornuna tutmaz,
Hernäçe diýsem-de, waspyna ýetmez.

Taňrydan gorkmagyň hem seniň takwaň,
Seni maňa iň päk dost edip saklar.

Gören gowy endiklerimi sende,
Görmedim men dostlaryň hiç birinde.

* * *

Ýürek-damarlarym arzuwdan doly,
Gürsüldäp, çalt urýar ýyldyrym ýaly.

Ol Ümmül-Kurada bolsam-da özüm,
Küýseýär ýüregim Yragyň düzün.

Her gijede gabrym gysaja saldy,
Şonda gözýaş, kirpik berýär teselli.

Neždileň obasyn gören pursadym,
Ondan niçik lezzet alşym görsediň.

Onda hatyp ýaly saýrar guşlaram,
Baglar egip gür ýaprakly başlaryn.

Gözýaşlam teselli berip, çaglarlar,
Emma olar içlerinden aglarlar.

Ibni Wahhas, gör, niçiksi gowy adam,
Göýä, ondan dörän abyraý-adam.

Göýä, Hysrow aýallarna bilezik —
Şygyrlarym görkli ondan bezelip.

Bardyr iki sany şöhlesi-nury,
Biri — päk gözellik, päk nesip — biri.

Ol ýerlere Ferezdagyň güýjünden,
Hem gatylan Jerir joş-hyrujyndan.

Kapyýalam kapyýany galdyrar,
Soňkulara bir söz goýmaz — bildirer.

Şygryň bary Kap dagyna düzüldi,
Ondan başga ýer ýok Asman ýüzünde.

Ysa ogly Aly atly her ýerde,
Öňüne geçilmez beýik serkerde.

Ol gözeller galyňa hem dessine
Şygyr sözleriniň täçdir üstüne.

Owwal siziň ýardamyňyz gelmezden,
Her babatda mezhebim ýol galmazdam.

Siziň goldawyňyz, goragňyz bilen,
Men — Alla öýüne dahylly bolan.

Azada ýoldaşy azat adamyň,
Käbedir ýoldaşym, syrdaşym meniň.

Bathada bolmadyk bolsadyň eger,
Menem Beýtulladan göçerdim meger.

Ýollanlara etmeýşim dek hyýanat,
Meniň beren pentlerimi kabul et!

Näçe sowgat berseler-de meň özüm,
Ol günäkärlerden öwürdim ýüzüm.

Beriljek sowgatda nyrh ýeke-täkdi,
Olaň aýdanyna «dogry» diýmekdi.

Temmi berdim sag-çepe at segredip,
Ilim-günüm köşeşdirip ugrady.

Size ýakyn ýerde ýer alan wagtym,
Bolardy ol maňa iň uly bagtym.

* * *

Gynanşyndan ýürek akdy-eredi,
Gözde ganly ýaşdan siller döredi.

Arzuwlap taparyn birleşdirmäni,
Sogrulyp gelýärdi agzyndan jany.

Görüp, adamlaryň agzalalygyn,
Ýüregi bölünip gelýärdi onuň.

Munda dawa hem-de galmagal günde,
Ýaşarmyň gylyjyň kölegesinde.

Adamlaryň ikiýüzli mahaly,
Dünýäniň Güni hem dogmaýan ýaly.

Ten ýakan nur-otlugyndan ne peýda,
Ýasla özgäň şatlygyndan ne peýda?!

Ýaňagna düşende şöhlesi Günüň,
Ýüzleri Gün kimin nurludyr onuň.

Kim maýyl däl bally leb-dahanyna,
Garylan ýalydyr haýa ganyna.

Ýolagçy ýolundan galar, bendidir,
Juwanlary goly bagly bende eder.

Ony görenlere dury akylly
Misli Köne Babyllaryň ýakymy.

Sen diýip, goş düwüp, düşdüm men ýola,
Goly bagly ilki gelen men däl-ä?!

Gündogar hem Günbatarynda ýurduň,
Danalara sala salşyny gördüm.

Batly gadam urup barýan şa ýaly,
Garşydaş ýurtlary açýardy doly.

Ýelem geçmez uly hatar içinden,
Şemal ýetmez yzdan gelse haçan-da.

Goşunyň dilinde zikiri bardy,
Atlylar dünýäni söküp barýardy.

Şöhratyn eşitmez gulak galmandy,
Eşdermidi ol mynasyp bolmanda?!

Adamlaryň içinde ol ýeke-täk,
Ol sözlere bezeg berýän sürme dek.

Ýylgyryşy nyşan jomartlygyndan.
Gylyç ýalpyldysy hem mertliginden.

Birleşdirse şasy agzy alany,
Mydam gorap dursun Biribar ony.

Hutbasynda berýän iň gowy many, —
Gör, niçiksi, bagtly öwgülän şany?!

Kyn günlerden baş çykarýan dil bilen,
Özgelere akyl goşar il bilen.

Duşmanyň öňünde kesgin gylyç hem,
Ok-ýaýyň hajaty ýok eger bilseň.

Dananyň akyly, naýza-peýkamdan,
Has-da peýdalydyk okdan hem ýaýdan.

Jomartlyk deňzinden her kim paý alar,
Ot ýakana — otdan ýalyny bolar.

Ýalpyldap dursa-da asmanda ýyldyz,
Gün nurun saçmasa, dünýä nur bolmaz.

Duşmanlar dagadan uly milleti,
Kanunlary bir pikire jemledi.

Duşmanlar aşyna awular atdy —
Pähim melhemleri ony ýok etdi.

Açdym şygrym bilen ençe gapyny,
Allanyň ýardamy goldasyn ony!

Ýaryşjak at ýaly özün beslärdi,
Ýagşy işi özi etmek islärdi.

* * *

Yslam şu pursatda ganatyn açdy,
Gün nury täzeden şuglasyn saçdy.

Şanyň at-abraýy belende galdy,
Onuň şan-şöhraty dünýäni aldy.

Horezm şanyň gaýrat gelip biline,
Sarp edildi Muhammediň dinine.

Şanyň şepagaty döwlet sütüni,
Dynçlyk donly etdi öz döwletini.

Dinsizleriň gany sil kimin akyp,
Dur musulman gany gorap saklanyp.

Men-menlikde kimdi kapyr — bilindi,
Indi gamgyn, ýüzi ýere salyndy.

Horezm degresin gurşady aldy,
Uzatdy ejize ýardamlyk golny.

Onuň atlylary göýä bulutdy,
Bulut ýaran ýyldyrym deý bolupdy.

Beýik şady batyr goşuny bilen,
Duşman leşgerini lerzana salan.

Baýdaklary gökde pasyrdaýardy,
Ähli ýerde oňa şan-şöhrat ýardy.

Mydam öňündedi Hakyň ýardamy,
Ýagşy doga besläp yzy-ardyny.

Duşmanyň yzyna düşüp her oýda,
Gaçmak üçin pursat ýokdy olarda.

Kapyr goşun gyrlyp, ýatansoň bady,
Hem öçdi olaryň duşmanlyk ody.

Bir-biregiň aýagyna çolaşyp,
Gutulsalar kaýyl boldular gaçyp.

Gaçdylar ýöräp däl, ýatladyp ýeli,
Musulmanlar jennet etdi ol ýeri.

Naýzalar okçular taýa gönüldi,
Hem asmana atýanlara öwürdi.

Biraz dursadylar galany gaçman,
Baş giderdi ýyldyrym deý gylyçdan.

Şir ýigitleň kirpikleri gyrpylman,
Nije menzil geçdi ýadawlyk bilmän.

Şehit bolmak üçin göreş tutdular,
Edermen ýigitler, batyr atlylar.

Ýow bilen bir düze giren dessine,
Duşman gaçyp, at goýdular üstüne.

Nirde kapyr duşsa, dilegde Hakdan,
Şirki gopardylar düýbünden-kökden.

Ýesiri boşatmaz hiç hili yhlas,
Muhammet goşuny etmese halas.

Duşmanyň gollary boýnunda bagly,
Musulmanda monjuk, bilezik ýaly.

Beýgelipdi musulmanlaň başlary,
Ýaýrap hormat-sylag, şatlyk-hoşlugy.

Hakdan ömür dilän Horezmiň şasy,
Dirilik suwundan içen mysaly.

Beýik Biribaryň ýardamy bilen şu diwan tamam boldy. Kämillik paýyny beren Biribara taryplar bolsun! Beýik Allanyňky ýaly güýç-kuwwat hiç kimde ýokdur.

## HOREZMINDE EDEBIŇ HEM EDEBIÝATYŇ KÄBESI

Geçmişiň gadyr-gymmatyny duýýan, onuň gerekdigini bilýän adam geljegi gurup biler. Her bir halkyň beýikligi onuň diňe şu güni bilen däl-de, geçmişde galdyran edebi we medeni gymmatlyklary bilen hem kesgitlenilýär. Bakylyk diýlende, diňe gelejek göz öňünde tutulmaýar. Bakylyk hem geçmişe, hem geljege garylmakdyr. Ata-babalarymyzyň miras goýan ruhy gymmatlyklary, edebi we medeni ýadygärlikleri biziň halk, millet bolup galmagymyzdaky esasy taryhy serişdelerdir. Bakylyk diýlende biziň geçmişimiz hem mynasyp orun alýar. Geçmişi öwrenmegiň zerurlygy hakda Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasynda ajaýyp jümleler bar. Taryhy, geçmiş mirasymyzy bilmegiň, öwrenmegiň aňyrsynda şahsyýetiň terbiýesi ýatyr. «Adamy-durmuş, şahsyýeti-taryh terbiýeleýär» diýlip, Mukaddes Ruhnamada nygtalýar. Geçmiş bize geljekde gerek bolan durmuş paýhasyny toplamaklygy ündeýär. Öňki durmuşdan, bolup geçen wakalardan many almak, netije çykarmak üçin, şöhratly aslyňa buýsanyp, ertire ynamly gadam urmak üçin ata-babalarymyzyň bize galdyran ruhy mirasy edil gözel tebigatyň arassa howasy ýalydyr. Ol ýazuw gymmatlyklarynyň arasynda adamzat geljegine bähbitli bolan, käteler pälimizi peseltýän, käteler göwnümizi göterýän, yhlasymyzyň sarp edilmeli ýerlerini salgy berýän, durmuşyň ähli ugruna dahylly ýazgylar, pelsepeler, hakykatlar bar. Her döwrüň nesli

şeýle mazmunly kitaplaryň ruhunda terbiýelenip gelýär. Şonuň üçin hem türkmen halky özüniň beýikligini bakylyk bilen baglap bilen halkdyr.

Biziň ruhy baýlyklarymyz - tükeniksiz gory bolan hazyna. Ýöne bu hazynalar dürli ykbal, dürli ýol bilen alyslara äkidilipdir. Garaşsyzlygy alanymyzdan soň Beýik Serdarymyzyň atalyk aladasy netijesinde ýat ülkelerde galan ruhy hazynalarymyzy agtarmak, tapmak we Ata Watanymyza getirmek üçin ähli mümkinçilikleri döredildi. Ýazuw gymmatlyklarymyzy ylmy esasda öwrenýän «Miras» merkeziniň we Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan milli golýazmalar institutynyň alymlary dünýäniň ençeme ýurtlarynda ylmy saparlarda boldular. Olar häzirki güne çenli öz mirasdüşer nesillerinden gizlenip goýlan taryhy eserlerimiziň köpsanlysynyň üstüni açdylar. Müňýyllyklaryň ajaýyp eserleriniň disk, mikrofilm we surat nusgalaryny Ata Watanymyza getirdiler. Daşary ýurtlara gurnalan bu ylmy saparlar köpsanly türkmen alymlarynyň edebi mirasynyň täzeden öwrenilmegine sebäp boldy. Şolaryň arasynda taryhda öçmejek yz galdyran türkmen alymlary, ýazarlary Patşa Hoja, Omar Çagmyny Horezmi, Muhammet Gaýmaz Türkmen, Ýusup ibn Gyzogly, Aýbeg Safady, Ýusup ibn Taňryberdi, Reşideddin Watwat, Bedreddin Bektut, Ýadygär ibn Şerif, Moglataý ibn Gylyç, türkmen şahyrlary we akyldarlary Nagyşbendi, Muhammet Lälezary, Janpolat ibn Dumanbaý, Ýahýa Derwüş ýaly ýene birnäçe şahsyýetlerimiziň eserleri arap, pars dillerinden terjime edildi. Köne türkmen dilinden häzirkizaman dilimize geçirildi. Terjime edilen eserler bu ýerde has-da timarlanyp, ile-güne ýetirilýär. Taryh meýdanynyň uçgyraksyz, oýlanma örüsiniň gözýetimsiz, paýhas ummanynyň kenarsyz bolşy ýaly geçmiş mirasymyz hem barmak büküp sanaljak eserler bilen çäklenmeýär. Bu ugurda zähmet çekýän her bir adam Mukaddes Ruhnamanyň salgy berýän ýoly bilen

dünýäni, durmuşy görmäge çalyşýar. “Medeni miras- bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr» diýip, Beýik Serdarymyz nygtaýar.

Dünýäniň islendik iri kitaphanalryna baranyňda taryhy şahsyýetlerimiziň haýsy hem bolsa bir eseriniň üstünden hökman baryp bolýar. Şeýle nesibesi bolan alymlarmyzyň hatarynda Abu Nasr Faraby Türki, Abu Reýhan Biruny, Mahmyt Zamahşary, Muhammet Gaýmaz Türkmen, Omar Çagmyny ýaly ägirtlerimizi sanap bolar. Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň uly-uly kitaphanalryndan şu şahsyýetlerimiziň haýsydyr bir eserini hökman tapyp bolýar. Olaryň her biri ellä golaý we ondanam agdyk eser döreden türkmen alymlarydyr.

Musulman galkynyşy döwründe özüniň ajaýyp eserleri bilen taryhda öçmejek yz galdyran şöhratly ejdatlarymyzyň biri Abulkasym Mahmyt ibn Omar Zamahşarydyr. Mahmyt Zamahşary diňe bir musulman dünýäsiniň däl, ähli dünýäniň ylmyna uly goşant goşdy.

Mahmyt Zamahşarynyň edebi we ylmy dünýäsini öwrenmek üçin onuň öz döwründe we şonuň yzysüre ýazylan çeşmeler bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Şol döwürde ýazylan ylmy eserlerde, diwanlarda, kyssalarda we beýleki edebi ýazgylarda söz mülküniň ussady bolan Mahmyt Zamahşary hakda ýatlap ötmek uly mertebe bolupdyr. Hat-da Zamahşarynyň dini garaýyşlaryndan nägile bolan käbir alymlar hem onuň söz ussadydygyny, beýik alymdygyny we danadygyny ykrar edipdirler. Zamahşarynyň edebi we ylmy mirasy diňe biziň bu günümizde däl, eýsem şol döwürlerde hem örän ürç edilip öwrenilipdir. Asyrynda ylmyň ussady, alymlaryň ymamy,

Horezmde edebiň we edebiýatyň Käbesi hasaplanan türkmen alymy Mahmyt Zamahşary hakda biz nämeleri bilýäris?!

Her bir alymyň ylym we ruhy dünýäsine aralaşmak üçin ilkinji nobatda onuň terjimehalyna, boý alan älemine, kemala gelen döwrüne we dünýäsine ser salmak wajypdyr. Musulman äleminiň algyr söz ussady, arap dili we edebiýaty boýunça öz döwründe galdyran yzy we ady bilen şu wagtlaram hormat bilen ýatlanylýan, keramatly Köneürgenç topragynda kemala gelen türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň eserleri alymyň öz terjimehalyny we onuň maşgalasyna degişli maglumatlary öwrenmekde tapylgysyz çeşmedir. Her bir şahsyýetiň, alymyň ömür beýany öwrenilende onuň döwründe ýa-da onuň yzysüre ýaşap geçen alymlaryň terjimehally we taryhy eserlerinden, ýa-da şol alym bilen ýüzbe-ýüz bolan jahankeşdeleriň galdyran maglumatlaryndan anyklap bolýar. Emma şeýle ýazgylaryň, maglumatlaryň ýok ýerinde bu zatlary öwrenmegiň ýeke-täk çeşmesi – alymyň öz ýazan, miras galdyran edebi ýadygärlikleri uly tutarykdyr.

Ibn Hallikanyň we beýleki alymlaryň eserlerinde köplenç halatda şol bir maglumatlar gaýtalanyp gelýär. Olardan mälim bolşuna görä, Mahmyt Zamahşary 468-nji hijri ýylynda (1075-nji milady ýylynyň Nowruz aýynyň 19-nda), seljuk soltany Mälikşanyň hökümdarlyk edýän döwründe Horezmde dünýä inýär. Ol häzirki Görogly etrabynyň Yzmykşir (Zamahşar) obasydyr. Mahmyt Zamahşary dogduk diýary hakda:

«Gül goýnunda seýran etdim, arzuwlap mekan tutanym
Görenleri haýran etdi, Horezm – ata watanym»

diýip ýazýar.

Şol wagt wezir Nyzamylmülküň hem ylma we alymlara uly hormat bilen garan döwri bilen ýatlanylýandyr. Mahmyt Zamahşary hakda maglumat berýän taryhy çeşmeleriň hataryna «Al-Muhteser fi ahbaryl-beşer» eseriniň II jildini, Ýakut

Hamawynyň «Mugjemul-udeba» eseriniň 19-njy jildini, Samanynyň «El-Ensab» eseriniň 6-njy jildini, «El-Lubab fi tehzibil-ensab» eseriniň birinji jildini, Yzzeddin ibn Esiriň «Kämil taryh» eseriniň 11-nji jildini, Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Taryhdaky musulman döwletleri» atly eseriniň II jildini, Ýusup ibn Taňryberdiniň «Müsür we Kair patyşalygyndaky röwşen ýyldyzlar» eseriniň 5-nji jildini, Ibn Kazy Şühbäniň «Tabakat an-nuhat wel-lugawiýýin» eserini we ýene birnäçe eserleri ýatlap bolar. Alymyň doly ady Abulkasym Jarulla Mahmyt ibn Omar ibn Ahmet Zamahşary Horezmidir. Zamahşarynyň kakasynyň ady Omar, atasynyň ady Ahmetdir. Emma, ýokarda nygtaýşymyz ýaly alymyň ata-babalary hakda çeşmelerde maglumatlar ýok diýen ýaly.

Zamahşarynyň ýaşlyk döwri hakynda bar bilýän maglumatymyz onuň pukara we halalhon hem-de dindar, takwa maşgalada önüp-ösenligidir. Onuň kakasy takwa we halalhon ymam bolupdyr, wagtynyň köpüsini Kuran okamak, parzlary bitirmek we ýagdaýyna görä ylym öwrenmek bilen geçiripdir. Muňa Zamahşarynyň: «*Ol takwalyk bilen geçiren günlerinde bagtyýarlygy görmedi, Dünýä malyna nebsewürlik bilen topulyp aldanmady. Gündiz agyz bekledi, gijelerine ybadat etdi, ýöne şondada edil Allanyň gazabyna uçraýjak ýaly Ondan gorkuly gezdi*» diýen sözleri mysal bolup biler. Zamahşarynyň kakasy ýagşy gylyk-häsiýetli, süýji sözli, garypdygyna garamazdan belent adamkärçilikli bolupdyr. Şonuň üçin Zamahşary kakasyny şeýle sözler bilen suratlandyrypdyr:

«Bagtyýar ömür sürerdim, kakam söýerdi apalap,
Köp zatlar gürrüň bererdi, gara başymy sypalap.

Aýdardy haýyr getiren, asman hem zemin arada,
Bermekileriň bitiren, ýagşy işleri barada.

Aýdardy durlap nepesi, arap şan-şöhraty hakda,
Alawylaryň paýhasy, gujur-gaýraty hakda».

*Kakam maňa öwüt aýdyp, aňla diýdi seri-haýry.*

Zamahşarynyň ejesiniň hem takwa, halalhon adam bolandygyny ol hakdaky maglumatlardan, gürrüňlerden kesgitläp bolýar. Ol öz aýagynyň döwülmegini hem ejesiniň gargynjy zerarly hasyl bolandygyny, çünki çagalykda bir serçäniň aýagyny döwendigini öz eserlerinde ýatlapdyr:

«Çagalyk güýmenjesine gyzygan Zamahşary bir gün oýnamak üçin tutan serçesiniň aýagyna ýüp daňýar. Serçe hem onuň elinden sypyp, bir diwaryň deşigine girýär. Mahmytjyk guşy çykarmak üçin ýüpüň ujundan çekýär. Şol wagt guşuň aýagy üzülýär. Muny gören ejesi oglunyň garagollygy sebäpli guşuň başyna gelenlerine gynanyp: «Serçäniň aýagyny üzüşiň ýaly, Alla hem seniň aýagyňy üzsün!» diýip, gargyş edýär. Enäni ynjydan Zamahşary ýaş wagty aýazly howada galyp, aýagyny doňdurypdyr. Soňra onuň aýagyny dyzyndan kesmeli bolupdyr. Zamahşary ejesiniň gargyşyny gynanç bilen ýatlap, munuň Allanyň ýazgydydygyna ynanypdyr. Biz şu rowaýata esaslanyp Zamahşarynyň ejesiniň sözi ýerde galmaýan, dilegi kabul bolýan bir hudaýhalar maşgaladygyny kesgitläp bileris.

Ol özüniň aýagynyň agsakdygyna ters düşünmezlikleri üçin, munuň hut aýazly howa sebäpli bolandygyna birnäçe ynamdar adamlardan güwälik hatyny alýar. Horezmiň howasynyň sowukdygy barada şahyr şeýle diýýär:

Horezmiň sowugy güýçlüdir örän,
Diýer ony gören: «Dowzahdan dörän».

Biz Zamahşarynyň goşgy setirlerine we ol hakdaky rowaýatlar esaslansak, diňe onuň kakasy we ejesi hakda maglumat bilmek bilen çäklenýäris. Emma maşgalasynyň beýleki agzalary hakda hiç ýerde kelam agyz söhbet edilmeýär. Diňe onuň kasydalarynda Zamahşarynyň kakasynyň köpçagaly adamdygyny, çagalaryny eklemek üçin gije-gündiz agyr zähmet çekip, surnugýandygyny anyklamak bolýar. Taryhçy Ibn Esiriň[1] ýazmagyna görä Zamahşarynyň kakasy bize näbelli sebäplere görä zyndana atylanda, Zamahşary ony halas etmegi üçin Mueýýidelmülke uly kasyda bilen ýüzlenýär. Ol şol ýerde wezire ýüzlenip: «Mätäçleriň hajatyny bitirýän eý Mueýýidelmülk, Zaman seniň beýikligiň we yzzatyň öňünde dyza çökdi. Kakamyň entek ýaşdygy, mertebelidigi üçin oňa rehim et, Onuň ejiz çagalarynyň hatyrasyna oňa rehim et. Seň bu ýesire ýüregiň awasyn, eger iň doňýürek duşman hem munuň ýagdaýyny görse, ýüregi ýumşardy. Ukusyzlyk bilen geçirilýän gijeler iň uzyn gijelerdir, olaryň arasynda hem iň uzyny mätäçlik gijeleridir» diýip ýazýar.

Emma özdiýenli wezir ony azatlyga çykarmaýar. Zamahşary ylym yşkynda, maşgala gaýgysynda Buharada gezip ýörkä, kakasynyň ýogalandygyny eşidýär. Ol bu hakda «Diwanda» şeýle diýilýär:

«Zamananyň täsir-derdinden başga
Ataň ölmi ýaly ýas düşer başa.

Ataň-arkaň, özge garyndaşlaryň
Egniň, eliň seniň ýakyn-daşlaryň.

[1] Ibn Esir Abulhasan Yzzeddin Aly bin Abulkerem Muhammet Jezeri. Ol «Kämil taryh», «Mosul Atabegleri» ýaly birnäçe kitaplaryň awtory.

Olar bir agajyň kökleri misli,
Bir-birewe baglap goýandyr asly».

Ýa-da:

«Ömri gün mysaly ýaşan, gidişi deý ol pederiň,
Zadym alar mirasdüşer, ertir men mundan giderin» diýip ýazýar.

Zamahşarynyň ýaşlyk döwri we onuň ene-atasy, dogan-jigisi hakda şu setirlere esaslanyp, maglumat beräýmeseň, başga hiç bir çeşmede olar hakda kelam agyz aýdylmaýar. Zamahşarynyň özüniň öýlenmändigi, müjerret ötendigi hakda maglumatlar bar. Ol maşgala eklenji ylym almagyma päsgel berer diýen niýet we howatyrlanma bilen öýlenmekden ýüz öwrüpdir. Şonuň üçin ol öz goşgularyny, galdyran ylmy mirasyny öz ogly-gyzy, agtygy hökmünde görýär:

«Meşhur etdi döküp derin, çykan sözlerim lebimden,
Meniň oglum kitaplarym, şolar meniň matlabymdyr».

Her ata öz ýetişdiren dowamaty bilen, her döwür öz ýetişdiren nesli bilen beýgelýär. Zamahşarynyň öz ylmy mirasyna şeýle uly perzent söýgüsi hökmünde garamaga doly haky bar. Sebäbi ol şol ajaýyp eserleriniň üsti bilen eýýäm on asyryň içidir, ençeme nesilleri terbiýeläp gelýär.

Zamahşarynyň ylym dünýäsine gelişi hakda aýtsak, ilki bilen şol döwrüň syýasy-jemgyýetçilik ýagdaýyna ser salmagymyz zerur.

Zamahşarynyň ýaşan zamanasynyň öňisyrasy ol ýerde musulman araplaryň agalyk edýän eýýamyna, öz täsirini ornaşdyran döwrüne gabat gelýär. Ylym we edebiýat arap dilinde

ýöredilipdir. Munuň sebäbi hem Yslamdan öňki hökümdarlarynyň zulumyndan we agyr salgytlaryndan bez bolan horezmliler üçin araplaryň gelmegi we täze bir medeniýetiň ornaşdyrylmagy täze galkynyşlara esasy şert bolup hyzmat edipdir. Köpsanly taryhy we geografiki maglumatlara görä Horezm sebiti hijriniň 93-nji ýylynda ýaraşyk esasynda boýun egdirilipdir. Şol wagt musulman goşunyna Kutaýba ibn Müslim Bähili serkerdelik edipdir. Araplaryň agalygy döwründe Horezm welaýaty birnäçe bölekler bölünipdir. Her welaýata hökümdaryň öz dikmesi häkim bellenilipdir[1]. Horezmi ilki emewiler, soňra abbasylar dolandyrýar. Olardan soňra samanly, gaznawy we seljuk hesilşalyklary Horezmiň esasy hökmürowanlary bolupdyrlar. Seljuklylar döwründe Horezm sebiti ylmyň we medeniýetiň gülläp ösen derejesne ýetýär. Ylym, bilim, ekerançylyk, senetçilik ugrunda Horezm dünýäniň guwanjyna, şalaryň-soltanlaryň küýsegine öwrülýär. Horezm şol döwürde ýene bir artykmaçlygy bilen beýlekilerden has tapawutlanypdyr. Sebäbi şol wagtlarda dinleriň arasynda birek-birege sarpa goýmak hormaty, däbi Horezmde örän ýokary bolupdyr. Musulman jemgyýetiniň agdyklyk edýändigine garamazdan, isaýy (hristian) we yehudy dinlerine uýýan adamlar hem azlyk etmändir. Şeýle köpdürli medeniýetiň bir ojakda jemlenmegi bütin dünýä Köneürgenç-Horezm medeni galkynyşyny sowgat etdi.

Zamahşary garyp, dindar, ylmyň we bilimiň muşdagy bolan maşgalada önüp-ösýär. Bu hakda şahyr «Diwanynda» şeýle diýýär:

«Yhlasymy gönükdirdim dine men,
Bozulman saklandym şeýdip, diňe men.

---

[1] Ibn Esir “Kämil taryh», IV jilt, 569 sahypa.

Taňra ýakynlaşmak – wagtdan päkligi,
Päklikden däl, köpde munuň ýoklugy».

Zamahşarynyň ýaşan döwründe Merw, Balh, Nyşapur, Horasan, Sistan, Hyrat, Gürgen, Nusaý we Abiwerd şäherleri hem ösen ylmy merkezler bolupdyr. Ylmyň ösen şol derejesinde dünýä inen Zamahşary ýurtlaryň asuda, serhetleriň açykdygyna garamazdan, ylym ugrunda az muşakgat çekmeýär. Ol başlangyç bilimi kakasyndan – Omar ibn Ahmetden öwrenýär. Soňra kakasy ony beýleki alymlaryň ýanyna okamaga iberýär, bir tikinçiniň ýanyna şägirtlige bermekçi bolýar. Emma oglunyň okamak üçin ýalbaryşlaryna çydaman, Horezmiň bir medresesine okuwa ýollaýar.

Zamahşarynyň haýsy alymlardan nähili dersleri alandygy hakda çeşmelerde kanagatlandyryjy maglumatlar ýok. Emma onuň ylym dünýäsine girmeginde ilkinji mugallymy hökmünde döwrüniň dil, nahuw we tebipçilik ylmynda meşhur bolan alymlaryň biri, «Asryň ýeke-tägi» lakamly Abu Mudar Mahmyt ibn Jerir Dabbyny görkezip bolar. Zamahşary bu alymdan dil-edebiýat ylymlaryny okap, mugtezile mezhebiniň esaslaryny kabul edipdir. Dabby şägirdiniň aýratyn ukybyny we çuňňur zehinini görüp, oňa maddy we ruhy kömegi beripdir.Soňra bilimini artdyrmak üçin şol döwürde As-Sagalybynyň atlandyryşy ýaly “Medeniýetiň Käbesi» hasaplanan Buhara şäherine gidýär. Mugtezile alymlarynyň arasynda kemala gelen Zamahşary öz garaýyşlaryny beýan etmekde erkin garaýyşly we batyrgaý bolupdyr. Ol köpsanly şäherlerde ençeme ulamalaryň, pirleriň elinde sowat, bilim we ylym alyp, ussatlyga ýetişýär.

Zamahşarynyň çeper döredijilige, çuňňur pikirlenmelere bolan ukyby örän güýçli bolupdyr. Onuň dilewarlygy bolsa soňlugy bilen nakyllara siňip gitdi. Zamahşary öz gününi-güzeranyny aýlamak üçin şol döwrüň hökümdarlary bolan

seljuk soltanlaryny, onuň ynamdar wezirlerini, atly-abraýly adamlaryny taryplap, ençeme şygyrlar ýazýar. Olaryň her birine kasydalar ýazyp, edebiýat meýdanynda özüne tagt dikinýär.

Ol Nyzamylmülke bagyşlan bir kasydasynda öz adynyň şygyr we edebiýat meýdanynda eşidilip başlanandygyny nygtaýar. Zamahşary bu kasydasynda özi bilen Nyzamylmülküň arasyny baglaýan zadyň ylymdygyny nygtaýar. Ol ylmyny we ukyplylygyny öwüp, özüne laýyk wezipe berilmegini isläpdir.

«Nyzam ogly Nyzam wezirlik hakda,
Çeşmeden diýp, hadys aýdýar bu çakda.

Mynasyp Gündogar şasy bolmaga,
Başdan-aýak saýa salýar hemmäge».

Ýöne Nyzamylmülk Zamahşarynyň islegini kanagatlandyrmaýar. Alymlar-ulamalar, danalar-danyşmentler hem onuň ussatlygyny ykrar etse-de, Zamahşarynyň käbir jemgyýetçilik garaýyşlaryndan, pikirlerinden nägile bolup, oňa ýakyndan ýardam bermekden ýüz öwürýärler. Zamahşary bu illeri terk edip, bir Allany ýatlap, kalbyna teselli tapmak maksady bilen Käbä gidýär. Ol az pursatlygam bolsa, öz ildeşlerinden öýkeleýär:

«Kemsidýän öý, öý däl azat adamy,
Durmuş däldir bolmasa ol kadaly.

Çatma, çadyr dikip bir rahat ýerde,
Ýaşaryn hor bolup, galsam-da derde».

Zamahşary Mekge ýolunda hem ençeme şäherlerde düşleýär, ussat alymlar, şalar bilen söhbetdeş bolýar. Zamahşary-

nyň ylym durmuşynda Bagdatdaky Nyzamyýe medresesi we ol ýerdäki alymlar möhüm orny eýeleýär. Ol heniz Bagdada gelmänkä hem ylmy dünýäsinde uly abraýa eýe bolupdyr. Alym her gezek haj zyýaratyna barýarka we hajdan gelýärkä Bagdatda düşläp, alymlar bilen duşuşar eken. Olaryň ylmy çykyşlaryny diňläp, söhbetlerine gatnaşar eken.

Zamahşary Aly ibn Muzaffar Nyşapury bilen Abu Nasr Yspyhanydan edebiýat ylmyny, Abulhattap ibn Abulbattardan, Abu Sagyt Sakkanydan we şyhyl-yslam Abu Mansur ibn Nasr Harysydan hadys ylmyny, hanapy[1] fakyhy[2] we kazylaryň kazysy Abu Abdylla Muhammet ibn Aly Damaganydan hadys we fykh[3] ylmyny, Abu Sagadat Hibetulla ibn Aly Şerif ibn Şejeriden nahuw we edebiýat ylmyny, Mekgede ýaşan döwri Aly ibn Abdylla ibn Talha Ýagburydan «Sibeweýhiň kitabyny» öwrenipdir.

Onuň mugtezile akymyna eýerýändigine garamazdan, her baran ýerinde agyr-agyr mähelle-märeke onuň söhbetlerini, gürrüňlerini diňlemek üçin Zamahşarynyň ýanyna üýşer ekenler. Zamahşarynyň ylym dünýäsinde bitiren işleri gymmaty we ähmiýeti babatda çäksizdir.

Şol döwrüň ylmy çeşmelerine ser salanyňda Zamahşary hakda giňişleýin we gysgaça berilýän maglumatlar, onuň golýazmasynyň, eseriniň başynda-unwanynda ýazylýan jümleler Mahmyt Zamahşarynyň ylym dünýäsindäki ornuny-mertebesini we alymlaryň oňa beren bahasyny kesgitlemäge mümkinçilik döredýär. Mysal üçin diňe Zamahşarynyň hatyrasyna Köneürgençde işlemekligi özüne mertebe bilen Reşideddin

---

[1] Hanapy – sünni dört mezhebiň biri. Bu mezhep Abu Hanypa tarapyndan esaslandyrylýar. Abu Hanypanyň Ymam Abu Ýusup, Ymam Muhammet, Ymam Zufer ýaly meşhur talyplary bolupdyr.

[2] Fakyh – yslam hukugy (fykh) alymy.

[3] Fykh – yslam hukugy.

Watwat bu türkmen alymyny «Külli musulman ymmatyna berlen nygmat» diýip ýatlaýar. Ýakut Hamawynyň «Ýurtlaryň sözlügi» atly köpjiltlik eserinde Zamahşary hakda: «Ol tefsir, dil we edebiýat ylymlarynyň ymamy (iň öňde durýany), ylym ummany, mertebesi belent adamdyr. Ylmyň dürli ugurlaryndan söz açan ussat alymdyr» diýip belleýär. As-Samany bolsa: «Dil we edebiýat ylymlaryndan söz açylsa hökman Zamahşarynyň ady tutulardy» diýýär.

Meşhur taryhy şahslaryň terjimehalyny beýan edýän Ibn Hallikan «Tanymallaryň wepaty we döwürdeşleriň söhbeti» atly eserinde «Zamahşary ylmyň köp ugurlarynda öz döwrüniň ymamydy, ylmyna muşdaklar onuň ýanyna hatar-hatar barar durardy» diýip belleýär.

Alym Al-Kyfty bolsa onuň ylym meýdanyndaky ägirtligini ýatlap: «Zamahşary ähli ýerlerde we ähli döwürlerde öz döwri we ýaşan ýeri bilen mertebelendi. Şonuň döwründe Zamahşarynyň ylym ýyldyzyndan ugur alman, onuň akyl alawyna çoýunman ýazylan ýekeje-de ajaýyp goşgy ýa-da eser ýokdur» diýip belleýär.

As-Suýutynyň «Bugýat al-wugat» atly kitabynda «Zamahşary örän ylymly, beýik mertebeli, zehinlilikde deňsiz-taýsyz, akyllylylkda adygan adamdyr. Ylymyň her ugrundan sowatly alymdyr» diýip ýazmagy hem takyk berlen bahadyr.

Her bir alymyň ussatlygyny, ägirtligini ýazan işleri bilenem, ýetişdiren şägirtleri bilenem göz öňüne getirip bolýar. Mahmyt Zamahşarynyň öwüt-ündewleri, dersleri Horezmde, Horasanda, Yrakda we Hyjazda uly gyzyklanma bilen diňlenipdir. Onuň birnäçe ýurtlarda talyplary hem bolupdyr. Alymyň mekdebini, ýoluny ýöreden talyplarynyň meşhurlary şulardyr: Abu Amr Amir ibn Hasan Sammar; Abulmahasyn Ysmaýyl ibn Abdylla Tewili; Abulmahasyn Abdyrahym ibn Abdylla Bezzar; Abu Sagt Ahmet ibn Mahmyt Şaşy; Abu Tahyr Saman ibn

Abdylmälik Fakyh; Muwaffak ibn Ahmet Mekki Horezmi; Aly ibn Muhammet Amarany Horezmi, Abulfazl Muhammet ibn Abulkasym ibn Baýjuk Bakkal Horezmi; Abu Ýusup Ýakup ibn Aly ibn Muhammet ibn Japar Balhy; Mekgäniň emiri Aly ibn Isa ibn Hamza ibn Wehhas.

Şeýle hem Reşideddin Watwat, Mahmyt ibn Abdylmälik Balhy, Abu Tahyr Ahmet ibn Muhammet Silefi Zamahşarydan pata alypdyrlar.

## ZAMAHŞARYNYŇ ESERLERI

Mahmyt Zamahşary dil (lugat), garmmatika (nahuw), şygryýet, kyssa, aruz[1], ritorika, tefsir, hadys, kelam, fykh, geografiýa degişi eserleri bilen meşhurlyga eýe bolan türkmen alymy. Onuň eserlerinde pelege we ýyldyzlara degişli maglumatlar, soltanlara we emirlere nesihatlar, alymlaryň hormaty, pespäl, sabyrly bolmaklaryna degişli maslahatlar, halka öwüt-ündewler bar. Alym kitaplarynda mydama akyl we mantyk[2] ýoluny tutupdyr, özüne mahsus pikiri beýan ediş usulyny ulanypdyr. Alymyň altmyşdan agdyk eserleri bize mälimdir.

1. «El-Keşşafu an hakaýyky gawamyzyt-tenzil we uýunel-ekawyl fi wujuhit-tewil». («Düşündirş esasynda inderileniň (Gurhanyň) maksatlarynyň hakykatlaryny we aýdylanlaryň çeşmelerini düýpli açyp görkeziji»). «Keşşafa» talhyslar[3], şerhler[4], haşyýalar[5], taglykalar[6] we hamyşlar[1] ýazylypdyr.

---

[1] Aruz – goşgularyň bogun sany boýunça iş salyşýan edebiýat ylmy.
[2] Mantyk – logika, akyl ylmy.
[3] Talhys – gysgaltma.
[4] Şerh – düşündiriş.
[5] Haşyýa – kitabyň düşündirine girizilen goşmaça düşündirişler.
[6] Taglyka – aýratyn kitap hökmünde ýazylyp goşmaça edilen bellikler, ýazgylar.

2. «Nukatul-agrap fi garybyl-igrab fil-kuran» («Gurhanyň arapça bolmadyk sözleriniň düşündirişinde fleksiýa bellikleri»).

3. «Muhteserul-muwafaka beýne ählil-beýti wes-sahaba» («Pygamber neberesi bilen sahabalaryň arasyndaky ýakynlyk» atly kitabyň gysgaltmasy). Hadys meselesine bagyşlanyp ýazylan bu eseri Zamahşary Abu Sagyt Ysmaýyl ibn Aly Samman Razynyň şu at bilen atlandyran kitabynyň gysgaldylmasydyr.

4. «El-minhaj fi usuliddin» («Fykh usulynda maksatnama»).

5. «Mugjemul-hudud» («Şerigat jezalarynyň meseleleriniň sözlügi»).

6. «Ruusul-mesail fil-fykh» («Fykh ylmynyň meseleleriniň başlary»).

7. «Zalletun-naşid wer-raid fil-faraiz» («Gözleýjiniň azaşmagy we parzlarda terbiýeleýji»).

8. «Menasikul-haj» («Haj dessurlary»).

9. «Şerhu muhteserul-kudury» («Muhteserul-kudury» atly esere düşündiriş).

10. «El-mufassal fin-nahuw» («Nahuwda pasyllara bölüji»). Bu eserde at, işlik, ownuk bölekler we manydaş sözler beýan edilýär. Kitap 4 bölümden ybarat.

11. «El-unmuzeç» («Nusgalar»).

12. «El-Muhajat we mutemmem mehammi erbäbil-hajat fil-ehaji we eglutata fin-nahw» («Nahuw meselelerini sorag-jogap görnüşinde beýan edýän eser»).

13. «El-mufred wel-muellef» («Sada we goşma sözlem»). Nahuw ylmyna degişli kiçi eser.

14. «Mesele fi kelimetiş-şehada» («Lä ilähe ilalla» sözüniň

---

[1] Hamiş - kitabyň sahypalarynyň gyrasyna edilen bellikler, ýazgylar.

sintaksis derňewine degişli eser).

15. «El-emäli fin-nahuw» («Nahuwda umyt»).

16. «Sahyhul-arabiýa» («Arap diliniň dürs sözlenişi»).

17. «Esasul-belaga» («Belagatyň esaslary»).

18. «El-fäik we nesimur-raik fi garybyl-hadys» («Hadyslardaky düşünilmegi kyn bolan sözleri düşündiriji sap şemal»). Hadys metinlerindäki düşünilmegi kyn bolan sözleri düşündirýän, elipbiý tertibine görä, sözlük görnüşinde taýýarlanan eser.

19. «Kitabul-emkine wel-jibäl wel-miýah» (Suwlar, daglar we ýerler hakynda kitap). Taryhy we geografiki sözlük görnüşinde taýýarlanan.

20. «Mukaddimetul-edep fil-luga» («Arap diline giriş edebi»). Kitap «atlar», «işlikler», «ownuk bölekler», «ýöňkemeler», «zamanlar» atly bäş bölümden ybarat.

21. «Jewahyrul-luga» («Söz göwherleri»).

22. «Kitäbul-esmä fil-luga» («Sözlükde atlar kitaby»).

23. «Kitabul-ejnäs» («Jynslar kitaby»).

24. «Mugjemul-araby-farysy» («Arapça-parsça sözlük»).

25. «Newabygyl-kelim» («Paýhasly sözler»).

26. «Etwäkuz-zehep fil-mewagyz wel-hutap» («Wagyzlarda we hutbalarda altyn halkalar»). Bu kitap öwüt, hikmet we gözel ahlak möwzuklarynda çeper we kyssa görnüşinde ýazylan 100 sany makaladan ybarat.

27. «Makamat» («Öwüt-ündewler»). Bu eseriň başga bir ady »En-nesaihul-kibar» («Uly nesihatlar»).

28. «Rabigul-ebrar we nususul-ahbar» («Ýagşyzadalaryň bahary we habarlaryň beýany»). Kitap şygyr bilen kyssa utgaşdyrylyp ýazylan togsan sekiz bapdan ybarat.

29. «El-mustaksa fil-emsäl» («Nakyllary derňeýji»). Kitap 4461 sany gadymy arap nakyllaryny öz içinde jemleýär.

30. «Egjebul-ajap fi şerh lamiýetil-arap» («Lamiýetul-arap» atly kitaba ajaýyp düşündiriş). Kitapda Şanfaranyň «Lamiýetul-arap» atly meşhur kasydasy düşündirilýär.

31. «Diwan».

32. «Nuzhetul-mutenus» («Dostlukly gezelenç»). Kitap çeper hekaýatlary, şygyrlary, hadyslary we käbir edebi parçalary içine alýar.

33. «Ed-durrud-dairul-muntehap fi kinaýat we istigarat we teşbihatil-arap» («Arap edebiýatynyyň aňlatma söz öwrümi, metafora we meňzetme usulynda saýlanylyp alnan tegelek dür»).

34. «Mersiýe li Abu Mudar» («Abu Mudara elegiýa»).

35. »El-kasydetul-baguziýe» («Çybyn barada kasyda»).

36. Kasydetun fi sualil-Gazzaly an julusillähi alel-arş we kusurul-maryfetil-beşerie («Allanyň arşda oturmagy meselesi we adamzadyň ony bilmeginiň bolup bilemejekdigi barada Ymam gazalynyň soraglaryna jogap»).

37. «El-keşfu fil-kyragat» («Okamagyň usulyýeti»).

38. «Diwanu-hutab» («Hutbalar diwany»).

39. «Diwanur-resaýyl» («Risalalar diwany»).

40. «Diwanut-temessul» («Meňzetme diwany»).

41. «El-muntahab min zalletun-naşid» («Zalletun-naşid» atly eserden saýlama).

42. «Nesaýyhul-muluk» («Patyşalara nesihat»).

43. «Risalatun-esrar» («Syrlar risalasy»).

44. «Risaletul-mubkiýe» («Agylar risalasy»).

45. «Risalatun-nasyha» (Nesihat beriji risala).

46. «Sewäirul-emsäl» («Nakyllaryň bilezigi»).

47. «Şerhu ebýätil-keşşaf» («Keşşafyň» beýtleriniň düşündirilişi).

48. «Şerhu ebýäti kitäbi Sibeweýh» («Sibeweýhiň kitabynyň beýtlerine düşündiriş»).

49. «Tasliýýätuz-zarir» («Körlere güýmenje»).
50. «Zyýadatun-nusus» («Metinleriň artdyrylşy»).
51. «El-kystas fil-aruz» («Aruz ölçeginde terezi»).
52. «Hasaisul-aşeratil-kiramil-berera» («Jennet bilen buşlanan on şahsyýet» diýlip tanalýan on sany sahabanyň terjimehaly).
53. «Şakaýykun-nugman fi menakybyl-imam Abu Hanyfa» («Ymam Agzam Abu Hanypanyň aýratynlyklaryny beýan edýän «Nugmanyň mertebesi»).
54. «Şafygyl-yý min kelämiş-Şafygy» («Ymam Şapygynyň sözlüginden derde şypalar»).
55. «Muteşäbihu esämir-ruwat» («Hadys rowaýatçylarynyň atlarynyň arasyndaky meňzeşlik»).
56. «Makalat» («Makalalar»).
57. «Aklul-kulli» («Külli akyl»).
58. «Talabetul-ufat fi şerhit-tasarrufat» («Tasarrufatyn» düşündirişinde saglyk islemek).
59. «Esäsut-takdys» («Mukaddesligiň esaslary»).
60. «Esrarul-mewazyg» («Mowzuklaryň syrlary»).
61. «Fususun-nusus» («Metinleriň gaşlary»).
62. «Kelimätul-ulala» («Ulamalaryň sözleri»).

Şu kitaplaryň sanawyndan hem belli bolşy ýaly Mahmyt Zamahşary dünýä edebiýatyna, ylymyna ölmez-ýitmez miras goýan alymdyr.

## ZAMAHŞARYNYŇ «DIWANY» HAKYNDA

Mahmyz Zamahşary şygyrýet dünýäsinde özüni ussatlyk bilen tanadan klassyk şahyrdyr. Ol edebiýatyň derwaýys teoretik meselelerini beýan edýän işleri hem ýazypdyr. Muňa alymyň «Keşşafyň goşgularyna düşündiriş», «Aruz ölçeginde

terezi», «Sibeweýhiň kitabynyň beýtlerine düşündiriş», «Abu Muzaryň ölümine bagyşlanan mersiýe» ýaly işleri degişlidir. Edebiýatdaky ussatlygy üçin şahyr «Horezmin edebiýatynyň Käbesi» diýen hormatly tahallusa mynasyp bolýar. Şahyr «Diwanynda» bu hakda

«Ynsan, kämilsiň, ýokdur kem, hormatly hem ezizsiň sen!
Horezminde edebiň hem edebiýatyň Käbesi men»
diýýär.

Zamahşarynyň döreden ajaýyp şygyrlardan ybarat «Diwanynyň» golýazma nusgalary dünýäniň dürli ýerlerindäki kitaphanalarda saklanylýar. Şeýle nusgalaryň biri Milli medeniýet «Miras» merkezi tarapandan Müsür Arap Respublikasyna gurnalan iş sapary wagtynda Kairiň milli kitaphanasyndan tapyldy we onuň surat nusgasy Türkmenistana getirildi. Bu «Diwanyň» ýene bir nusgasy Türkiýede Stambulyň Süleýmaniýe kitaphanasynda Aşyr ependi kolleksiýasynyň 330-njy bukjasynda saklanýar. Diwan 240 sahypadan ybarat.

«Diwanyň» özi hakdaky söhbetimize geçmezden ozal, onuň arap edebiýatyndaky ornuna garalyň. Mahmyt Zamahşary arap edebiýatynyň iň çeper sözli, suhangöý bilbili hasaplanýar. Onuň ajaýyp jümleler bilen ýazan setirleri bir okanyňda maňzyňa batýar. Emma her bir nepisligiň aňyrsynda görer gözden gizlin ýatan inçelikler we aňlamakda döreýän kynçylyklar bolýar. Zamahşarynyň «Diwany» arap dilli edebiýatyň iň çylşyrymly eseridir. Zamahşary arap sözlerini şeýle bir ussatlyk bilen ulanypdyr welin, hat-da arap alymlarynyň özleri hem onuň sözlerine doly we dogry düşünmek üçin, «Arap diliniň düşündirişli sözlüklerinden» peýdalanmaly bolupdyrlar. Mahmyt Zamahşarynyň edebi mirasyny derňän arap alymy Hind Hüseýin Taha «Horezm yklymynda arap edebiýaty» atly ylmy işinde Zamahşarynyň şygyr mirasyna, şol bir wagtda

onuň «Diwany» hakda ýörite bir bölüm bagyşlapdyr. Alym şol ýerde şeýle diýýär: «Zamahşarynyň ylmy-edebi mirasynyň biri onuň «Şygyrlar diwanydyr». Biz Zamahşarynyň diňe şu eserini göz öňünde tutubam, ony örän öndürijilikli işlän edebiýatçy diýip aýdyp bileris. Arap şygyrýetine ezberlik bilen çemeleşmesini onuň arap dilini suwara bilenligi bilen kesgitläp bolar[1]«. Alym ylmy söhbetiniň dowamynda Mahmyt Zamahşarynyň edebiýat meýdanyndaky ussatlygyny «Şygyrlar diwanynyň» üsti bilen açyp görkezipdir.

«Miras» merkeziniň alymlarynyň Müsür Arap respublikasyndan getiren golýazma nusgasy, siziň eliňizdäki kitaba esasy çeşme bolup hyzmat etdi.

«Diwanyň» başynda iki sahypadan ybarat giriş ýerleşdirilipdir. Soňra beýtler berilýär. Beýtler arap elipbiý harplarynyň tertibi boýunça bölümlere bölünýär. Sebäbi her bölümdäki beýtleriň kapyýasy şol bölümiň harplary bilen tamamlanýar. Mysal üçin «Elip harpy» bölümindäki kapyýalar diňe elip harpy bilen sazlaşýar. «Bi» bölüminiň kapyýalary «b» harpy bilen tamamlanýar, sazlaşýar. Bu umuman diwan sungatynyň özboluşly aýratynlygydyr.

Her sahypa 23 setirden, iki sütünden ybarat. Bir setir «mysrag» bolup, iki setir beýtdir. «Diwan» özünde jemi 4800-e golaý beýti jemleýär. Seýregrägem bolsa kitapda üçlemeler we bäşlemeler gabat gelýär. «Diwandaky» şygyrlar belli bir meselä bagyşlanmandyr, şygyrlar esasan hyýaldaky pikirler, dürüşdelerden ybarat. «Diwanda» şahyryň belli-belli şahslary taryplap ýazan aýry-aýry kasydalary, mysal üçin , «Soltan Sanjara bagyşlanan kasyda», «Horezmşalara bagyşlanan kasyda» we beýlekiler bar.

---

[1] Hind Hüseýin Taha «Horezm yklymynda arap edebiýaty», Bagdad, 1976 ýyl, 231 sah.

Zamahşary «Diwanyny» Mekgede ýaşan wagtynda ýazýar. Bu barada eseriň girişinde şeýle diýilýär: «Taňra sansyz şükürler aýtsam-da, men bende Onuň mynasyp waspyny ýetirmekden ejiz gelýärin. Şükranalygymyň uly alamaty hökmünde Mekgede Allanyň öýüne goňşy bolup ýaşamagy maksat edindim. Çünki beýle iş meniň göwnüme hoş geldi».

Şahyr «Diwany» Mekgäniň şol wagtky emiri, öz ýakyn dosty Abulhasan Aly ibn Hemze ibn Wahhasa bagyşlapdyr. Emiriň ady «Ibn Wahhas», «Ibn Isa» «Abulhasan», «Emir» görnüşinde «Diwanyň» içinden eriş-argaç bolup geçýär.

«Ýadaman kerem-höwürden, dosta-ýara ezizsiň sen.
Eý, Ibni Isa gadyrdan ýürekdeşsiň, ýalňyzsyň sen».

***

«Dilemek wajyp ekeni, dost üçin dileýän özüm.
Eý Taňrym Abulhasany penaňda saklawer özüň».

«Diwanda» ynsan durmuşy bilen baglanyşykly dürli meseleler şahyranalyk bilen beýan edilýär, ynsanperwerlik bolsa bu ýygyndynyň özenini düzýär. Şahyryň beýan eden meselelerine görä, «Diwanyň» tematikasyny şeýle bölmek mümkin:

1. Allatagala şükür etmek we her bir işde oňa bil baglamak.
2. Awtoryň öz durmuşynyň beýany.
3. Keramatly Mekgäniň emirini taryplaýjy kasydalar.
4. Hökümdarlary taryplaýan beýtler.
5. Hökämdarlara öwüt-nesihat beriji beýtler.
6. Watançylyk temasyndaky sygyrlar.

7. Ahlak päkligini wasp edip, bozuklygy ýazgaryjy goşgular.

8. Tebigat gözelliginiň waspy.

Bu «Diwanyň» ýazylanyndan bäri köp asyrlaryň geçendigine garamazdan, häzir hem onuň ähmiýeti pese gaçanok, tersine ol biziň günlerimizde özüniň birenaýy ruhy-edebi öwüşgini bilen göwünlerimizi awlaýar.

«Diwandan» Zamahşary baradaky iň ygtybarly maglumatlary hem tapmak mümkin. Onuň milletiniň türkmendigine degişli maglumaty bolsa dünýä alymlary ine şu iki setire esaslanyp, ykrar edýärler:

«Yhlasym gözledim külden, türklere ýumdum gözümi.
Wah, olaryň dillerinden, tapmarsyň «wepa» sözüni.

Günbatar we arap alymlary Zamahşarynyň şu sözlerine esaslanyp, onuň türkmen alymydygyny öňe sürýärler. Türkmen dilinde arap sözi bolan «wepa» sözüniň terjimesiniň ýokdugyny, bu diňe ol dili gowy bilýän adamyň öňe sürjek pikiridir diýip nygtaýarlar. Eger türkmen dilini bilmeýän bolsa onda «wepa» sözüniň türkmen dilinde ýokdugyny nireden bilsin diýen pikire uýýarlar.

Şeýle-de şahyr adynyň ebedi galmagyny arzuw edipdir:

«Men bendäniň zehinini kör etme,
Ylhamdanam bergin paýy, zar etme.

Geçse-de aradan döwir hem döwran,
Sen adymy ýat eýlegin her zaman».

Zamahşary her bir kasydanyň soňynda temany üýtgedip, ýa Emir Wahhasy ýa-da Horezm şalaryny wasp edipdir. Şahyryň Horezm şasy Atsyza bagyşlan kasydalary hem diýseň köpdür:

«Ol – Alla hormatlan bendeleň biri,
Horezm şa – şalar güni, köp nury».

* * *

«Fahryl-Magalynyň şährinde şu wagt,
Goňşy bolaýmasam ýokdur maňa bagt».

* * *

«Horezm öz şasynyň haýbaty bilen
Gujuryň-gaýratyň çür başyn alan».

* * *

«Oňa Ibn Kubat bilen Hurmuz hem,
Milt edip bilmeýär hiç wagt ýeke dem».

Şahyr Horezm şasy Muhammet ibn Arslana hem setir bagyşlapdyr:

«Sözlerim gussaly-ajy, sorasaň aýdaýyn nedir?!
Bu mersiýe yslam täji, Muhammet ibn Arslanadyr».

Seljuk türkmenleriniň hökümdary Soltan Sanjar hakdaky kasydasy hem bar:

«Sanjar dergähinde, her baýram, bilýän,
Yzy üzülmeýän ilçiler gelýär».

Zamahşarynyň şygyr diwanynda ünsüňi çekýän ýene bir zat onuň watansöýijilik setirleridir. Uzak ýerlerde ýaşap, Watan söýgüsiniň nämedigini gowy göz ýetiren Zamahşary Watany şeýle taryp edipdir:

«Taňrym, bagtyýarlyk şöhlesin saçgyl,
Rehmet et, Horezmiň bagtyny açgyl!»

* * *

«Goýup men Gürgenji gijäň teýinde,
Jeýhuny gizledim dünýäň tümünde».

* * *

«Eger Horezmde irkilsem sähel,
Gözlerim ukudan ganýar şol mahal».

Zamahşary Käbä baryp, haj parzyny bitireninde hem, ol ýerde «Allanyň goňşusy» bolup oturanynda hem, öz ilini, dogduk diýaryny ýatlap, köp goşgular ýazýar. Ýöne Zamahşarynyň Watan küýsegi öz erkine goýmaýar. Mekgede iki ýyllap ýaşandan soňra:

«Ynan oda düşýän diňe, Watan küýseýär bu ýürek.
Diýýän köşeş beýdip saňa çapalanmak nämä gerek».

diýýän Zamahşary Mekgede uzak saklanman Horezme-Köneürgenje dolanýar. Zamahşary Watanyny höwesläp ýazan:

«Magryp-maşrygynda beýik Allanyň,
Iň söýgüli ýerdir dogduk mekanym»

diýen sözlerinden soňra ýurduny görüp, kalbyna ynjalyk tapýar. Emma Allanyň öýünden daşlaşanlygy muňa ýeňil düşmeýär.

«Mekge bilen öwrenişmek ýeňil däl,
Hoşlaşmaňam agyrlygy çeniň däl».

Zamahşary Horezmde az salym saklanansoň, ýene Käbä dolanýar. Mukaddes Mekge-Medinä sapara gitmek üçin ýola çykýar:

«Eý, beýik Biribar, sygynýan Saňa,
Ýene Mekgä sapar nesip et maňa!»

* * *

«Meni Mekge jülgesine, eý, Taňrym,
Ýetirgil, kän gelip kylaýyn tagzym».

Zamahşary Mekgä dolanansoň, bu ýerde iki ýyla golaý ýaşaýar. Ol şol döwürde «Watan» hem «Käbe» diýen iki sözüň, iki pikiriň arasynda ikirjiňlenip, çaýkanyp gezýär. Sebäbi Käbe Allanyň öýi, Horezm onuň öz öýi. Mahmyt Zamahşary dinini, ynanjyny-imanyny janyndan ileri tutsa-da, Käbä bolan sarpasy-sylagy hernäçe agdyk bolsa-da, bu hormat-sylag onuň Watanyna bolan söýgisini birjikde egismeýär. Ahyry Watan söýgisi Käbe söýgisinden üstün çykýar. Zamahşary Watanyny arzuwlap, Horezme dolanýar. Ol bu ýerde kalbyna hakyky ynjalyk tapýar. Uzak wagt geçmänkä hem bu toprakda baky aram tapýar.

Zamahşarynyň şygyr diwanlarynda, ähli eserlerinde Watan küýsegine degişli ýazan pikirleri, getiren setirleri onuň hut öz garaýyşlary ýa-da öz pikirine muwapyk gelýän garaýyşlardyr. Çünki diňe Zamahşary däl, islendik alym hem özüne nälaýyk gören garaýşyny öz eserine girizmez. Şu nukdaýnazardan alanyňda Zamahşarynyň Watansöýüjilik hakdaky garaýyşlary hem şu topragyň perzendi bolan her bir türkmen üçin aýratyn bir dünýädir.

Zamahşarynyň «Diwany» hakda, onuň tematiki aýratynlygy we köpdürlüligi hakda söhbet edere zat kän. Munuň şeýledigine bu «Diwany» okap bolanyňyzdan soňra her biriňiz anyk göz ýetirersiňiz. Şu ýerde möhüm bir zady ýatlap ötmegi özümize borç bilýäris. Ýokarda nygtaýşymyz ýaly,

Mahmyt Zamahşarynyň «Şygyrlar diwany» arap edebiýatynyň iň çylşyrymly we naýbaşy eseridir. Ol Garaşsyzlyk döwründe ýetişen ýaş türkmen alymlary tarapyndan ilkinji gezek arap dilinden terjime edildi. Bu gönüden-göni arap dilinden terjime edilen ilkinji diwan bolup durýar. «Ilkinji külçäniň külsüz bolmajakdygy» düşnükli zat. Emma muňa garamazdan bu «Diwanyň» üstünde işlän ýaş alymlarymyz özleriniň ähli ukyp-başarnygyny, halal zähmetlerini we gaýratlaryny siňdirip, köpsanly düşündirişli sözlükleri peýdalanyp, ajaýyp sözleri bilen araby-ajamy özüne bendi eden ildeşimiz Mahmyt Zamahşarynyň eserini öz ene dilinde ýaňlandyrdylar. Bu perzentleriň pederleriň öňündäki borjuny ödemekden bir nyşandyr.

Mahmyt Zamahşarynyň şygyrlar «Diwany» türkmen edebiýatynyň ylym we şygyr meýlisine getirlen nygmatdan doly täze bir saçak. Bu «Diwan» diňe bir Zamahşarynyň ussatlygyna göz ýetirmekde däl, eýsem onuň öwüt-ündewlerini gündelik durmuşymyzda peýdalanmak üçin, onuň päkize ruhy bilen nesillerimizi terbiýelemek üçin hem gerekdir.

***Rahmet Gylyjow,***
***Rahman Ilmämmedow***
Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras»
merkeziniň esasy ylmy işgärleri

## MAZMUNY

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň «Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy-edebi galkynyşy» atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara gutlagy....................3
Goşgular....................9
*Rahmet Gylyjow*, *Rahman Ilmämmedow* Horezminde edebiň hem edebiýatyň käbesi....................356

# Mahmyt Zamahşary

## Diwan

**Tehredaktor S. Soltanow**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa, G. Bäşimowa,**
**D. Karapetowa, M Jumaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 15.05.2007 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 24
Nusgasy 2 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №. -----
A 34032

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi,20.
Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi